

Reý Bredberi

# 451°F

*kagyzyň ýanýan gyzgynlygy

# Reý Bredberi

# 451ºF

Ynsanperwerlik, adamkärçilik, sylag-hormat, sowat, ylym, edep, ýürekdeşlik, dostluk, söýgi... Şeýle mizemez düşünjelre, adamzat gymmatlyklaryna, tebigatyň gözelligine, dünýäniň ajaýyplygyna okyjynyň ünsüni çekmek, olaryň gadyryny bilmäge çagyrmak üçin Reý Bredberi täsin usuly saýlap alýar. Ol «451ºF» atly romanynda şunuň ýaly gymmatlyklara atanak çekilen hyýaly dünýäni suratlandyrýar. Ýöne adamy ynsan diýen belent mertebesiniň sütünleri bolan şeýle gymmatlyklardan mahrum edip bolarmy? Kitabyň, ylmyň ýok ýerinde bagtly durmuşy gurup bolarmy?

Romanda şu hem şuňa meňzeş ençeme soraglara jogap agtarylýar.

1953-nji ýylda çap edilen bu romanda adamzadyň indi-indiler durmuşyna ornaşdyryp ýören tehniki tapyndylaryna gabat gelip bolýar. Şonuň üçin eser şu günem öz döwrebaplygyny ýitirmeýär.

Rus dilinden terjime eden Baýramgeldi ALIÝEW.

# I bap

## Ojak hem semender[1]

Ýakmak örän lezzetlidi. Oduň hemme zady ýalmap-ýuwudyşyna seretmegiň, olaryň garalyp, durkuny üýtgedişini synlamagyň aýratyn lezzeti bardy. Onuň elindäki pürkgüjiň misden ýasalan uçlugy gysyma mäkäm gysylandy, äpet ýylana çalymdaş şlang zäherli kerosini daş-töwerege pürkýärdi, çekge damarlary tirpildäp, elleri taryhyň gara-köýük bolan gat-gat sahypalaryny küle öwrüp, ot-ýalnyň hem ýykan-ýumranlygyň simfoniýasyny ýerine ýetirýän geň-taň dirižýoryň ellerine meňzeýärdi. 451-lik san bilen belgilenen demir papak çümre geýlendi, bolup geçmeli zatlar barada oýlananda, onuň gözlerinde mämişi alaw uçganaklaýardy. Ol ot pürkgüji işleden badyna, ýalyn agşamyň asman giňişligine gyzyl, sary, gara öwüşgin çaýyp, dyzmaçlyk bilen öýe tarap «okdurylýardy». Daş-töwerege sowrulýan gyzgylt uçgunlaryň arasyndan ýöräp barşyna, onuň çagalykdaky güýmenjesini ýatlasy gelýärdi, ýagny kepderi ganatlaryna çalymdaş kitap sahypalary heniz pasyrdap, eýwanda we öýüň garşysyndaky çemenlikde ýanyp kül bolýança, ujy horazsüýjülije çöpjagazy oda sokasy gelýärdi. Oduň alawyna ýokary galansoňlar, gurumdan ýaňa gap-gara bolan şemal olary uçuryp, allowarralara alyp gidýärdi.

Montegiň ýüzünde agras, gelşiksiz ýylgyryş doňup galypdy. Şeýle ýylgyryş adamyň ýüzüne ot çabrap, onuň awusyna dessine yza tesen wagty peýda bolýar.

Ol ýangyn bekedine gelende, aýna seredip, ýalyn çirkizip, garaört bolan ýüzüne özünden göwnühoş halda göz gypjagyny bilýärdi. Soňra eýýäm uka gidip barýarka-da, ol ýüzünde doňup galan şol ýylgyryşy duýar. Özüni bileli bäri bu ýylgyryş onuň ýüzünde hemişe-de bardy.

1 Semender — hažžyga meňzeş, ýerde-suwda ýaşaýan jandar.

* * *

Ol gara, ýaldyrawuk demir papagyny yhlas bilen süpürip, çüýe ildirdi, ýanyndanam brezent keltekçesini asdy. Lezzet bilen suwa düşündi, soňra adaty egin-eşigini geýensoň, ellerini jübüsine sokup, hiňlenip, ýangyn bekediniň ýokary gatyndaky meýdançany kesip geçdi-de, aşak düşülýän agzy gapakly ötüge sümüp gitdi. Iň soňky pursatda, betbagtçylyk gutulgysyz ýaly görnende, ol ellerini jübüsinden çykaryp, ýaldyrawuk bürünç syrygy alagada, typyp, aýagy aşaky gatyň sement düşemesine ýeteňkirlände saklandy.

Ol gijeki çola köçe bilen metro tarap ýöneldi. Sessiz, pnewmatik[1] otly ony öz goýnuna alyp, ýerasty ötügiň gowy ýaglanan turbasy bilen aýlanagada, ýyly howanyň güýçli akymy bilen, şäherýaka etraplaryň birine çykarýan, sary plitalar düşelen eskalatoryň öňüne eltdi.

Monteg hiňlenip, eskalator bilen gijäniň ümsümligine tarap ýokary galdy. Anyk bir zat barada pikirlenmän, asla hiç zat hakda oýlanman, öwrüme ýetdi. Emma öwrüme ýetmezinden öň, birdenkä bir ýerlerden gelen şemal onuň ýüzüne uran ýaly ýa-da biri adyny tutup gygyran ýaly, ädimini haýallatdy.

Ýyldyzlaryň şöhlesine ýagtylyp ýatan, öýüne eltýän öwrüme golaýlanda, ol indi ençeme gezekden bäri şunuň ýaly geň duýgyny başdan geçirýärdi. Göwnüne, öwrülmeziniň öň ýany ol ýerde biri duran ýalydy. Howa imisalalyk aralaşan dek bolýardy, kimdir biri bukulyp, edil onuň peýda bolmazynyň öň ýany dessine kölegä öwrülip, içinden geçirip goýberýän ýalydy.

Onuň burnunyň ýeňiljek hoşboý ys alýan bolmagy-da, göze görünmeýän biriniň öz ýylysy bilen howany ýyladyp duran ýerindäki gyzgynlygy ýüzüdir elleriniň hamy bilen duýýan bolmagy-da ahmaldy. Bu duýga düşünmek kyndy. Ýöne her gezek burçdan öwrülende, çola ýanýodanyň ak düşeginden başga zat göze ilmeýärdi. Diňe bir gezek näbelli kişiniň kölegesi otluk ýerden geçip giden ýaly boldy, emma ol çiňerilip, ýeke söz hem diýip ýetişmänkä, bar zat gürüm-jürüm bolupdy.

Bu gün bolsa Monteg şol ýerde ädimini haýalladyp, tas säginipdi.

1 Pnewmatik — gysylan howa bilen işleýän

Hyýalynda ol eýýäm burçuň aňyrsyndadyу, şol wagt hem çalaja şygyrdy eşitdi. Biriniň haşşyldysymyka? Ýa bolmasa ses-selemsiz gelip, garaşyp duran biriniň gymyldysynyň öwüsginimikä?

Ol burçdan öwrüldi.

Aýyň şöhlesine ýagtylyp ýatan ýanýodada şemal güýz ýapraklaryny kowalaýardy, oňa tarap gelýän gyz bolsa, göýä, ýeldir ýapraklar yzyndan iterýän ýaly, daş düşelen ýodadan ýöräp däl-de, typyp gelýäne meňzeýärdi. Gyz başyny çala egip, köwşüniň burnunyň ykjaýan ýapraklara degşine seredýärdi. Inçemikden solgun ak ýüzünde bilesigelijilik alamatlary, geň galmak duýgulary bardy. Synçylyk bilen daş-töweregine garaýan gözlerinden hiç zat sypmajak ýalydy. Egnindäki ak köýnegi ýele pasyrdaýardy. Monteg onuň elleriniň ädimleri bilen sazlaşykly her bir hereketini, kellesini galdyryp, ýanýodanyň ortarasynda, birnäçe ädimlikde duran adamy görende, ýüzüniň tirpildisiniň sesini eşiden ýaly boldy.

Olaryň depesinde sallanyşyp duran agaç şahalaryndan gury ýapraklar dökülýärdi. Gyz saklandy. Ol yza teserli göründi, emma oňa derek dykgat bilen Montege seretdi. Şonda, hamala, Montegden üýtgeşik bir hoş söz eşiden ýaly, onuň uçgun atyp, oýnaklap duran garamyk gözleri gülümsiredi. Emma Monteg onuň bilen diňe salamlaşypdy. Soňra gyzyň, jadylanan ýaly bolup, keltekçesiniň ýeňindäki semenderiň şekiline hem döşüne dakylan kaknus guşly nyşana seredip, doňup durşuny görüp, gürrüňe başlady:

— Siz täze goňşymyz bolsaňyz gerek?

— Siz bolsa... — diýip, gyz ahyrsoňy Montegiň hünärini aňladýan nyşanlardan gözüni aýryp dil ýardy. — Ýangynçy.

— Bu sözleri, birhili, geň äheňde aýtdyňyz-la.

— Men... men muny, hatda gözümi ýumsamam bilerdim — diýip, gyz ýuwaşja dillendi.

— Kerosiniň ysy gelýändir-dä? Aýalymam mydama zeýrenip ýörendir. — Ol gülüp goýberdi. — Ýuwup aýryp biljek gümanyň ýok.

— Hawa, ýuwup aýryp bolmaýar — diýen gyzyň sesinde howsala duýuldy.

Gyz ýerinden gozganmasa-da, Montegiň göwnüne ol öz daşyndan

aýlanyp, jübülerine deňeç emaý bilen çöwrüp kakyşdyrýan ýalydy.

— Kerosiniň ysy — diýip, Monteg ara düşen dymyşlygy bozdy. — Meniň üçin-ä ol, dogrusy, edil atyryň ysy ýaly.

— Dogrudanam, şeýlemi?

— Elbetde. Nämäni geň görýäňiz?

Gyz jogap bermezden öň, az salym oýlanyp durdy:

— Bilemok. — Soňra ol öýlerine tarap gözüni aýlady-da: — Menem siziň bilen gitsem bolarmy? Adym Klarissa Maklellan — diýdi.

— Klarissa... Meň adym bolsa Gaý Monteg. Onda, näme, gitdikmi? Gijäň bimahal çagy ýeke özüňiz bärde näme işleýäňiz? Ýogsa-da siz näçe ýaşyňyzda?

Adaja şemally gijede olar Aýyň şöhlesine kümüşsöw öwüsýän ýanýodadan barýardylar. Montegiň göwnüne, töwerek-daşdan erikdir ýertudananyň hoşboý ysy gelip duran ýalydy. Ol töweregine garanjaklap, munuň mümkin däldigine düşündi, sebäbi eýýäm güýz düşüpdi.

Hawa, bu zatlaň hiç biri ýokdy. Diňe gapdalyňdan ýöräp barýan, Aýyň ýagtysyna ýüzi gar ýaly öwşün atýan gyz bardy. Ol şu wagt gyzyň öz soraglaryna jaýdar jogap agtarýandygyny aňýardy.

— Hawa — diýip, gyz söze başlady. — Men on ýedi ýaşymda, özümem saňsarrak. Daýym bularyň ikisiniň biri-birine kybapdygyny aýdýar. Ol: «Eger ýaşyňy soraýsalar, on ýedi ýaşyňdadygyňy hemem saňsarrakdygyňy aýt» diýýär. Gije gezelenç etmek ýakymly, şeýle dälmi? Men daş-töwerekdäki zatlary synlap, olaryň ysyndan ganmagy gowy görýän. Käwagtlar, şeýdip, uzak gije gezmeläp, daň şapagyny garşylaýan wagtlarymam bolýar.

Olar biraz dymyp gitdiler. Soňra gyz:

— Bilýäňizmi, näme? Men sizden asla gorkamok — diýdi.

— Eýsem, siz menden näme üçin gorkmaly? — diýip, Monteg ör-gökden geldi.

— Köp kişi sizden gorkýar. Men ýangynçylardan gorkýar diýjek bolýan. Ýöne sizem beýleki adamlar ýaly ahyryn...

Ol gyzyň dury suwuň iki damjasy ýaly ýaldyrap duran gözlerinde öz şekilini gördi, hatda agzynyň töweregindäki ýygyrtlara çenli hemme zat mese-mälim görünýärdi. Gyzyň gözleri Montegiň

şekilini öz içine hemişelik gaplap alan melewşe ýantar bölejikleri ýalydy. Indi oňa seredip duran gyzyň meňzi birsydyrgyn, öçmez ýagtylyk saçýan näzik, solgun-ak kristala meňzeýärdi. Ol içiňden parran geçip barýan ýiti elektrik ýagtylygy däl-de, şemiň köşeşdiriji, öçügsi ýylpyldysydy. Bir gezek, heniz Monteg kiçijikkä, çyra sönüp, ejesi iň soňkuja şemi tapyp ýakdy. Şemiň ýanyp duran şol sähelçe wagty täsin açyşlaryň pursady bolupdy: dünýä özgerdi, giňişlik äpetligini ýitirip, olaryň göz aýtymyna çenli daraldy. Süňňünde geň-taň üýtgeşiklik duýan eneli-ogul elektrik çyrasynyň mümkin boldugyndan uzak wagtlap ýanmazlygyny çyn ýürekden diläp, ikiçäk oturypdy.

Birden Klarissa:

— Sizden bir zat sorasam bolarmyka?.. — diýdi. — Ýangynçy bolup işleýäniňize köp wagt geçdimi?

— Ýigrimi ýaşymdan bäri. Eýýäm on ýyl boldy.

— Siz, öňde-soňda, ýakýan kitaplaryňyzy okap görüpmidiňiz?

Ol güldi.

— Ony kanun gadagan edýär.

— Hawa-la... Elbetde.

— Ýangynçylyk o diýen ýaramaz pişe-de däl: duşenbede Edna Milleýiň, çarşenbede Witmeniň, anna güni Folkneriň kitabyny ýakmaly. Kül bolýança ýakyp, soňra külünem asmana sowurmaly. Biziň işimiziň şygary şeýle.

Olar ýene biraz ýöränsoňlar, gyz gaýtadan sowal berdi:

— Ýangynçylaryň öň, birwagtlar ýakman, eýsem, ody söndürendikleri dogrumyka?

— Ýok. Öýler mydama ýanmazak bolupdyr. Maňa ynanaýyň.

— Geň zat. Meniň eşidişime görä, bir säwlik bilen, öýleriň öz-özünden ot alan döwürleri hem bolupdyr. Şonda ýangynçylar ody söndürmek üçin gerek eken.

Monteg gülüp goýberdi. Gyz çaltlyk bilen oňa gabagyny galdyrdy.

— Siz nämä gülýäňiz?

— Bilmedim. — Soňra ýene güldi-de, birdenem dymdy. — Ýeri, näme?

— Men gülkünç zat aýtmasamam, gülüp dursuňyzla. Hemme

zada-da dessine jogap berýäňiz. Siz meniň beren soragym hakda düýbünden pikirleneňzok.

Monteg sägindi.

— Siz, hakykatdanam, örän täsin gyz — diýip, oňa siňňin seretdi. — Bolşuňyz asla gürrüňdeşiňizi äsgermeýän ýaly.

— Göwnüňize degmeg-ä islemändim. Belki, bu meniň adamlary synlamagy öte gowy görýänligimdendir.

— Şunuň manysyna düşünýäňizmi? — diýip, ol barmaklaryny goýy-gara keltekçesiniň ýeňindäki «451» diýen belgä degirdi.

— Düşünýän — diýip, gyz ädimini çaltlandyryp pyşyrdady. — Aýtsaňyzlaň, siz öň ho-ol ýerde, arasyna agaç nahallary oturdylan köçede, raketa awtoulaglarynyň myçyp barşyny synlapmydyňyz?

— Gepi başga ýana sowýaňyzmy?

— Olaryň sürüjileri otuň, gülüň nämedigini bilmeýän borly. Sürüjiler olary diňe ýokary tizlikde barýarkalar görýär — diýip, gyz gürrüňini dowam etdi. — Olara bir ýaşyl tegmili görkezseňiz, oňa ot diýerler. Gülgün tegmile — gülhana, aga — jaý, goňra — sygyr diýerler. Bir gezek daýym köçede sagatda kyrk mile ýeter-ýetmez pes tizlikde sürmekçi boldy. Ony tussag edip, iki gün sakladylar. Hem gülkiň tutýa, hem agyň.

— Siz aşa köp pikir edýäňiz — diýip, Monteg özüni oňaýsyz duýup gürledi.

— Men telegepleşiklere seýrek seredýän, awtoulag ýaryşlarynda bolamok, şowhunly seýilgählere gidemok. Şoň üçinem her hili bolgusyz pikirlere wagtym kän bolýar. Siz şäheriň daşynda, ýoluň ugrunda dikilen mahabat tagtalaryny gördüňizmi? Häzir olaryň uzynlygy iki ýüz fut. Eýsem, siz olaryň uzynlygynyň bary-ýogy ýigrimi fut bolan döwrüni bilýäňizmi? Häzir awtoulaglar ýoldan şeýlebir uly tizlikde geçýär welin, mahabatlary ulaltmaly boldy, ýogsa olary hiç kim okabam ýetişmezdi.

— Ýok, men muny bilemokdym — diýip, Monteg ýylgyrdy.

— Men welin, siziň bilmeýän bolaýmagyňyz ahmal bolan ýene bir zady bilýän: säher bilen otlara çyg düşýär.

Monteg muny öň bilenligini-bilmänligini ýadyna salmak isledi,

emma ony başarmansoň, gaharlanyp ugrady.

— Hana, hol ýere seretseň weli — diýip, gyz asmana tarap ümledi — Aýyň ýüzünde adamjygy görüp bolýar.

Montegiň asmana seretmänine esli wagt bolupdy...

Mundan aňryk olar dymyp gitdiler. Gyz-a oýa batyp barýardy, Montegem wagtal-wagtal oňa teýeneli nazar aýlaýardy, jany ýanýardy we gowuşgynsyzlyk duýýardy.

Olar Klarissanyň öýlerine ýetdiler. Penjireleriň hemmesini çyra ýagtyldýardy.

Monteg heniz ýaşalýan öýlerde munuň ýaly ýagtylygyň bolýandygyny görmänsoň:

— Bu ýerde nämeler bolýar? — diýip sorady.

— Hiç zat. Ejem, kakam hem daýym dagy gürleşip oturandyrlar. Häzir beýle ýagdaý, edil pyýada gezelenç eden ýaly, seýrek hadysa. Men size daýymy ýene bir gezek tussag edenlerini aýtdymmy? Hawa, pyýada gezelenç edeni üçin şeýtdiler. Görşüňiz ýaly, biz örän geň adamlardyrys.

— Ýogsa-da siz nämäň gürrüňini edýäňiz?

Gyz ýylgyrdy-da:

— Gijäňiz rahat bolsun! — diýip, öýlerine tarap sowuldy. Soňam bir zat güpbe ýadyna düşen ýaly kürtdürdi, ýene Montege golaý gelip, ýüzüne geň galmak bilen çiňerilip seretdi-de:

— Siz bagtlymy? — diýip sorady.

— Näme? — diýip, Monteg ör-gökden geldi.

Emma gyz eýýäm onuň garşysynda ýokdy — ol Aýyň ýagtysy düşüp duran ýodajykdan ylgap barýardy. Öýün gapysy ýuwaşlyk bilen ýapyldy.

* * *

— Men bagtlymy? Nähili bolgusyz sorag!

Monteg gülmesini bes etdi. Öýüniň gapysyndaky ýörite deşijige elini sokdy. Onuň barmaklary degenden, gapy açyldy.

— Elbetde, men bagtly. Başgaça bolubam bilmez. Ol, näme, men betbagtdyryn öýdýärmikä? — diýip, ol haňlap ýatan

boş otaglardan sorady. Daşky otagda onuň gözi howaçalşaryň gözenegine ildi. Birdenkä-de şol ýerde gizlenip goýlan zat ýadyna düşdi. Şol zat, hamala, oňa sereden ýaly boldy. Monteg çalasynlyk bilen gözenekden nazaryny sowdy.

Nähili geň gije hem täsin duşuşyk! Ol heniz beýle zada sataşyp görmändi. Bir ýyl mundan öň seýilgähde bir goja duşup, onuň bilen gürrüňdeşlik açanyny hasap etmeseň...

Monteg başyny ýaýkady. Ol çat maňlaýyndaky ýalaňaç diwara seredende, gözüne dessine gyzyň öz ýadynda galan owadan, hatda biraz täsinräk şekili göründi. Bu inçemik ýüz, gijäniň bir wagty oýanyp, sagadyň näçedigini biljek bolanyňda, garaňky otagyň içine çala ýagty saçyp, dilleri sagady, minuty, sekundy görkezýän gabarasy kiçeňräk sagadyň ýüzüni ýadyňa salýardy. Şol keşp hem gijäniň geçip barýandygyny, howa has garalýanam bolsa, tiz wagtdan ýene-de Günüň dogjakdygyny ynamly habar berýärdi.

— Bu nä boluş?! — diýip, Monteg wagtal-wagtal tabynlykdan çykyp, erke-de, endiklere-de, paýhasada boýun egmän, agzyna gelen zatlary ýaňrap ýören öz aňyndaky ikinji «meninden» sorady.

Ol ýene-de diwara seretdi. Gyzyň ýüzüniň aýna meňzäýşini diýsene! Akyla sygjak zat däl. Seniň hut öz ýagtylygyňy yzyna serpikdirip biljek başga tanaýanyň barmy? Adamlar... — ol deňeşdirer ýaly bir zatlary gözläp sägindi, soňam hünärini ýadyna salyp, tapdy — öçürilýänçä aldygyna lowlap ýanýan alawa meňzeýärler. Emma öz keşbiň, pynhan pikirleriň şekilini başga bir adamyň ýüzünde göräýmek örän seýrek duş gelýän hadysa.

Gör, bu gyz keşbini özgertmäge nähili ukyply eken! Ol Montege gurjak teatryndaky jadylanan tomaşaçy ýaly seredýärdi. Montegiň kirpikleriniň her bir gyrpyldysyny, eliniňdir barmaklarynyň her bir hereketini öňünden aňýardy.

Olar ýanaşyp näçe wagtlap ýörediler? Üç minutmy? Ýa bäşmi? Öz-ä juda uzak ýörän ýalydylar. Häzir gyzyň diwardaky şekili oňa äpet bolup görünýärdi. Gör, onuň çepiksije göwresiniň kölegesiniň uludygyny! Monteg özüniň gözi awuşasa, gyzyň gözüni gyrpjakdygyny, eger-de ýüzüniň hamy çalaja dartylsa,

gyzyň özünden öň pallajakdygyny duýýardy.

Onuň bilen duşuşyny ýadyna salyp: «Dogrudanam, ol gyz meniň şol ýere barjagymy öňünden bilip, şeýle bimahal wagt köçede ýörite garaşan ýaly...» diýip oýlandy.

* * *

Ol ýatylýan otagyň gapysyny açdy.

Göwnüne, Aý ýaşansoň, özüni mermer örtülen sowuk mazara giren ýaly duýdy. Gözedürtme garaňky. Daşardaky kümüş çaýylan ýaly dünýäden nam-nyşan ýok. Penjireler jebis ýapylansoň, otag uly şäheriň gohgalmagaly eşidilmeýän mazara meňzeýärdi. Emma otag boş däldi.

Ol diňşirgendi.

Çybynyň çala eşidilýän jyňňyldysy, amatly hem ýyljajyk öýjükde ýygşyrylan elektrik arynyň wyzzyldysy eşidilýärdi. Saz gowy eşidilensoň, ol onuň heňini-de aňşyryp bilýärdi.

Ol ýüzündäki ýylgyryşyň ýitendigini, ahyryna çenli ýanyp, ýere gaçyp sönen şem ýaly gaýyp bolandygyny duýdy. Tümlük. Garaňkylyk. Ýok, ol bagtly däl! Ol — betbagt! Monteg muny öz-özüne aýtdy. Ony öz ýanyndan boýun aldy. Ol bagtyny nykap ýaly göterip ýördi, emma şol gyz nykaby alyp, otluk meýdançanyň içi bilen gaçyp gitdi, indem onuň gapysyny kakyp, nykaby gaýtaryp bermegini sorap bolanok.

Ol çyrany ýakmazdan, otagy göz öňüne getirdi. Göze görünmeýän polat sapaklar bilen çekdirilen ýaly, gözleri petige dikilen, ýapynjasyz we mazarüsti heýkel ýaly sowuk aýaly düşeginde çäşerip ýatyr. Onuň gulaklaryna oýmak ýaly kiçijik radiodykylar gysdyrylypdyr, owazyň elektron ummany, sazlar hem sesler tolkun atyp, onuň çirim etmeýän beýnisiniň kenaryny ýuwýarlar. Ýok, otag boşdy. Her gije bu ýere sesleriň ummany kürsäp girägede, Mildrediň özüniň ýaýbaň ganatlaryna mündürip, hüwdüläp hem yralap, gözi açyk halda ýatyrka, ir sähere sary alyp gidýärdi. Soňky iki ýylyň dowamynda Mildrediň şu tolkunlar bilen ýüzüp gitmedik, gaýta-gaýta özüni oňa oklamadyk gijesi ýokdy.

Otag sowukdy, emma Monteg özüniň demigip ugrandygyny duýýardy. Ýöne ol perdeleri-de galdyrmady, eýwanyň gapysyny-da açmady — bu ýere Aý şöhlesiniň düşerini islänokdy. Häziriň özünde demigip ölmeli adamyňky ýaly duýgyny başdan geçirip, çen bilen açyk, ýalňyz hem sowuk düşegine tarap ýöneldi.

Ýerde ýatan bir zada aýagy degmeziniň öň ýany, ol hut şeýle boljagyny öňünden duýýardy. Bu duýgy onuň burçdan öwrülip, özüne tarap gelýän gyzy görendäkisi ýaly duýga meňzeşdi.

Onuň aýaklary öz hereketi bilen howada yrgyldy döredip, ugrunda bir päsgelçiligiň bardygyny duýdy-da, şol pursadam bir zada degdi. Ol zat bolsa tutuksy ses edip, tümlüge tarap pyzylyp gitdi.

Monteg gönelip, otagyň tüm-garaňkysynda düşeginde ýatanyň dem alşyna diň saldy. Çala jany bar ýaly, onuň demi zordan gelip gidýärdi — bu demiň ýelginine diňe kiçijik ýaprajyk, tozjagaz, saçyň ýekeje tary gymyldajakdy.

Onuň henizem daşarynyň ýagtysyny otaga salasy gelenokdy. Çakmagyny çykaryp, kümüş diskde oýulyp suraty çekilen semenderi tapdy-da, oňa basdy...

Eli bilen gabap duran alawynyň çala ýagtysyna oňa iki sany okara ýaly göz seredip durdy. Dury çeşmäniň düýbünde ýatan bu gözleriň üstünden bolsa, durmuş akymy birsydyrgyn akyp gidip otyrdy.

— Mildred!

Mildrediň ýüzi gar bilen örtülen ada ýalydy. Eger üstünden ýagyş guýsa-da, ol ony duýmazdy. Eger elmydama hereketde bolan bulutlar onuň üstüne kölegesini salsalar, ony-da duýmazdy. Hiç hili gymyldy ýok, dym-dyrslyk... Diňe Mildrediň gulaklaryna jebis dykylgy arylaryň — dykylaryň wyzzyldysy, doňup galan nazar, çala duýulýan demiň gelip-gitmesi hemem islendik pursatda bularyň-da tamamlanjakdygyna bolan doly biparhlyk.

Montegiň aýagy degen kiçijik billur çüýşejik çala ýylpyldap, ýerde ýatyrdy, onda irdenem otuz sany uky dermany bardy. Indi ol çakmagyň sähelçe ýagtysyna çalaja ýyldyrap, agzy açyk, içi boş ýatyrdy.

Birdenkä asman gümmürdäp başlady. Hamala, berdaşly gollar onlarça müň mil uzynlykdaky gara kendir matany ikä bölen

ýaly, gulagyňy deşip barýan şatyrdy eşidildi. Monteg çapylyp, ikä bölünen ýaly boldy, göýä, gursagy ýarylyp, iriňläp duran ýarasy dörjelenene döndi. Öýüň üstünden gulagyňy gapyp barýan güwwüldi bilen bombalaýjy reaktiw uçarlar, biri, ikinjisi.., ýene biri, ikinjisi.., yzyndan ýene... alty, dokuz, on iki... yzly-yzyna geçip gitdiler. Monteg agzyny açdy welin, ses syrtaryp duran dişleriniň arasy bilen onuň döş kapasasyna şuwlap girdi. Öý sarsyp durdy. Çakmagyň otjagazy öçdi. Gözler tümlükde zym-zyýat boldy. Ol şobada telefona ýapyşdy.

Bombalaýjylar geçip gitdiler. Onuň dodaklary müňküldäp, telefon tutaryna degdi:

— «Tiz kömek» gerekdi.

Haýykmadan püre-pür pyşyrdy...

Göwnüne bolmasa, gap-gara bombalaýjylaryň güwwüldisinden ýaňa, ýyldyzlar tozana öwrülip, ertirem şol tozanlar täsin bir gar mysaly, ýer ýüzüni örtäýjek ýalydy.

Ol garaňkylykda tutuş süňňi bilen saňňyldap, dodaklaryny müňküldedip, telefonyň ýanynda durka, bu bolgusyz pikirler ony öz gününe goýanokdy.

* * *

Olar ýanlary bilen enjam hem getirdiler. Has dogrusy, bir dälde, iki sany enjam. Olaryň biri ýata suwuň we maslygyň gözleginde gurruk guýa girýän gara kepjebaş ýaly aşgazana girýärdi. Ýaşyl löderäni sorup, daşyna çykarýardy. Ol şo taýda uzak ýyllaryň dowamynda ýygnanan zäheriň hemmesini sorup bilermikä? Ol, göýä, dörjeleşdirip, bir zatlary gözleýän ýaly, täsin ses çykaryp, käte bolsa düwnügip, sessizje içip otyrdy. Enjamyň gözi bardy. Ony işledýän adam optiki enjam dakynyp, parhsyzlyk bilen müşderiniň kalbyna aralaşyp, enjamyň gözüniň nämeleri görýändigini aýdyp bilýärdi. Ýöne ol dymýardy. Seretse-de, enjamyň gözüniň görýän zadyny görenokdy. Bu iş bagda ýap gazylyşyna meňzeýärdi. Düşekde ýatan aýal pildir kätmene aldyrmaýan gaty mermer daşymyka diýdirýärdi. Entegem gazyň, burawy has çuňrak goýberiň, eger-de

şu titräp ýatan ýylan başarýan bolsa, onda boşlugy soruň.

Tämizlikçi işgär enjamyň işleýşine esewan bolup, çilim kükedýärdi.

Ikinji enjam hem işleýärdi. Ony-da gyzylymtyl goňur eşikli biperwaý kişi işledýärdi. Bu enjam adam süňňünden gany sorup, ony täze gan ýa-da plazma bilen çalşyrýardy.

Gymyldysyz ýatan aýalyň ýanynda duran tämizlikçi:

— Birbada iki usulda arassalamaly bolýar — diýdi. — Diňe aşgazany arassalanyň bilen iş bitenok, ganam arassalamaly. Bu zäheri ganda goýsaň, ol beýnini çekiçläp başlar, şolar ýaly iki müň töweregi urgudan soň bolsa, bar zat gutarýar. Beýni ýan berip, işlemesini goýýar.

Monteg birden:

— Sem boluň! — diýip gygyrdy.

— Men diňe düşündirjek boldum — diýip, tämizlikçi jogap berdi.

— Siz, näme, eýýäm etmeli işiňizi bolduňyzmy?

Olar enjamlary seresaplylyk bilen çeleklere ýerleşdirýärdiler.

— Hawa. — Tämizlikçiler onuň gaharlanmagyna müýnürgejegem bolman, çilim çekişip durdular. Çilimiň tüssesi burugsap, olaryň gözüne-burnuna urýardy, ýöne hijisem ýeke gezek gözünem gyrpmady, ýüzünem çytmady. — Tölegi elli dollar bolýar.

— Siz näme üçin onuň gutuljagyny-gutulmajagyny aýdaňzok?

— Elbetde, gutular. Indi bar zäher, ine, şu ýerde — çeleklerde. Ol indi gorkuly däl. Men size aýtdym ahyryn, köne ganyň ýerine täzesi goýberilýär diýip, ine-de, hemme zat gülala-güllük.

— Ýöne siz lukman däl ahyryn! Näme üçin lukman ibermediler?

— Lukman diýýäňizmi? — Tämizlikçiniň çilimi erninde iki ýana gezmeledi. — Bizde şular ýaly çakylyklaryň her gije dokuz-onusy bolýar. Soňky ýyllar olar şeýlebir ýygjamlaşdy welin, ýörite enjam döretmeli boldy. Dogry, ondaky täzelik diňe optiki linzadan ybarat, galanlary şol öňki zatlar. Bu ýerde lukmanyň geregi ýok. Iki sany tämizlikçi bolsa, bar zat ýarym sagadyň işi. Gidere wagtam boldy. — Olar gapa tarap ýöneldiler. — Ýap-ýaňyja täze çakylyk aldyk. Şu ýerden on mähelle daşlykda ýene-de biri bir guty uky derman içipdir. Ýene gerek bolsak, jaň edäýiň. Aýalyňyza bolsa rahatlyk

gerek. Biz oňa gurplandyryjy derman goýberdik. Ajygyp turar. Bolýar, sag boluň!

Şeýlelikde, ýukajyk dodaklaryna çilimleri berk gysdyrylan, ýylanyňky ýaly sowuk garaýyşly adamlar, enjamdyr şlanglaryny hem beýleki paty-putularyny alyp, çykyp gitdiler.

Monteg özüni oturgyja goýberip, öňünde süýnüp ýatan aýalyna seretdi. Indi onuň ýüzi parahat, gözleri ýumukdy. Elini uzadanda, aýasynda aýalynyň demininiň ýylysyny duýdy.

— Mildred! — diýip, çala seslendi.

«Biz örän köp — diýip, Monteg içinden pikir öwürdi.

— Biz birnäçe milliard, bu bolsa juda köp. Hiç kim biri-birini tananok. Kesekiler gelip, sütem edýärler. Kesekiler ýüregiňi sogrup, ganyňy içýärler. Eý, Hudaý! Bu adamlar näjüre zatka? Men olary hiç haçan görmändim».

Ýarym sagat geçdi.

Mildrediň damarlarynda indi başga biriniň gany akýar, şol kesekiniň gany-da ony täzelän ýaly boldy. Duluklaryna gyrmyzy reňk çaýyldy, dodaklary tämizlenip, al reňke boýaldy. Indi olar näzikden parahat görünýärdi. Özüňkä derek başga biriniňgany...

Wah, eger-de onuň synasyny, beýnisini, huşuny-da çalşyp bolýan bolsady! Onuň kalbyny-da böleklere bölüp, jübülerini çöwrüp, buga tutup, ütükläp, irdenem yzyna getirip berer ýaly arassalamaga berip bolýan bolsady... Eger şeýdip bolýan bolsady!..

Ol ýerinden turdy, tutulary galdyryp, penjireleri giňden açdy-da, otaga gijäniň sergin howasyny goýberdi. Sagat gije ikidi. Onuň köçede Klarissa Maklellana duşanyna, bu garaňky otaga girip, kiçijik billur çüýşejige aýagynyň degenine bary-ýogy bir sagat geçdimikä? Bary-ýogy bir sagat welin, hemme zadyň üýtgäýşini diýsene — öňki dünýä ýitip, eräp, onuň ýerine täze, sowuk hem mazasyz dünýä peýda boldy.

Aý şöhlesine ýagtylyp ýatan otluk meýdançanyň üstaşyry Montege gülki sesleri eşidildi. Gülki Klarissanyň, onuň ejesiniň, kakasynyň hem mylaýym, parahat ýylgyrmagy başarýan daýysynyň ýaşaýan öýünden gelýärdi. Bu mejbury däl-de, çyn ýürekden

çykýan şatlykly gülküdi we ol gijäniň bir mahaly, töwerekdäki öýleriň hemmesi tüm-garaňkylykdyr ümsümlige gaplanyp oturan wagty, gowy yşyklandyrylan öýden eşidilýärdi.

Monteg gümür-ýamyr edip oturan adamlaryň sesini eşidýärdi, olar bir zatlaryň gürrüňini edýärdiler, biri-birine sorag berýärdiler, jogap berilýärdi, şeýdibem, gürrüň gürrüňe sepleşip gidýärdi.

Monteg aýna gapydan çykyp, näme edýändiginem bilmän, alasarmyk ýagdaýda otluk meýdançany kesip geçdi. Ses gelýän öýüň golaýynda, ýagty düşmeýän ýerde saklandy. Birdenem eger islese, hatda basgançakdan ýokary galagada, gapyny kakyp: «Meni içeri goýberiň. Men biragyz gürlemän, dymyp oturaýyn. Diňe siziň näme gürrüň edýändigiňizi diňlesem bolýar» diýip biljekdigini aňynda aýlady.

Emma ol ýerinden gozganmady. Ýüzüni buzdan ýasalan nykap ýaly edip, sowukdan ýaňa saňňyldap, duran ýerinden butnaman, bir erkek adamyň (ol gyzyň daýysy bolara çemeli) howlukman, pessaýlyk bilen berýän gürrüňini diňleýärdi:

— Eýsem, ne meýilnamasyny, ne-de oýunçylaryň adyny bilmeýän halyňa, öz şäheriň futbol toparyna janköýerlik edip bolarmy? Hany, aýtsaňyzlaň, mysal üçin, olar meýdança haýsy reňkdäki eşikde çykarlar?

Monteg yzyna öwrülip, öýüne tarap ýöneldi. Ol penjireleri açyk goýdy, Mildrediň ýanyna baryp, ýorganyny düzetdi-de, düşegine geçdi. Aýyň ýagtysy onuň çekgelerine, çytyk maňlaýynyň çuň ýygyrtlaryna düşýärdi, gözlerini gamaşdyrýardy.

Ýagşyň ilkinji damjasy damdy. Klarissa. Ýene bir damja. Mildred. Ýene biri. Daýysy. Ýene-de biri. Şu günki ýangyn. Biri. Klarissa. Beýlekisi. Mildred. Üçünji. Daýysy. Dördünji. Ýangyn. Biri, beýlekisi, üçünji, dördünji, Mildred, Klarissa, daýysy, ýangyn, uky dermanyň gerdejikleri, adamlar — kagyz elsüpürgiçler, ulan, zyň, täzesini al! Biri, beýlekisi, üçünji, dördünji. Ýagyş. Tupan. Daýysynyň gülküsi. Gögüň gümmürdisi. Güýçli çabga zerarly dünýä agdar-düňder bolup barýar. Ýanardagdan ot atylyp çykýar. Hemme zat aýlanyp-towlanyp, joşup akýan derýa ýaly, gijeligiň içi

bilen ir ertire tarap okdurylyp barýar...

— Men başga hiç zady bilemok, hiç zada düşünemok — diýip, Monteg uky dermanyny atdy. Derman agzynda haýallyk bilen eräp gitdi.

* * *

Irden sagat dokuzda Mildrediň düşegi eýýäm boşdy. Ýüregi gürsüldäp urýan Monteg howlukmaçlyk bilen ýerinden turup, däliziň ugry bilen ylgady. Ol aşhananyň gapysynda saklandy.

Çörek bişirilýän elektrik howurpeçden gowrulyp gyzardylan çörek bölekleri çykýardy. Ýukajyk demir el olary şobada tutup, eredilen ýaga batyrýardy.

Mildred gyzardylan çörek bölekleriniň tabajyga düşüşine syn edip durdy. Onuň gulaklaryna jyňňyldap duran elektron aryjyklar gysdyrylgydy. Ol kellesini galdyrdy, Montege gözi düşüp, oňa baş atdy.

— Ýagdaýyň gowumy? — diýip, Monteg sorady. «Çaňňalak» diýilýän radiodykylar bilen on ýyllyk tanyşlygynyň içinde Mildred dodaklaryň hereketini okamagy öwrenipdi. Ol ýene-de başyny atyp, elektrik howurpeje çöregiň täze bölegini goýdy.

Monteg geçip oturdy.

— Näme üçindigini bilemok, içim eljuk diýýä — diýip, aýaly dillendi.

— Sen... — diýip, Monteg gürrüňe başlajak boldy.

— Öler ýaly ajygýan!

— Öten agşam...

— Men birahat ýatypdyryn. Hiç ugrum ýok — diýip, aýaly gürrüňini dowam etdi. — Eý, Hudaý, men şeýlebir aç! Nämedendigine hiç düşünip bilemok...

— Öten agşam... — diýip, Monteg ýene gürrüňe başlajak boldy.

Aýaly alasarmyk halda onuň dodaklaryna seredýärdi.

— Öten agşam näme boldy?

— Hiç zat ýadyňa düşenokmy?

— Näme boldy? Myhman geldimi? Oturylyşyk guradykmy? Meň şu wagtky ýagdaýym, hamala, düýn aşa köp içen ýaly. Eý, Hudaý, şeýlebir nahar iýesim gelýär. Ýogsa-da bize kimler geldi?

— Birnäçe adam.

— Şeýledirem öýtdüm-le. — Ol gyzardylan çörekden bir bölejigini dişledi. — Aşgazanym sanjap duram welin, gaty ajygýan. Düýn gelşiksiz hereketler eden däldirin-dä hernä?

— Ýok — diýip, Monteg çala seslendi.

Elektrik howurpeç oňa ýaga bulanan bir bölek çöregi oklady. Ol ony, hamala, özüne aýratyn hormat edilen ýaly, çekinjeňlik bilen aldy.

Aýaly:

— Seňem ýagdaýyň gowy däl öýdýän? — diýdi.

* * *

Günüň ikinji ýarymynda ýagyş ýagdy, daş-töwerek garaňkyrady, dünýä çal dumana bürenene döndi. Monteg daşky otagda keltekçesine mämişi semenderiň şekili çekilen nyşanjygy berkidip durdy. Oýa batyp, uzak wagtlap howaçalşaryň gözenegine seredip durdy. Telewizorly otagda sahna oýnunyň edebi esasyny okap oturan aýaly başyny galdyrdyda, oňa garap:

— Görüň-ä muny! Ol oýa batypdyr! — diýdi.

— Hawa — diýip, Monteg jogap berdi. — Men seň bilen gürleşmeli. — Ol sözüne dyngy berdi. — Düýn sen çüýşejikdäki uky dermanlaryň hemmesini içipsiň.

— Aý, goý-a? — diýip, aýaly ör-gökden geldi. — Bolup bilmez!

— Çüýşejik ýerde boş ýatan eken.

— Men onuň ýaly zat eden däldirin. Näme üçin beýdeýin?

— Belki, sen iki sanysyny içensiň, soň ýadyňdan çykaryp, ýene ikisini, onam ýadyňdan çykaryp, ýene-de ikisini içensiň, soňra bolsa başyň dumanlap, yzly-yzyna, otuz ýa-da kyrk sanysyny, garaz, çüýşejikdäkileriň baryny içip gutaran bolmaly.

— Biderek zat! Men bular ýaly samsyklygy näme üçin edeýin?

— Bilemok.

Aýaly Montegiň çaltrak giderini islän bolarly, ol ony ýaşyrjagam bolmady.

— Men hiç haçan beýle samsyklyk etmezdim — diýip, ol ýene-de gaýtalady.

— Bolýa-da, goý, seniň aýdanyň bolsun — diýip, Monteg ylalaşdy.

Aýaly:

— Hanymyň aýdyşy ýaly... — diýip, ýene-de sahna oýnunyň edebi esasyny okamaga başlady.

— Şu gün gündizki ýaýlymda näme bolýar? — diýip, Monteg ýadaw halda sorady.

Aýaly başyny galdyrman dillendi:

— Sahna eseri. Diwarlaryň dördüsinde-de görkeziljek, ýene-de on minutdan başlanýar. Maňa oýnamaly keşbimi şu gün irden iberdiler. Men olara tomaşaçylarda gyzyklanma döretjek käbir zatlary maslahat berdim. Sahna eserini bir keşbi taşlap ýazýarlar. Düýpgöter täzeçillik! Şol ýetmeýän öý bikesiniň keşbini men ýerine ýetirýän. Ýetmeýän jümläni aýtmaly pursady gelende, hemmeler maňa seredýär. Menem şol jümläni aýdýan. Mysal üçin, erkek kişi: «Sen muňa näme diýersiň, Elen?» diýip, maňa seredýär. Menem şu ýerde, sahnaň ortarasynda otyryn, görýäňmi? Menem oňa jogap berýän... jogap berýän... — ol golýazmanyň setirlerini barmaklary bilen yzarlap başlaýar. — Hä, ynha: «Meniň pikirimçe, bu örän ajaýyp!». Soňra erkek kişi: «Sen munuň bilen ylalaşýaňmy, Elen?» diýýänçä, olar mensiz dowam edýärler. Menem: «Elbetde, ylalaşýan» diýip jogap berýän. Gyzykly gerek, Gaý?

Monteg daşky otagda dymyp, oňa seredip durdy.

Aýaly ýene-de:

— Dogrudanam, gaty gyzykly — diýdi.

— Eserde nämäniň gürrüňi edilýär?

— Men saňa aýtdym-a. O taýda üç sany gahryman bar — Bob, Rut hem Elen.

— Hä-ä!

— Bu juda gyzykly. Biziň dördünji telewizorly diwarymyz bolandan soň-a, hasam gyzykly bolar. Nähili pikir edýäň, ýönekeý diwaryň ýerine telewizorly diwar edinmek üçin, biz ýene köp wagtlap pul toplamaly bolarmykak? Onuň bahasy bary-ýogy iki müň dollar.

— Ýyllyk girdejimiň üçden biri.

— Bary-ýogy iki müň dollar — diýip, Mildred kejirlik bilen

gaýtalady. — Käwagtlar men hakda-da pikir etseň, artykmaçlyk etmezdi. Eger-de biz dördünji diwaryş hem goýsak, bu otag eýýäm diňe biziňki bolmazdy. Onda her dürli täsin, işine berlen adamlar ýaşardy. Puly başga bir zatdan tygşytlasagam bolardy.

— Üçünji diwaryň puluny tölälimiz bäri, biz şeýlede köp zatda tygşytlaýas. Ýadyňa düşýän bolsa ony bary-ýogy iki aý mundan öň goýupdylar.

— Bary-ýogy iki aýmy? — Aýaly oňa pikirli nazaryny dikdi. — Bolýa-da onda, sag bol, ezizim!

— Sag bol! — diýip, Monteg jogap berdi-de, çykalga tarap ýöneldi, birdenem sakga durup, yzyna gaňryldy. — Eseriň soňy nähili? Gowulyk bilen gutarýamy?

— Men heniz soňuna çenli okamok.

Ol aýalyna golaý gelip, eseriň soňky sahypasyna seretdi, başyny atyp, edebi esasy aýalyna gaýtaryp berdi-de, ýagyş zerarly suw-sil bolan köçä çykdy.

Ýagyş eýýäm kiparlaberipdi. Gyz ýanýodanyň ortarasyndan ýüzüni ýokaryk tutup gelýärdi. Ýagşyň seýrek damjalary onuň ýüzüne damýardy. Gyz Montegi görüp ýylgyrdy.

— Salam!

Monteg onuň salamyny alyp:

— Näme işleýäňiz? Ýene-de bir hokga çykaryp ýörsüňizmi? — diýdi.

— Hawa-la, men bir saňsar ahyryn. Damja ýüzüňe degse, nähili ýakymly! Men ýagşyň aşagynda gezmelemegi halaýan.

— Men-ä beýdip ýörmegi halamazdym — diýip, Monteg jogap berdi.

— Eger synanyşan bolsaňyz, belki, halardyňyzam.

— Hiç haçan synanyşyp görmändim.

Gyz dodaklaryny ýalady.

— Hatda ýagşyň tagamam lezzetli.

— Siziň hemişe, ýekeje gezegem bolsa, bir zatlary dadasyňyz gelýär.

— Ýekeje gezekden artyk bolýan wagtlaram az däl — diýip, gyz elinde gizläp duran zadyna seretdi.

— Onyňyz näme? — diýip, Monteg sorady.

— Süýtleňňiç. Iň soňkusy bolaýmasa. Güýzüň ahyrynda

süýtleňňiç taparyn öýdemokdym. Indi ony alkymyňa sürtmeli. Şeýle zady eşidipmidiňiz? Serediň!

Gyz gülüp, güljagazy alkymyna süýkedi.

— Näme üçin beýdýäňiz?

— Eger-de yz galan bolsa, onda meniň birini söýýänligim. Nähili?

Etjek alajyň ýok. Ol gyzyň alkymyna seretdi.

— Hawa, niçik? — diýip, gyz sorady.

— Saralypdyr.

— Örän ajap! Indi bolsa sizde barlap göreliň.

— Hiç hili netije bolmasa gerek.

— Göreris. — Monteg özüni dürsäp ýetişmänkä, gyz güljagazy onuň alkymyna eltdi. Ol biygtyýar yza tesdi, gyz bolsa gülüp:

— Gymyldaman duruň! — diýdi.

Onuň alkymyna seredibem, ýüzüni çytdy.

— Hawa, nähili onsoň?

— Haýp... Siz hiç kimi söýeňzok!

— Ýok, söýýän.

— Ýöne şol görnenok-da.

— Men söýýän. Özem gara çynym bilen söýýän. — Ol kimdir biriniň keşbini ýatlajak boldy, ýöne netije çykmady. — Men söýýän — diýip, ol hötjetlik bilen gaýtalady.

— Beýle seretmeseňizläň, haýyş edýän!

— Hemmesine süýtleňňijiňiz günäkär. Onuň bar tozgasy siziň alkymyňyza ýapyşdy. Maňa hiç zat galmady.

— Men sizi öýkeledäýdim öýdýän? Şeýdenim görnüp dur. Bagyşlaň, beýle bolar öýtmändim... — Gyz usullylyk bilen onuň tirsegine elini degirdi...

— Ýok-ýok — diýip, Monteg howlukmaç gürledi. — Bärde bolan zat ýok.

— Men gitmeli. Bagyşlaweriň. Gaharlanmagyňyzy islämokdym.

— Men gahar edemok. Diňe azajyk keýpim bozuldy.

— Men psihiatrymyň ýanyna barýan. Şo ýere gatnamaga mejbur edýäler. Menem onuň üçin her hili hokgalar toslap tapýan. Özüm barada näme pikir edýänin-ä bilemok welin, ol maňa düýp

sogan diýýär. Gatma-gat sypyrmaly bolýamyş.

Monteg:

— Menem size psihiatr gerekmikä öýdýän — diýdi.

— Ýalan sözleýäňiz. Siz beýle pikir edeňzok.

Ol uludan demini alyp gürledi:

— Dogry, men beýle pikir edemok.

— Psihiatryň meniň näme üçin tokaýda gezelenç etmegi, guşlara seretmegi, kebelek tutmagy gowy görýändigimi bilesi gelýär. Men irde-giçde size ýygnan gäplerimi görkezerin.

— Bolýa. Görkeziň.

— Olar meniň nämelere gümra bolup ýörendigimi häli-şindi soraýarlar. Menem olara aram-aram keýpine oturyp, pikir edýändigimi aýdýan. Ýöne nämäň pikirini edýänimi aýdamok. Goý, kelle döwsünler. Käte bolsa şular ýaly, ýüzümi ýokaryk tutup, dilim bilen ýagyş damjalaryny gapmagy gowy görýändigimi aýdýan. Olaryň tagamy çakyryňky ýaly. Siz, heý, dadyp görüpmidiňiz?

— Ýok, men...

— Siz meni bagyşladyňyz gerek?

— Hawa. — Monteg az wagtlyk oýa batdy. — Hawa, bagyşladym. Näme üçindigini özümem bilemok. Siz, birhili, täsin: sizden ilk-ä öýkeläp, soňam şobada bagyşlamak kyn däl. On ýedi ýaşymda diýdiňizmi?

— Hawa. Bir aýdan on ýedi ýaşaýan.

— Geň zat. Gaty geň. Aýalym otuz ýaşynda, ýöne käwagt siz ondan has uly ýaly görünýäňiz. Şeýle duýgynyň mende näme üçin döreýänine düşünemok.

— Sizem, birhili, täsin adam, jenap Monteg! Wagtal-wagtal siziň ýangynçydygyňyzam ýatdan çykarýan. Ýene-de siziň gaharyňyzy getireýinmi?

— Bolýa, aýdyberiň!

— Bu nähili başlandy? Siz o ýere nädip düşdüňiz? Bu hünäre nädip, näme üçin ulaşdyňyz? Siz beýleki ýangynçylara meňzäňzok. Men olaryň käbirini gördüm — şonuň üçinem bilýän. Gürläp durkam, ýüzüme seredýäňiz. Düýn Aý barada gürrüň açamda, siz Aýa seretdiňiz. Başgalar hiç mahal beýtmezdi. Olar gürrüňimi

diňlemän giderdiler. Ýogsa-da haýbat atardylar. Indi adamlar gümür-ýamra wagt tapanoklar. Siz bolsa meň bilen mylakatly gepleşdiňiz. Bu seýrek duş gelýän ýagdaý. Şonuň üçinem siziň ýangynçydygyňyz meniň üçin geň. Bu hünär size gelşenok.

Montegiň göwnüne, onuň özi iki sany deň bölege bölünip, bir bölegi ot ýaly gyzgyn, beýlekisi buz ýaly sowuk, bir bölegi näzik, beýlekisi berk, biri — galpyldap duran, beýlekisi — daş ýaly gaty bolup göründi. Onuň ikä bölünen «menininiň» her bölegi beýlekisini ýok etmäge dyrjaşýardy.

Monteg:

— Ýaňy «gyssanýan» diýip durduňyz. Psihiatryňyzyň ýanyna gijä galaýmaň! — diýip dillendi.

Gyz ony ýanýodada, ýagşyň aşagynda goýup, ylgap gitdi. Monteg uzak wagtlap doňan ýaly bolup durdy. Soňra haýaljakdan ädimläp, birdenem ýüzüni asmana — ýagşa tutup, bir pursatlyk agzyny açdy...

* * *

Mehaniki köpek ýangyn bekediniň garaňky däliziniň aýagujundaky ýuwaşlyk bilen güwwüldäp, yraň atyp duran, çala yşyklandyrylan keteginde oýalyukuly, ne öli, ne diri halda ýatyrdy.

Uly, dörtburç penjireden gijeki asmanyň öçügsi ýagtysy içerik düşüp, mehaniki mahlugyň mis, bürünç we polat bölejikleriniň kä ol, kä bu ýerine şugla saçýardy. Yşyk gyrmyzy aýna böleklerine düşüp, çala öwşün atýardy-da, aşagyna rezin kakylan, möýüňki ýaly sekiz sany aýaklarynda çala yraň atyp duran nägehanyň burnundaky inçejik gan damarlary ýaly duýgur neýlon tüýjagazlarda öçügsije ýalpyldaýardy.

Monteg bürünç syrykdan syrylyp, aşak düşdi-de, ukuda ýatan şäheri synlamak üçin daşaryk çykdy. Bulutlar dagap, asmanyň ýüzi arassalanypdy. Ol çilim otlandy, dälize dolanyp bardy-da, aşak eglip, ketegiň içine seretdi. Mehaniki köpek şiresi dälilik hem garabasma ýagdaýyna salýan zäherden doly gülli meýdandan öýjügine dolanyp gelen äpet balarysyny ýada salýardy. Köpegiň

süňňüne bu goýy, süýji zäher siňensoň, ol indi zäheriň güýjüni uky bilen basjak bolýan ýalydy.

— Salam! — diýip, Monteg, ne öli, ne diri mahluga hemişekisi ýaly haýran galyp pyşyrdady.

Gijelerine, içgysgynç bolan mahaly — bu ýagdaý bolsa her gije gaýtalanýardy — ýangynçylar mis syryk bilen aşak düşýärdiler-de, köpegiň ys alyş ýollarynyň mehanizmini belli bir ysa düzüp, öňi-soňy ýoguna ýanylmaly alakalary, jüýjeleri, käwagtlar bolsa pişikleri-de ýerzemine goýberýärdiler. Soňam köpek olaryň haýsy birini ilki tutar diýşip jedel edýärdiler.

Birnäçe sekuntdan oýun tamamlanýardy. Jüýje, pişik ýa-da alaka, ylgap-ylgamanka, köpegiň ýumşajyk penjesine düşýärdi we ol agzyndan çykýan 10 santimetrlik polat iňňe bilen pidasyna morfiniň ýa-da prokainiň ep-esli mukdaryny pürkýärdi. Soňra ölen jandary zibil ýakylýan peje oklap, oýna täzeden başlaýardylar.

Adatça, Monteg ýokarda galyp, bu güýmenjelere goşulmazdy. Bir gezek, iki ýyl mundan öň, ol tejribeli oýunçylaryň biri bilen jedel edip, bir hepdelik aýlyk hakyny utdurypdy. Onuň jezasy-da, aýalynyň guduzlan ýaly gazaba münmegi bolupdy. Mildrediň çekge damarlarynyň galyp, gyzyl meneklerden dolan ýüzi heniz-henizlerem onuň göz öňünden gidenokdy. Indi bolsa ol gijelerine ýatalgada ýüzüni diwara öwrüp ýatan ýerinden, aşakdan gelýän gülki seslerine, göýä, biri roýalyň düwmelerine çalt-çaltdan kakýan ýaly ses edýän alakalaryň aýak sesleriniň dükürdisine, skripkanyň jygyldysy ýaly çykýan syçan seslerine, köpek ýagtylyga çykýan äpet kebelek ýaly bolup, keteginden sessiz böküp çykanda aralaşýan ümsümlige diň salyp ýatýardy. Köpek pidasyny tutup, oňa iňňesini sünjensoň, dessine ýuwaşap, «ölmek» üçin öz ketegine dolanyp gelýärdi.

Monteg köpegiň tumşugyny elledi.

Köpek hyňrandy.

Monteg yza tesdi.

Köpek keteginde dikelip, duýdansyz ýagdaýda janlanan, ýaşyl-gök uçgunlardan doly gözlerini Montege dikdi. Ýene-de gulagyňy deşip gelýän geň ses çykaryp, hyňrandy. Ol, göýä, köne, posdan ýaňa

jygyldap duran enjam işe girende çykýan sese meňzeş hyňranmady.

— Goýaweri-goýaweri, halypa! — diýen Montegiň ýüregi çalt-çaltdan urup başlady. Ol köpegiň agzyndan iňňäniň çykyp, ýene ýitip, soňra ýene-de çykyp we ýitip gidendigini gördi. Köpegiň hyňranmasy barha güýçlenip, onuň ýanyp duran gözleri Montege dikilipdi.

Monteg yza tesdi. Köpek bolsa ketekden çykyp, oňa tarap bir ädim ätdi. Monteg syryga ýapyşdy welin, ol ony sessizje, üçekdäki ötük bilen ýokarlygyna alyp gitdi. Monteg ýokarky gatyň alagaraňky dälizine aýak basdy.

Ol saňňyldap durdy, ýüzi ak tamdy. Aşakda köpek köşeşip, ýene-de ýerine geçip ýatdy, onuň köpgyraňly kristal ýaly ýanyp duran gözleri ýene-de öçdi.

Monteg ötükden dessine daşlaşmady, ilki biraz köşeşmek isledi. Onuň arka tarapynda, çyranyň ýagtyldyp duran burçundaky stoluň başynda dört adam kart oýnap otyrdy. Olar Montege nazar aýladylar, ýöne hijisinden ses çykmady. Diňe damarlak elleri bilen kartyny saklap oturan, brandmeýsteriň[1] kaknusyň şekili bilen bezelen demir papagyny geýen adam sorag berdi:

— Monteg, näme boldy?

— Ol meni halanok — diýip, Monteg jogap berdi.

— Kim, köpekmi? — Brandmeýster elindäki kartlary gözden geçirýärdi. — Goýsana, walla. Onda halamak ýa halamazlyk diýen zat ýok. Ol diňe «işleýär». Bu bir ballistika boýunça mesele ýaly bir zat. Onuň üçin çäk goýlan, olam şo boýunça hereket edýär. Nyşanany özi tapýar, özi dolanyp gelip, özem öçýär. Mis simjagazlar, akkumulýatorlar, elektrik energiýasy — onda şulardan başga zat ýok.

Monteg sojap dem aldy.

— Onuň ys alyş ulgamyny islendik utgaşma düzüp bolýar — şunçarak aminoturşular, şunçarak fosfor, şunçarak ýag we aşgar. Şeýle dälmi?

— Aý, bular hemme kişä-de belli-le.

— Biziň her birimiziň ganymyzyň himiki düzümi we dereje

1 Brandmeýster — ýangyn toparyyň başlygy

gatnaşygy aşakda, umumy kartotekada bellige alnan. Kimdir birine, alagada, mehaniki köpegiň «ýadyny» ol ýa-da beýleki düzüme — doly bolmasada, bölekleýin, iň bolmanda aminoturşulara düzmek kyn iş däl. Şulam köpegiň edil ýaňyja eden zadyny etmegi üçin ýeterlik — ol maňa hyňrandy.

— Biderek zat! — diýip, brandmeýster onuň bilen ylalaşmady.

— Ol gozgalaň tapdy, ýöne o diýen gazaba münmedi. Kimdir biri onuň «ýadyny» men elläýemde hyňranar ýaly edip düzüpdir.

Brandmeýster:

— Beýtmek kimiň kellesine gelsin? Bu ýerde seň duşmanyň ýok ahyryn, Gaý! — diýdi.

— Men-ä şeýle adam bardyr öýdemok.

— Ertiriň özünde mehanikler köpegi gözden geçirer.

— Onuň maňa hyňranyşy birinji gezek däl — diýip, Monteg sözüni dowam etdi. — Bu ýagdaý geçen aýam iki gezek gaýtalandy.

— Ertir hemme zady barlarys. Bu zatlara kelläňi agyrtmaňy bes et.

Emma Monteg entegem ötügiň ýanynda durdy. Birdenem öýüniň daşky otagyndaky howaçalşaryň gözenegi hemem onuň aňyrsynda ýygşyrylyp goýlan zat onuň ýadyna düşdi. Kimdir biri şony bilip, köpege «gürrüň beren» bolsa näme?..

Brandmeýster Monteginiň ýanyna gelip, oňa soragly nazaryny dikdi.

Monteg:

— Men köpegiň gijelerine keteginde ýatyrka, nämeleriň pikirini edýändigini göz öňüne getirjek bolýan. Adama topulanda, oňa jan girýäni dogrumyka? Eger şo çyn bolaýsa, onda gaty gorkunç — diýdi.

— Ol biziň «ýadyna» salan zadymyzdan başga hiç zadyň pikirini edenok.

— Haýp! — diýip, Monteg çalaja gürledi.

— Sebäbi biz onuň «ýadyna» diňe yzarlamagy, tutmagy, öldürmegi salýas. Oňa şolardan başga hiç zat öwredip bilmeýänimiz, gör, nähili masgaraçylyk!

Brandmeýster seňrigini ýygryp hüňürdedi:

— Bolgusyz gürrüň etmesene! Biziň köpegimiz adam zehininiň döredip biläýjek iň ajaýyp nusgasydyr. Nyşanany özi tapýan we

hatasyz urýan kämil ýarag.

— Hut şeýle. Meniňem, düşünýän bolsaňyz, onuň nobatdaky pidasy bolasym gelenok.

— Näme beýle alada galýaňyz? Siziň, eýsem, wyždanyňyz päk dälmi, Monteg? Monteg brandmeýster Bittä tiňkesini dikdi. Ol Montegden gözüni aýyrman durdy. Birdenem brandmeýsteriň dodaklary müňküldäp, giňden açyldy-da, pessaýja sesi bilen hikirdäp başlady...

* * *

Bir, iki, üç, dört, bäş, alty, ýedi gün. Her günem öýden çykanda, ol Klarissanyň golaý bir ýerdedigini bilýärdi. Bir gezek ol onuň hoz agajyny yrap duranyny, başga bir gün otluk meýdançada örme örüp oturanyny gördi. Üç-dört gezegem öýüniň bosagasynda bir çemen güýz güllerini, kiçijik guýguçda bir gysym hozy, seresaplyk bilen ak kagyza berkidilip, gapa gysdyrylyp goýlan bir desse güýz ýapragyny tapdy. Her agşamam Klarissa ony burça çenli ugradýardy. Bir gün ýagyş ýagyp, beýleki gün asman dury bolýardy, bir-de güýçli ýel turup, soňam parahat, maýylja gün bolýardy, soňra bolsa, göýä, tomus dolanyp gelen ýaly, yssy we dymyk howa boldy, Klarissanyň ýüzi Güne ýanyp, çalaja gyzardy.

Olar metronyň girelgesine golaýlanlarynda, Monteg:

— Näme üçin mende sizi öňden tanaýan ýaly duýgy barka? — diýdi.

— Siziň maňa ýaraýandygyňyz, maňa sizden hiç zat gerek däldigi, şonuň ýaly-da, biziň birek-birege düşünýändigimiz üçin şeýle — diýip, gyz jogap berdi.

— Siziň ýanyňyzda özümi, göýä, ataňyz ýaly garry hasaplaýan.

— Şeýlemi? Ýogsa-da, aýtsaňyzlaň, çagalary şeýle gowy görýän bolsaňyz, näme üçin meniň ýaly gyzyňyz ýok?

— Bilmedim-dä.

— Oýun etmeseňizläň!

— Men neme diýjek boldum... — Ol sakynyp, kellesini ýaýkady. — Näme diýseňizläň, meniň aýalym... Aý, bir söz bilen aýdanyňda, ol çagamyzyň bolaryny islemedi.

Gyzyň ýüzündäki ýylgyryş zym-zyýat boldy.

— Bagyşlaň. Hakykatdanam, siz meniň üstümden gülýänsiňiz öýtdüm. Men duranja bir samsyjak gyz-da.

— Ýok-ýok! Soranyňyz gowy boldy. Köp wagt bäri beýle zatlar barada menden hiç kim hiç zat soramandy. Hiç kimiň seň bilen işi ýok... Şuny sorap gowy etdiňiz.

— Geliň, onda başga zadyň gürrüňini edeliň. Ýere gaçan ýapraklarda nämäniň ysynyň bardygyny bilýäňizmi? Dalçynyň ysy bar! Ysgap göräýiň.

— Dogrudanam şeýle... Dalçyny ýatladýar.

Gyzyň uçganaklap duran gara gözleri oňa tarap gönükdi.

— Siz hemişe, hemme zada geň galýaňyz!

— Bu meň öň hiç haçan, hiç zada üns bermänligimden... Wagtam ýetenokdy...

— Siz mahabat tagtalaryna seretdiňizmi? Ýadyňyza düşýärmi, men size ozalam aýdypdym?

— Seretdim — diýip, Monteg biygtyýar gülüp goýberdi. — Siz indi has gowy gülýäňiz.

— Dogrudanam şeýlemi?

— Hawa, has gelşikli gülýäňiz.

Birden Montegiň kalbyna ýeňillik, asudalyk aralaşdy.

— Siz näme üçin mekdebe gitmediňiz? Okamagyň ýerine uzakly gün ýeke özüňiz entäp ýörsüňiz?

— Aý, mekdepde meni göresi gelip barýanam ýok-la — diýip, gyz jogap berdi. — Näme diýseňizläň, meni garasöýmez hasaplaýarlar. Hamala, men adamlar bilen dil tapyşyp bilmeýärmişim. Geň zat. Sebäbi men, aslynda, örän alçak. Barysy aragatnaşyk saklamak diýip nämä düşünilýänligine bagly. Meniň pikirimçe, adamlar bilen aragatnaşyk saklamak diýmek, ikimiz ýaly lakgyldaşmany başarmagy aňladýar. — Gyz elinde agajyň astyndan tapan birnäçe hozuny oýnap durdy. — Ýa-da dünýäniň täsin gurluşy barada gürrüňdeş bolmagy. Men adamlaryň arasynda bolmagy gowy görýän. Ýöne hemme kişini bir ýere üýşürip, hiç kimi-de biragzam gürletmeseň — mundanam bir gatnaşyk sakladyk bolarmy? Telewizor

boýunça sapak, basketbol, beýsbol ýa-da ylgamak sapagy, soňra taryh we surat sapagy — nämedir bir zatlary göçürýäs, soň bolsa ýene-de sport. Bilseňiz, biz mekdepde hiç haçan sorag beremzok. Bolmanda, aglaba köpimiz. Dymyp oturýas, bizi bolsa jogap bilen «oka tutýarlar», soňra okuw filmine seredip, ýene-de dört sagat dagy oturýas. Onsoň nädip aragatnaşyga eliň degsin? Ýüzlerçe deşijek, olara-da ternawlardan suwy diňe beýleki tarapyndan döküler ýaly edip guýýarlar. Üstesine-de, onuň çakyrdygyny ynandyrjak bolýarlar. Günüň ahyryna çenli biz şeýlebir ýadaýas welin, diňe düşege özümizi oklap ýatmak ýa-da güýmenjeler seýilgähine gidip, gezelenç edip ýörenlere degmek, aýna döwülýän ýörite pawilýonda aýnadöwmek ýa bolmasa heläkçilikler tirinde uly polat şar bilen awtoulaglary ýykmak galýar. Bolmasa-da, awtoulaga münüp, köçelerden uly tizlikde sürüp geçmek — biler bolsaňyz, şeýle oýun bar: çyra sütüniniň ýa-da başga bir ulagyň deňinden hemmelerden has golaý geçmeşek. Hawa, olaryň dogry aýdýan bolmagam ahmal, men hut şolaryň aýdyşy ýaly bolaýmasam. Mende dost ýok. Bu-da öz serimde däldigime delil bolsa gerek. Emma deň-duşlarymyň hemmesi ýa-ha akylyndan azaşan ýaly gygyryşýarlar, böküşýärler, ýa-da biri-birini ýumruklaýarlar. Siz häzirki döwürde adamlaryň biri-birine nähili rehimsiz bolanyny duýýaňyzmy?

— Siz edil garry kempir ýaly pikir ýöredýäňiz.

— Käwagtlar özümi hut garry kempir ýaly duýýanam. Men öz deň-duşlamdan gorkýan. Olar biri-birini öldürýärler. Eýsem, hemişe-de şeýle boldumyka? Daýym-a beýle däldi diýýär. Diňe şu ýylyň özünde deň-duşlarymyň altysy atylyp öldürildi. Onusy awtoulag heläkçiliginde wepat boldy. Men olardan gorkýan, şonuň üçinem olar meni halanoklar. Çagalaryň biri-birini öldürmedik döwürleriniň hem atasynyň ýadynda galandygyny daýym gürrüň berýär. Ýöne bu gaty ir döwürler bolupdyr, şonda hemme zat başgaça eken. Daýymyň aýtmagyna görä, şo döwürde her kimde jogapkärçilik duýgusy bolmaly diýip hasap edipdirler. Ýogsa-da ol duýgy mende bar. Bu-da, ir döwür, heniz kiçijikkäm, meniň gowuja suwuma deglenligi üçin şeýle. Men hojalyga gerek zatlaň

hemmesini özüm satyn alýan, öýi özüm tertibe salýan.

— Emma bar zatdan beter — diýip, ol gürrüňini dowam etdirdi: — Men her näme-de bolsa, adamlara syn etmegi halaýan. Käwagtlar tutuş günläp metro gidýän, adamlara seredýän, gürrüňlerine diň salýan. Olaryň kimdigini, näme isleýändigini, nirä barýandygyny bilesim gelýär. Käwagtlar men, hatda şüweleňli seýilgähde-de bolýan ýa-da gijäň ýarynda şäheriň eteginde myçyp barýan raketa awtoulaglarynda gezelenç edýän. Polisiýa hiç hili üns bermeýär, diňe ulag ätiýaçlandyrylan bolsa bolany. Jübiňde on müň dollarlyk ätiýaçlandyryş petegiň bar bolsa, diýmek, hemme zat gülala-güllük, hemmeler bagtly hem hoşal. Wagtal-wagtal men metroda ýa-da sodaly suw çüwdürimjikleriniň ýanynda adamlaryň gürrüňlerini diňleýän. Şonda, bilýäňizmi, näme?

— Näme?

— Adamlar hiç zadyň gürrüňini edenoklar.

— O nähili beýle bolýar?

— Hawa, hawa. Hiç zat barada. Awtoulaglaryň görnüşleriniň, nysaklaryň, suwa düşülýän howdanlaryň atlaryny yzly-yzyna sugşuryşdyrýarlar we hemmesiniň üstüne-de: «Nähili ajap!» diýip goşýarlar. Hemmeler şol bir zady tekrarlaýar. Yzyny üzmän sakyrdaýarlar. Garbanyşhanalarda ýomakly gutulary işledip, şol bir köne henekleri diňleýärler ýa-da sazly diwary işledip, ondan dürli reňkleriň geçişine seredýärler. Ýöne bularyň bary düýpgöter bimany zatlar, diňe reňkleriň öwüşgini ahyryn! Surat galereýalaryny diýseňiz-le! Siz surat galereýasyna baryp görüpmidiňiz? Ol ýerde-de bar zat bimany. Indi başgaça bolanogam. Daýymyň aýdyşyna görä, birwagtlar hemme zat başgaça bolupdyr. Öňler suratlar bir zatlary gürrüň beripdirler, hatda adamlary hem görkezipdirler.

— Daýym eý diýdi, daýym beý diýdi. Görýän welin, daýyňyz üýtgeşik gowy adam bora çemeli.

— Elbetde, üýtgeşik gowy adam. Ýeri, bolýa-da, maňa gidere wagt boldy. Sag boluň, jenap Monteg!

— Sag boluň.

— Sag boluň...

* * *

Bir, iki, üç, dört, bäş, alty, ýedi gün. Ýangyn bekedi.

— Monteg, siz bu syryk bilen edil guş ýaly ýokary galýaňyz.

Üçülenji gün.

— Monteg, siz bu gün yzky gapydan geldiňiz welin, ýene-de köpek azar berýämi?

— Ýok-ýok.

Dördülenji gün.

— Monteg, nähili hadysa bolup geçenini diňläň. Men diňe şu gün eşitdim. Sietlde bir ýangynçy köpegi bilgeşleýin öz himiýa toplumyna düzüp, keteginden çykarypdyr. Gör-ä, özüňe kast etmegiň nähili ýoluny tapypdyr!

Bäşinji, altynjy, ýedinji gün.

Şundan soň Klarissa gürüm-jürüm boldy. Ilkibada Monteg, hatda bir günüň beýlekiden näme tapawudynyň bardygyna-da düşünmedi, emma onuň düýp özeni, Klarissanyň hiç ýerde görünmeýänligidi. Otluk meýdança, baglar, köçeler boşap galypdy. Özüne näme ýetmeýändigine düşünmezden, ýitigini gözläp başlamazdan öň, ol eýýäm özüni ýaramaz duýup ugrady. Metro golaýlan badyna howsala düşýärdi. Bir zatlar-a boldy, onuň eýýäm öwrenişen tertibi bozuldy. Dogry, bu tertip ýönekeýjedi, çylşyrymly däldi. Özem ol diňe birnäçe gün mundan öň düzgüne giripdi. Ýöne, her näme-de bolsa...

Ol tasdanam yzyna öwrülipdi. Belki, öýden metro çenli ýoly gaýtadan geçmelidir? Eger şeýtse, Klarissanyň öz yzyndan ýetip, hemme zadyň ýene-de öňki-öňkülik boljakdygyna ol ynanýardy. Emma indi giçdi, gelip saklanan otly onuň ikirjiňlenmeleriniň soňuna çykdy.

* * *

Kartlaryň şygyrdysy, elleriň hereketi, gabaklaryň tirpildisi, ýangyn bekediniň nobatçylyk çekilýän otagynyň üçegindäki: «Irden bir sagat otuz bäş minut, dördünji noýabr... bir sagat otuz alty minut... bir sagat otuz ýedi minut...» diýip, yzygiderli habar berýän sagadyň sesi... Üstüni ýag tutan stola kartlaryň şarpyldap

degşi. Gabaklaryny berk ýumup ýatanlygyna garamazdan, Monteg ol sesleri eşidýärdi. Gözleri ýumugam bolsa, daş-töweregindäki zatlary: gowy arassalanan misi we bürünji, çyralaryň ýylpyldysyny, ýangyn bekediniň ümsümligini hemem stoluň üstündäki altyn we kümüş şaýylyklaryň ýalpyldysyny aýdyň duýýardy. Oňa şu wagt görünmeýän, bir stol aňyrda oturan adamlar kartlaryna seredip, uludan dem alýardylar, garaşýardylar. «...Bir sagat kyrk bäş minut...». Gürleýän sagat, göräýmäge, ýürekgysgynç ertiriň we ondanam ýürekgysgynç ýylyň geçip barýan minutlarynyň agysyny aglaýan ýalydy.

— Monteg, size näme boldy?

Monteg gözlerini açdy.

Bir ýerden radionyň sesi eşidilýärdi:

— Islendik pursat uruş yglan edilip bilner. Watan öz mukaddes topragyny goramaga...

Bekediň jaýy sarsyp gitdi: bombalaýjy raketa uçarlary daňyň ümüş-tamşynyň garaňky asmanyny böwsüp geçdi.

Monteg gözlerini elek-çelek etdi. Bitti ony muzeý eksponaty hökmünde synlaýardy. Ynha, häzir ol ýerinden turup, Monteginiň ýanyna barar, onuň günäsiniň syryny açar, çekýän jebir-jepasynyň sebäbini biler. Günäsimi? Ýogsa-da onuň näme günäsi barka?

— Göçer sizden, Monteg!

Monteg garşysynda oturan adamlara seretdi. Olaryň ýüzüne müňlerçe hakyky, on müňlerçe göz öňüne getirilýän ýangynyň ody çabrapdy. Hünärleri ýaňaklaryna adaty bolmadyk al reňk çaýypdy, gabaklary pökgerip durdy. Olar şol bir gara şybyklaryny otlanlarynda, platinadan edilen çakmaklarynyň oduna gözlerini süzmän we gyrpman arkaýyn seredýärdiler. Şar gara saçlardyr gaşlar, tekiz syrylan, özem, hamala, kül urlan ýaly gögümtil ýaňaklar — bular miras düşen hünäriň tagmasydy. Monteg tisginip gitdi, agzyny açyp, doňup galdy — onuň kellesine täsin pikirler gelýärdi. Aslynda, ol irde-giçde gara saçy we gaşy, gyzylymtyl çiş ýüzi bolmadyk, tekiz syrylyp hem gök öwsüp, hamala, ýoňsuz wagt bäri syrylmadyk ýaly bolup görünmeýän ýaňakly ýangynçyny gördümikä? Bu adamlar edil

bir almany ikä bölen ýaly onuň özüne meňzeýärdi. Eýsem, ýangynçy edip, adamlary diňe ukybyna görä däl-de, daşky keşbi boýunça-da saýlap aldylarmyka? Olaryň ýüzünde külüň hem gurumyň reňkinden başga reňkem, öwüşginem ýokdy. Olardan mydama tüsseläp duran şybyklaryndan çykýan ýanygyň ysy geler durardy. Ine-de, temmäkiniň tüssesine dulanyp, brandmeýster Bitti ýerinden turýar. Temmäkiniň täze gabyny alyp, ony açýar — sellofandan edilen gap oduň şatyrdysyny ýada salyp ýyrtylýar.

Monteg elinde gysyp duran kartyna seretdi.

— Men... men pikir etdim. Geçen hepde bolan ýangyn, şonda kitaplaryýakylan adam ýadyma düşdi. Onuň özüne näme etdilerkä?

— Dälihana ugratdylar. Edil ker açany bar ýaly gygyrdy.

— Ýöne ol däli däl ahyryn!

Bitti sesini çykarman, kartlary garyp otyrdy.

— Kimdir biri bizi aldap bilerin öýdýän bolsa, ol, hakykatdanam, däli.

Monteg:

— Şular ýaly ýagdaýa düşen adamlaryň nähili duýgulary başdan geçirýänini göz öňüne getirjek boldum. Mysal üçin, eger-de ýangynçylar biziň öýlerimizi we kitaplarymyzy ýakan bolsalar — diýdi.

— Bizde kitap ýok.

— Eger bar bolanlygynda!

— Belki, sizde bardyr?

Bitti haýallyk bilen gabagyny galdyryp, ýene aşak goýberdi.

— Mend-ä ýok — diýip, Monteg jogap berdi-de, stoluň başynda oturanlaryň üstaşyry gadagan edilen kitaplaryň sanawy asylgy duran diwara seretdi. Onuň paltasynyň urgusy astynda ýyllar hem asyrlar ýykylyp-ýumrulýarka, bu kitaplaryň atlary ýangynlaryň alawyna ot alýardy-da, onuň elindäki şlangdan guýulýan kerosin zerarly, küle öwrülýärdi. — Ýok — diýip, ol ýene-de gaýtalanda, dulugyny salkynjak şemalyň sypanyny duýdy. Ol ýene-de öýüniň daşky otagynda durdy, eýýäm tanyş howaçalşaryň gözeneginden gelýän sowuk şemal onuň ýüzüne degýärdi. Ol ýene-de seýilgähde otyrdy we garry, juda garry goja bilen gürrüňdeş bolýardy. Seýilgähde-de sowujak şemal öwüsýärdi...

Monteg biraz ikirjiňlenip durdy-da, ýeneş sorag berdi:

— Mydama-da... hemişe-de şeýle boldumyka? Ýangyn beketleri, biziň işimiz? Gadym zamanlarda...

— Gadym zamanlarda!.. — diýip, Bitti gaýtalady. — Bu nähili gürrüň boldugy?

«Tentek, men nämeleri diýip otyryn? — diýip, Monteg oýlandy. — Öz syrymy açýan». Soňky ýangynda onuň eline çagalaryň ertekiler kitaby ilip, ol onuň birinji setirini okapdy...

— Men öňki döwürler diýjek boldum — diýip, ol mydyrdady.— Öýler heniz ýanmazak bolmadyk mahaly... — birdenem, göwnüne, bu sözleri onuň özi aýtmadyk ýaly boldy, ol başga kişiniň, has ýaşajyk biriniň sesini eşitdi. Monteg diňe agzyny açýardy, onuň ýerine bolsa Klarissa Maklellan gürleýärdi. — Eýsem, şonda ýangynçylar ýakmagyň deregine, ody söndürmeýärmidiler?

— Gör-le, munuň tapýan zadyny! — diýip, Stounmen bilen Blek, edil buýruk berlen ýaly, jübülerinden düzgünnamalar kitapçasyny çykaryp, Monteginiň öňünde goýdular. Düzgünlerden başga, onda Amerikanyň ýangynçylar toparynyň gysgaça taryhy berlipdir. Häzirem kitapçalaryň Montege gowy tanyş bolan hut şol sahypasy açyk ýatyrdy:

«Basylyp alnan ýerlerde iňlislere ýykgyn edýän edebiýaty ýakmak üçin 1790-njy ýylda esaslandyryldy. Ilkinji ýangynçy — Benjamin Franklin.

Düzgün:

1. Howsala zaňy ýaňlanan dessine gitmeli.

2. Dessine ot tutaşdyr.

3. Hemme zady soňuna çenli ýak.

4. Ýumşy ýerine ýetireniňden soň, dessine ýangyn bekedine dolanyp gel.

5. Indiki howsala zaňlaryna taýýar bol».

Hemmeler Montege seredýärdi. Ol ýerinden gozganmady.

Birdenem howsala zaňy ýaňlandy.

Özüniň iki ýüz sany kakuwyny urup, nobatçylyk edilýän otagyň üçeginiň aşagyndaky jaň kakylyp ugrady. Dört sany oturgyç dessine

boşap galdy. Kartlar gar kimin ýere döküldi. Mis syryk sandyrady. Adamlar gürüm-jürüm boldy.

Monteg henizem otyrdy. Aşakdaky mämişi aždarha jan girip hyňrandy.

Monteg oturgyçdan turup, göýä, ukuda ýaly bolup, syryk bilen aşak düşdi.

Mehaniki köpek öz keteginde gozgalaň tapdy, onuň gözlerinden ýaşylymtyl ot syçraýardy.

— Monteg, siz demir papagyňyzy ýatdan çykardyňyz!

Monteg diwardan asylgy demir papagyny alyp, ylgawyny ýazdyrman, basgançaga bökdi, maşyn ýöräp ugrady. Gijäniň ýeli zaňyň sesini we demriň güýçli şakyrdysyny çar tarapa ýaýratdy.

* * *

Bu köne mähelleleriň birindäki suwaglary gaçyp giden üç gatly jaýdy. Onuň gurlanyna ýüz ýyl dagy bolandyr. Öz döwründe şäheriň beýleki jaýlary ýaly, ýangyna çydamly garyndynyň ýukajyk gaty bilen örtülendi, göräýmäge, şu näzijek gorag gabygy hem ony gutarnykly ýumrulmadan halas eden ýalydy.

— Geldik!..

Motor ýene bir gezek tatyrdap öçdi. Bitti, Stounmen hem Blek galyň, ýangyna çydamly eşiklerini geýip, jaýa tarap eňdiler. Montegem olaryň yzyndan ylgady.

Olar öýe kürsäp girdiler. Gaçmak ýa-da bukulmak niýeti bolmasa-da, bir aýaly garbap tutdular. Ol aýal, kellesine taýak degip seňselän ýaly, garşysyndaky ýalaňaç diwara seredip, yraň atyp durdy. Onuň dodaklary çalaja müňküldeýärdi, gözlerinde-de bir zatlary hakydasyna getirjek bolup, ony-da ýadyna salyp bilmeýän ýaly garaýyş bardy. Ahyrsoňy ýadyna düşüp, dodaklaryny müňküldedip, şeýle diýdi: «Mert boluň, Ridli! Hudaý ýol berse, biz şu gün Angliýada şeýlebir şem ýakarys welin, ony hiç haçan söndürip bilmezler».

— Besdir! — diýip, Bitti onuň sözüni böldi. — Hany olar?

Ol rehimsizlik bilen aýalyň ýüzüne urdy-da, ýene-de soragyny gaýtalady. Garry aýal nazaryny Bittä dikip:

— Siz olaryň nirededigini bilmeýän bolsaňyz, bu ýere gelmezdiňiz — diýdi.

Stounmen kagyzjyga ýazylan telefonogrammany uzatdy: «Elm-Stritiň ugrundaky 11-nji jaýyň üçegini güman etmäge esas bar». Onuň aşagyna goluň ýerine «E. B.» diýlip ýazylypdyr.

— Bu, megerem, meniň goňşym hanym Bleýk bolsa gerek — diýip, aýal ýazga seredip dillendi.

— Hany, işe girişeliň!

Birsalymdan ýangynçylar eýýäm basgançak bilen ýokary galyp barýardylar, boş, alagaraňky otaglarda paltajyklaryny galgadyp, itenekleşip, uly goh bilen gygyryşyp, açyk gapylary döwýärdiler.

Monteg bütin durky bilen saňňyldap, agyr halda basgançakdan ýokary galyp barýarka, onuň üstüne bir topar kitap döküldi. Bul-a gowy bolmady! Öňler hemme zat ýeňil geçýärdi... Edil şemiň ýanygyny gyryp aýran ýaly. Ilki bilen, polisiýa işgärleri gelip, pidanyň agzyny ýelmeşegen plastyr bilen ýelimleýärdiler, soňam elini-aýagyny daňyp, awtoulaglaryna ýüklägede, nirädir bir ýerlere äkidýärdiler. Ýangynçylar gelende, jaý eýýäm boş bolýardy. Hiç kime yza çekdirmän, diňe goşlary dyr-pytrak edýärdiler. Goşlar bolsa agyry duýmaýar, olar bu aýal ýaly gygyryp ýa aglap bilmeýär. Şonuň üçinem soňra ynsabyň ejir çekdirmeýär. Edil köçe süpürijiniňki ýaly, adaty bir iş. Gyzgalaňly, hemme zat öz tertibi bilen! Kerosini bäri al! Otluçöp kimde?

Ýöne bu gün kimdir biri ýalňyşlyk goýberdi. Bu aýalyň bärde bolmagy öňden gelýän däbi bozdy. Şonuň üçinem onuň howply, sessiz gyjydynyň üstüni basmak üçin hemmeler, mümkin boldugyndan, köpräk goh etmäge, gaty gürleşmäge, degişmäge, gülüşmäge çytraşýardy. Ol aýal, hamala, ýalaňaç diwarlary gahardan ýaňa bagyrmaga, otagda ikibaka elewreşip ýören adamlaryň burnundan girip, kalbyna ýetýän günä tozgalaryny olaryň üstüne sepmäge mejbur edýän ýalydy... Tertipsizlik! Bu beýle bolmaly däl. Monteg birden gazaba mündi. Bir kem zat şudy. Wah, şu aýaly diýsene! Ol bu ýerde bolmaly däldi.

Kitaplar Montegiň eginlerine hem ellerine, ýokaryk seredip

duransoň, ýüzüne-de gaçýardy. Ine-de, bir kitap, göýä, ak kepderi ýaly ganatlaryny pasyrdadyp, göni onuň eline gondy. Söz nagyşlary çekilen akja ýelek ýaly bolup, öçügsije ýagtyda açyk sahypa görnüp gitdi. Işiň howul-haralygynda we başagaýlygynda Montegiň nazary kitapda diňe az pursatlyk eglendi, emma okap ýetişen setirleri, onuň beýnisine edil ot bilen basylan möhür ýaly boldy: «Wagtyň özem Günüň astynda meýmiräp ýatan ýalydy». Ol kitaby elinden gaçyrdy. Şobada-da eline başga bir kitap gaçdy.

— Eý, aşakdakylar! Monteg! Bärik geliň!

Montegiň eli kitaby öz-özünden gysdy. Ol ony özüni unudyp, oýlanman, paýhassyzlyk bilen döşüne basdy. Ýokarda, üçekde, ýangynçylar žurnallary dörüşdirip, tozan baryny turzup, olary aşak oklaýardylar. Žurnallar oka tutulan guşlar ýaly patyrdaşyp gaçýardy, aýal bolsa kiçijik gyzjagaz ýaly bolup, bu «jesetleriň» arasynda sessiz-üýnsüz durdy.

Ýok, onuň, Montegiň eden zady ýok. Hemmesini eli etdi. Eliniň öz beýnisi, wyždany, sandyraşyp duran barmaklarynyň her biriniň öz bilesigelijiligi bardy, hut şol el hem, birdenkä ogra öwrüldi oturyberdi. Şol el kitaby goltugyň aşagyna sokdy, derläp duran bedenine berk gysyp, boş halda ýene yzyna çykdy... Edil gözbagçynyňky ýaly çakganlyk! Serediň, hiç zat ýok! Baş üstüne! Hiç zat!

Ol howsala bilen bu akja ele seredýärdi, uzakdan gowy görýän adam ýaly, kä ony daşlaşdyrýardy, käte-de kör ýaly, ýüzüne golaýladýardy.

— Monteg!

Ol tisginip, yzyna öwrüldi. — Siz, näme, akylyndan azaşan ýaly bolup dursuňyz? Çekiliň bir gyra!

Kitaplar duzlamak üçin kenara dökülen balyklaryň üýşmegi ýaly bolup ýatyrdy. Ýangynçylar olaryň üstünden böküp geçýärdiler, büdräp ýykylýardylar.

— Kerosin!

Sorujylary işletdiler we 451-lik belgisi ýazylan çeleklerden kerosiniň sowuk akymy çüwdürilip çykdy — şol belgidäki çelek her

bir ýangynçynyň arkasyna berkidilendi. Olar her kitaby, her otagy kerosine gark etdiler. Soňra howlukmaçlyk bilen basgançakdan aşak düşdüler. Monteg kerosiniň ysyna demigip, büdräp, iň yzdan barýardy.

— Çykyň! — diýip, olar aýala gygyrdylar. — Çaltrak boluň!

Aýal çalam-çaş bolup ýatan kitaplaryň arasynda çöküne düşüp otyrdy, barmaklaryny kerosin dökülen kitaplara degirýärdi, sahaplarynyň nagyşlaryny sypalaýardy hemem gaharly nazary bilen Montege seredýärdi.

— Siz meniň kitaplarymy alyp bilmersiňiz — diýip, ol ahyrsoňy dillendi.

— Siz kanuny bilýäňiz — diýip, Bitti jogap berdi. — Akylyňyz nirede? Bu kitaplarda hemme zat biri beýlekisine ters gelýär. Duranja bir Babyl diňi-dä! Sizem uzak ýyllar şoňa baglanyp oturdyňyz. Hemme zady owarram edip, erkinlige çykyň! Bu kitaplarda ady tutulan adamlar, aslynda, hiç haçan ýaşap geçmändirler. Ýeri, bolýa, gideliň bu ýerden!

Aýal razylaşman, başyny ýaýkady.

Bitti:

— Häzir tutuş öý ot alar — diýdi.

Ýangynçylar gowuşgynsyzlyk bilen çykalga tarap barýardylar. Olar gaňrylyp, henizem aýalyň ýanynda duran Montege seretdiler.

— Ony bu ýerde taşlap gidip bolmaz ahyryn — diýip, Monteg gaharly gygyrdy.

— Gidesi gelmese nätjek?

— Onda mejbur etmeli!

Bitti çakmakly elini ýokary galdyrdy.

— Bize ýangyn bekedine dolanyp barmaga wagt boldy. Bu yňdarmalar welin, hemişe öz janlaryna kast edip ölmekçi bolýarlar. Bu bir belli zat-la.

Monteg aýalyň tirseginden tutdy.

— Ýörüň, biziň bilen gideliň.

— Ýok — diýip, aýal jogap berdi. — Aladaňyz üçin sag boluň!

Bitti:

— Men ona çenli sanaýan — diýdi. — Bir, iki...

— Haýyş edýän — diýip, Monteg aýala ýalbaryp ugrady.

— Siz gidiberiň — diýip, aýal jogap berdi.

— Üç. Dört...

— Ýörseňizläň, haýyş edýän — diýip, Monteg aýaly özi bilen alyp gitjek boldy.

— Men bärde galjak — diýip, aýal pessaýja jogap berdi.

— Bäş. Alty... — diýip, Bitti sanamagyny dowam etdirdi.

— Yzyny sanap oturmasaňyzam bolar — diýip, aýal barmaklaryny ýazdy, onuň aýasynda kiçijik çöpjagaz bardy.

Adaty otluçöp.

Ony gören ýangynçylar öýden okdurylyp çykdylar. Brandmeýster Bitti mertebesini saklajak bolup, haýallyk bilen çykalga tarap barýardy. Onuň çym gyzyl ýüzi müňlerçe ýangynlaryň hem gijeki howsalalaryň öwüşgini bilen ýalpyldaýardy.

«Eý, Hudaý — diýip, Monteg oýlandy. — Hakykatdanam, howsala zaňlary diňe gijesine bolýar. Hiç haçan gündiz bolmaýar. Näme üçinkä? Munuň sebäbi ýangynyň diňe gije has owadan, täsirlidiginden bolaýmasyn?».

Gapynyň agzynda eglenen Bittiniň ýüzünde gorky alamatlary göründi. Aýalyň eli otluçöpi gysymlap durdy. Howadan kerosiniň ysy gelýärdi. Ýygşyrylan kitap Montegiň goltugynda janlanan ýalydy, hakyky ýürek kimin, onuň döşünde däbşenekleýärdi.

— Gidiň — diýip, aýal pert gürledi.

Monteg Bittiniň yzy bilen gapa tarap, soňra basgançaklar bilen kerosiniň garamtyl yzynyň äpet gurçuk ýaly bolup ýatan ýeri bolan otluk meýdançajyga tarap götinläp barýandygyny duýdy. Aýal olaryň yzy bilen barýardy. Ol bosagada saklandy-da, parahatlyk bilen uzak wagtlap öýe seredip durdy. Onuň şeýdip dymyp durmagy-da olary ýazgarýardy.

Bitti çakmagyny çakdy.

Emma ol eýýäm gijä galypdy. Monteg gorkudan ýaňa doňup galana döndi.

Bosagada duran aýal olara ýigrençden doly nazary bilen bakyp, otluçöpi germeje sürtüp goýberdi.

Adamlar öýlerden ylgaşyp köçä çykýardylar.

* * *

Yzlaryna biri-birleriniň ýüzüne seretmän, dymşyp gaýtdylar. Monteg Bittidir Blek bilen öňde otyrdy. Olar, hatda şybyklaryny hem otlamaýardylar, gürlemän, ýola seredip barýardylar. Kuwwatly «Semender» çatryklardan uly tizlikde öwrülip, öňe okdurylyp barýardy.

— Ridli — diýip, Monteg ahyrsoňy dillendi.

— Näme? — diýip, Bitti sorady.

— Ol aýal «Ridli» diýdi. Biz öýe girenimizde, ol geň zatlary samyrdady:«Mert boluň, Ridli!». Ýene-de bir zatlar-a diýdi... Näme diýipd-ä...

— «Hudaý ýol berse, biz şu gün Angliýada şeýlebir şem ýakarys welin, ony hiç haçan söndürip bilmezler» — diýip, Bitti gaýtalady.

Stounmen bilen Monteg brandmeýstere geň galyp seredişdiler.

Bitti oýa batyp, alkymyny sypaşdyrdy.

— Bir müň bäş ýüz elli bäşinji ýylyň on altynjy oktýabrynda Oksfordda dine garşy gidýändikleri sebäpli diriligine oda ýakanlarynda, Latimer atly adam bu sözleri Nikolas Ridli diýen birine aýdypdyr.

Monteg bilen Stounmeniň nazary ýene-de ulagyň tekerleriniň astynda zordan saýgardýan ýola dikildi.

— Meniň beýnim her hili alnymlardan, jümlelerden doly — diýip, Bitti gürrüňini dowam etdi. — Brandmeýsterlerde beýle ýagdaý ýygy-ýygydan duş gelýän zat. Käwagtlar özümem geň galýan. Stounmen, pallap oturmasana!

Stounmen ulagy saklady.

— Al kakmyş! — diýip, Bitti gaharly gürledi. — Öwrülmeli çatrygymyzdan geçip gidipdiris.

* * *

— Kim bar?

— Menden başga kim bolsun? — diýip, Monteg tümlükden seslendi. Ol ýatylýan otagyň gapysyny ýapdy-da, ýadawlyk bilen onuň söýesine ýaplandy.

Biraz dymyşlykdan soň ahyry aýaly dillendi:

— Çyrany ýak.

— Maňa çyra gerek däl.

— Onda ýeriňe geç-de, ýat!

Ol aýalynyň nägilelik bilen düşeginde iki ýana agdarynýandygyny eşidýärdi. Ýaýjykly ýatalga zaryn jygyldady.

Aýaly:

— Sen serhoşmy? — diýdi.

Gör, niçigsi zatlar bolup geçdi! Baryna-da onuň elleri günäkär. Ol biygtyýar ilki bir eliniň, soňra beýlekisiniň egninden keltekçäni çykaryp, ony ýere taşlaýandygyny duýdy. Çykaran balagy elinde sallanyp durdy, ol ony uçuda oklan ýaly edip, tümlüge taşlady.

Onuň penjeleri ýokanç kesele uçrapdy. Tiz wagtdan ol tirseklerine ýeter, soňra eginlerine geçer, syçratgy ýaly bir kebzesinden beýlekä ýokuşar. Onuň elleri doýmaz-dolmaz nebsewürligiň ygtyýaryndady. Indi bolsa şol nebsewürlik gözlerine-de geçdi. Onuň birden, näme bolsa-da tapawudy ýok, bir zatlara yzyny üzmän seredesi geldi...

— O ýerde näme işleýäň? — diýip, aýaly sorady. Ol derden ýaňa çygjaran, sowuk elleri bilen kitaby gysyp, tümlükde yraň atyp durdy.

Bir minutdan aýaly ýene-de soragyny gaýtalady:

— Ýeri, otagyň ortarasynda şeýdip sömeljek durjakmy?

Onuň bogazyndan düşnüksiz, gyryljyk ses çykdy.

— Sen bir zatlar diýdiňmi? — diýip, aýaly sorady.

Onuň bokurdagyndan ýene-de düşnüksiz ses çykdy. Büdräp, sermeşdirip ýatalgasyna ýetdi-de, gowuşgynsyzlyk bilen kitaby buz ýaly sowuk ýassygyň aşagyna sokup, özüni düşege goýberdi. Montegiň aýaly gorkup, çirkin gygyrdy. Emma onuň göwnüne aýaly uzak bir ýerlerde, otagyň beýle burçunda, özüniň ýatan düşegi bolsa uç-gyraksyz deňziň içindäki buz bilen örtülen ada ýalydy. Aýaly bir zatlar gürleýärdi, ýöne Monteg üçin onuň aýdýanlarynyň baglanyşygy-da, manysy-da ýokdy. Bir gezek ol ýol daşlarynyň biriniň öýünde iki ýaşlyja çagajygyň edil şunuň ýaly peltekläp, gulaga ýakymly, emma hiç zat aňlatmaýan sözleri aýdyşyny eşidipdi...

Monteg dymýardy. Ýene-de onuň bogazyndan düşnüksiz

iňňildi çykanda, Mildred turup, ýanyna geldi. Eglip, ýaňagyny elledi. Mildred elini aýran mahaly, onuň aýasynyň çygjarandygyny Monteg bilýärdi.

* * *

Gijäniň bir wagty ol Mildrede seretdi. Ol heniz ýatman eken. Ümsümlikde pessaýja sazyň sesi eşidilýärdi. Aýaly gulagyna ýenede «çaňňalaklary» gysdyryp, alys ýurtlaryň ýat seslerini diňleýärdi. Onuň giňden açyk gözleri petige, garaňky tümlüge dikilgidi.

Monteg telefonda gürleşmegi halaýan aýal baradaky leji çykan ýomagy ýadyna saldy. Onuň adamsy günortanlyga näme taýýarlanandygyny bilmek üçin köçedäki iň golaý telefon awtomatyna baryp, şol ýerden jaň etmäge mejbur bolar eken. Belki, Montegem gijelerine aýaly bilen gürleşmek, onuň gulagyna bir zatlary pyşyrdamak, gygyrmak üçin, «çaňňalak» ýaly ykjamja bir zat edinmelidir? Ýöne näme pyşyrdajak? Näme hakda gygyrjak? Ol aýalyna nämeleri aýdyp biler?

Birdenem aýaly onuň gözüne keseki ýaly göründi, hamala, Monteg ony hiç haçan, hiç ýerde görmedik ýalydy. Göýä, ol serhoş halda başga bir gapyny açyp, ýat öýe girip, başga biriniň aýalynyň düşegine geçip, ir bilen turansoň işe gidip, özüniň-de, zenanyň-da hiç zady duýman galandygy barada aýdylýan ýomakdaky adam ýalydy.

— Milli! — diýip, ol pyşyrdady.

— Näme?..

— Gorkma! Bir zat sorasym gelýä...

— Diňleýän.

— Ikimiz haçan, nirede duşuşdyk?

— Näme sebäpli duşuşdyk? — diýip, aýaly sorady.

— Düşünmediň! Men ilkinji duşuşygymyz barada soraýan.

Ol şu wagt aýalynyň garaňkyda ýüzüni kürşerdip ýatandygyny bilýärdi.

Monteg has anygrak düşündirdi:

— Ilkinji gezek biri-birimize haçan duş geldik?! Şol nirede, haçan bolupdy?

— Şol... — diýip, aýaly sakyndy. — Meň-ä ýadyma düşenok.

Ol üşüdip ugrady:
— Eýsem, şolam ýadyňa düşenokmy?
— Ondan bäri köp wagt geçdi.
— On ýyl geçdi. Bary-ýogy on ýyl!
— Näme beýle gaharlanýaň? Men ýatlajak bolýan-a. — Ol birdenem kikirdäp, täsin gülküsini etdi-de: — Gülkünç! Dogrudanam, gaty gülkünç! Aýal-a adamsy, adamsam aýaly bilen ilkinji gezek nirede duşuşanyny unudypdyr — diýdi.
Monteg ýuwaşlyk bilen gabaklaryny, maňlaýyny, ýeňsesini owkalap ýatyrdy. Ýatlajak bolup, gözüni ýumdy. Nämüçindir, edil şu wagt Mildred bilen ilkinji gezek nirede duşuşandyklaryny ýatlamak onuň üçin dünýädäki bar zatdan wajypdy.
— Munuň hiç hili ähmiýeti ýog-a.
Aýaly turup, suwa düşülýän otaga giden borly. Monteg suwuň sesini, soňra aýalynyň derman atyp, yzyndanam gulkuldadyp suw içişini eşitdi.
Ol:
— Hawa. Onuň ähmiýetiniň ýok bolmagy-da ahmal — diýdi.
Monteg aýalynyň näçe derman atandygyny sanamaga çalyşdy we ýukajyk dodaklaryna çilim gysdyrylgy, ýüzleriniň reňki öçügsi şol iki sany adamy hemem towlanyp, ýata suwa barha çuň aralaşýan elektron gözli ýylany ýadyna saldy. Onuň Mildredi çagyryp: «Sen şu wagt näçe derman içdiň? Özüň bilmezdenem, ýene näçesini içjek?» diýip sorasy geldi. «Eger häzir bolmasa, biraz gijräk, eger şu gije bolmasa, indikide... Men bolsa, indi bu ýagdaý başlanansoň, şu gijänem, indikinem, ýene-de köp gijeleri ukusyz geçirerin». Ol şol gije bolup geçen zatlaryň hemmesini — düşeginde serlip ýatan aýalynyň gymyldysyz göwresini, alada bilen onuň üstünde eglişip duran däl-de, ellerini döşüniň üstünde gowşuryp, bir gyrada biperwaýlyk bilen seredip duran iki sany tämizlikçini ýadyna saldy. Monteg şol gije aýalynyň düşeginiň ýanynda durka, eger ol öläýse, onuň agysyny aglap bilmejegini duýdy. Sebäbi bu Monteg üçin tötänlikde köçede ýa-da gazetdäki suratda gören, haýsam bolsa bir ýat adamynyň ölümi ýaly boljakdy. Bu ýagdaý oňa şeýlebir

aýylganç göründi welin, ol, hatda agladam. Monteg Mildrediň öläýmeginiň mümkindigi üçin däl-de, ol öläýende-de, özüniň gözýaş edip bilmejekdigi üçin aglaýardy. Nadan, ruhy boş adam, ýanynda-da nadan, ruhy boş aýal, ony şol elektron gözli aç ýylan hasam boşadypdy...

«Bu boşluk nireden geldikä? — diýip, ol öz-özünden sorady. — Näme üçin özüňdäki bar zatlaryň ählisi gidip, diňe boşluk galdyka? Üstesine-de, şol güljagaz, şol süýtleňňiç!». Ol netije çykardy: «Haýp! Siz hiç kimi söýeňzok». Näme üçin ol hiç kimi söýmeýärkä?

Umuman-a, pikirlenip görseň, Mildred ikisiniň arasynda mydama-da diwar bardy. Birem däl-de, üç diwar bardy, olar oňa örän gymmat düşýärdi: bu diwarlarda ýaşan birtopar daýylardyr daýzalar, doganoglanlardyr ýegenler, elmydama many-mazmuny bolmadyk zatlary aýdyp, sesleriniň ýetdiginden goh turuzýan maýmynlaryň sürüsi! Ol ilkibaşdan olary «garyndaşlar» diýip atlandyrypdy: «Lýuis daýyň jany sagmy?» — «Kimiň?» — «Mod daýzaň özüni duýşy nähili?».

Mildred barada oýlananda, onuň göz öňüne köplenç nähili keşp gelýärdi? Tokaýyň içinde ýitip giden (ýöne hernäçe geňem bolsa, bu tokaýda agaçlar ýokdy) ýa-da, has dogrusy, birmahallar daragtlar bolan çölde azaşan gyzjagaz, ýöne Mildred öz «gürleýän» myhman otagynda diýseň has ýerine düşjek. Gürleýän myhman otagy! Nähili rast aýdylan söz! Monteg ol ýere haçan giräýsin, diwarlar Mildred bilen gürleşip oturandyr:

«Bir zatlar-a etmeli!».

«Hawa, hawa, hökman etmeli!».

«Onda biz näme hiç zat etmeýäris?».

«Beýdip durman, başlalyň-da!».

«Şeýlebir myrryhym tutýa welin, hut tüýkürmäge-de taýýar!».

Olar nämäniň gürrüňini edýärler? Mildred hiç zady düşündirip bilenokdy. Kimiň kime gahary gelýär?! Onam bilenok. Olaryň niýeti näme? Mildred: «Garaş, özüňem görersiň» diýip jogap berýär.

Ol oturyp garaşýar.

Diwarlardan onuň üstüne ses bary ýagýardy. Saz ony şeýlebir güýçli «oka tutýardy» welin, etlerini süňklerinden goparýan ýaly, äňlerini towlaşdyrýan

ýaly bolýardy, gözleri owasynda edil yrgyldawaçlar ýaly bökýärdi. Seňseleme ýaly bir zat. Bu zatlar tamamlanansoň bolsa, ol özüni uçutdan zyňlyp, howada pyrlap, şaglawuga oklanan ýaly duýýardy. Olam düýpsüz boşluga tarap çaltlyk bilen uçup barýardy, tizligi şeýlebir uludy welin, diwarlara-da degenokdy... Aşak... Aşak... Töwerek-daşda hiç zat ýok... Boşluk...

Gümmürdi ýatyşyp, saz sem bolýar.

— Ýeri, niçik? — diýip, Mildred soraýar. — Ajaýyp gerek?

Hawa, ajaýyp kemi ýok. Diwaryň ýüzündäki adamlar ýerinden gozganmasa-da, olaryň arasynda hiç zat bolmasa-da, şol wagt nämedir bir zatlar-a bolup geçdi. Emma sizde, hamala, kir ýuwulýan maşynyň içinden geçirilen ýa-da äpet uly tozan sorujy enjam soran ýaly duýgy bardy. Siz sazdan, sesleriň sazlaşyksyzlygyndan gerk-gäbe doýýarsyňyz.

Monteg myhman otagyndan gara dere batyp, huşuny ýitirmäň bäri ýanynda çykýardy. Mildrediň öz kürsüsinde şol bir oturyşydy. Montege welin, ýene «garyndaşlaryň» sesi gelip durdy:

Daýzasy: «Indi hemme zat gowy bolar» diýýärdi.

Doganoglany: «Kim bilýär entek ony?» diýip jogap berýärdi.

«Haýyş edýän, gaharlanma!».

«Kim gaharlanýar?».

«Sen».

«Menmi?».

«Hawa. Edil jynlan ýaly».

«Näme üçin beýle pikir edýäň?».

«Üçini-dä şol».

— Ýeri, bolýa! — diýip, Monteg gygyrýardy. — Ýöne olar nämäň üstünde harçaňlaşýalar? Olar kim? Şol erkek adam bilen şol aýal kim? Olar är-aýalmy? Öýlenýän ýigit bilen gelinlikmi? Aýrylyşanlarmy? Adaglananlarmy? Eý, Hudaý, hiç zada düşüner ýaly däl-ä?..

— Olar... — diýip, Mildred düşündirip başlaýardy. — Näme

diýsene, olar... Aý, umuman, olar tersleşdi. Özlerem ýygy-ýygydan sögüşýärler. Diňläp bir görsediň!.. Hawa, olar är-aýalmyka öýdýän. Hawa, hawa, hut şeýle — är-aýal. Ýeri, näme?

Eger myhman otagy ýa-da Mildrediň arzuwy bilen tiz wagtdan dördünjisi hem goşulmaly üç sany gürleýän diwar bolmasa, onda bu Mildrediň sagatda ýüz mil tizlik bilen sürýän üsti açyk ulagydy. Olar şäheriň içi bilen myçyp barýardy, Monteg gygyryp, aýalyna bir zatlary diýýärdi, olam gygyryp jogap berýärdi, ikisem motoryň güwwüldisinden başga hiç zat eşitmeýärdi. «Tizligini peselt!» diýip, Monteg gygyrýardy. Aýalam: «Näme?» diýip, gygyryp soraýardy. «Peselt. Tizligini sagatda elli bäş mile çenli peselt!». Aýaly ýene-de eşitmän: «Näme?» diýýärdi. Monteg bar güýji bilen: «Tizlik!» diýip gygyrýardy. Aýaly bolsa tizligi peseltmegiň ýerine, ony sagatda bir ýüz bäş mile ýetirýärdi. Montegiň huşy başyndan uçup gidýärdi.

Olar ulagdan düşen badyna bolsa, Mildrediň gulaklaryna eýýäm ýene-de «çaňňalaklar» gysdyrylgydyr.

Ümsümlik. Diňe penjiräniň aňyrsynda şemalyň mylaýymja öwüsgini eşidilýär.

— Mildred! — diýip, Monteg düşeginde ýatan ýerinden aýalyna tarap öwrüldi.

Elini uzadyp, aýalynyň gulagyndaky dykyny aýyrdy:

— Mildred! Mildred!

— Diňleýän — diýip, tümlükden çala eşidilýän ses ýaňlandy.

Montegiň göwnüne, özi hem telewizorly diwarlaryň aýna germewleriniň arasynda ýaşaýan täsin jandarlaryň birine öwrülen ýalydy. Ol gürlese-de, sesi aňyrsy görnüp duran päsgelçilikden geçip bilmeýärdi. Monteg aýaly bärsine öwrülip, özüni görer diýen umyt bilen diňe üm ýa-da el hereketleri arkaly düşünişip bilýärdi. Olar bu germew sebäpli, hatda biri-birlerine elini hem degrip bilenokdylar.

— Mildred, saňa bir gyz barada gürrüň berenim ýadyňa düşýärmi?

— Haýsy gyz? — diýip, ol oýaly-ukuly sorady.

— Goňşy öýde ýaşaýan gyz.

— Goňşy öýdäki haýsy gyz?

— Şol, mekdepde okaýan gyz. Onuň ady Klarissa.

— Hä-ä, hawa — diýip, Mildred jogap berdi.

— Men eýýäm birnäçe gün bäri oňa hiç ýerde duşamok. Has takygy, dört gün bäri. Sen ony gören-ä dälsiň-dä?

— Ýok.

— Men saňa o barada gürrüň bermekçidim. Ol örän täsin gyz.

— Hä-ä! Kimiň gürrüňini edýäniňi indi bilýän.

— Sen ony tanaýansyňam öýtdüm-le.

— Ol... — diýip, tümlükden Mildrediň sesi çykdy.

— Näme, ol? — diýip, Monteg sorady.

— Men saňa aýtjak bolup ýördüm welin, ýadymdan çykypdyr. Ýadymdan çykaýypdyr...

— Onda şu wagt aýdaý. Näme aýtjakdyň?

— Ol eýýäm ýok öýdýän.

— O nähili, ýok?

— Maşgala bolup bir ýerlere-hä gitdiler. Ýöne şo gyz ýok. Ol dünýäň azabyndan dynaýdy öýdýän.

— Sen başga biriniň gürrüňini edýän bolaýma?

— Ýok. Şo gyzyň gürrüňini edýän. Maklellan. Onuň familiýasy Maklellandy. Ony awtoulag kakdy. Dört gün mundan ozal. Takyg-a bilemok welin, ýöne ýurduny täzeledi öýdýän. Nähili bolanda-da, olaryň maşgalasy bu ýerden göçdi. Anyk bilemok. Ýöne dünýeden gaýdaýdy öýdýän.

— Şeýledigine ynamyň barmy?..

— Ýok, doly ynamym ýok. Ýogsa-da, hawa, ynamym bar.

— Näme üçin maňa öň aýtmadyň?

— Ýadymdan çykypdyr.

— Dört gün geçipdir-ä!

— Düýpgöter ýadymdan çykypdyr.

— Dört gün! — diýip, Monteg ýene-de ýuwaşjadan gaýtalady.

Olar garaňkylykda gymyldaman ýatyrdylar.

Ahyry aýaly:

— Gijäň rahat bolsun! — diýdi.

Monteg çalaja şygyrdy eşitdi: Mildred ýassygy sermeşdirýärdi. Onuň eliniň astynda, diri möjejik ýaly, radiodyky gymyldady, tiz

wagtdanam ol ýene-de Mildrediň gulagynda zyňňyldap başlady.

Monteg diň saldy — aýaly pessaýja hiňlenýärdi.

Penjiräniň aňyrsynda kölege göründi. Güýz ýeli şuwlady-da, ýene ýatdy. Emma gijäniň ümsümliginde Montege ýene bir täsin ses eşidildi: kimdir biri penjirä üfän ýaly boldy. Hamala, tüssäniň fosfor ýaly ýalpyldaýan ýaşylymtyl akymyna ýa-da ýeliň gaçyran uly güýz ýapragyna meňzeş bir zat otluk meýdançanyň üstünden geçip, ýitip giden ýalydy.

«Mehaniki köpek bolaýmasa — diýip, Monteg oýlandy. — Ol bu gün erkinlikde. Öýüň töwereginde selpäp ýör... Eger penjiräni açaýsaň...».

Ýöne ol penjiräni açmady.

* * *

Ir bilen ol üşüdip ugrady, soňam gyzgyny galdy.

— Näme, ýaraňokmy? — diýip, Mildred sorady. — Gaty geň zat!

Monteg pökgerip, gyzaran gözlerini ýumdy.

— Hawa, ýaramok.

— Dek düýnem sagatdyň-la!

— Ýok, meň öten agşamam ugrum ýokdy. — Ol «garyndaşlaryň» myhman otagyndan gelýän gohuny eşitdi.

Mildred bilesigelijilik bilen oňa nazaryny dikip, düşeginiň ýanynda durdy. Monteg gözüni süzgekledip ýatyşyna, aýalyna syn edýärdi — himiki erginlere ýanan saman ýaly saçlar, öçügsi göreçler, kesir görkezýän reňklenen dodaklar, hemişelik berhizden ýaňa çekirtgäniňki ýaly guran göwre, doňzuň ýagy ýaly ap-ak ten. Bilşine görä, aýaly hemişe-de şu sypatdady.

— Maňa suw bilen aspirin ber.

— Saňa turara wagt boldy. Gün günorta boldy. Sen bäş sagat artyk ýatdyň.

— Haýyş edýän, myhman otagyny öçürsene.

— Ol ýerde häzir «garyndaşlar» bar ahyryn!

— Sen syrkaw adamyň haýyşyny bitirip biljek dälmi?

— Bolýa-da, sesini peseldäýerin.

Ol çykdy, hiç zat etmänem, ýene dolanyp geldi.

— Indi gowumy?

— Sag bol.

— Bu meniň gowy görýän gepleşigim.

— Aspirin nirede?

— Sen öň hiç haçan syrkawlaňokdyň — diýip, Mildred ýene-de çykyp gitdi.

— Hawa, öň syrkawlamokdym. Indi welin syrkaw. Men şu gün işe gitjek däl. Bittä jaň et.

— Sen gije, birhili, biynjalykdyň. — Mildred ýuwaşjadan hiňlenip, onuň düşegine golaýlady.

— Hany aspirin? — diýip, Monteg özüne uzadylan suwly bulgura seredip sorady.

— Wiý! — diýip, Mildred ýene-de çykyp gitdi. — Näme düýn bir zatlar boldumy?

— Ýangyn. Başga bolan zat ýok.

— Men-ä öten agşam mazaly dynç aldym — diýip, aýalynyň sesi suwa düşülýän otagdan eşidildi.

— Näme işlediň beýle?

— Gepleşige seretdim.

— Näme görkezdiler?

— Oýun.

— Nähili oýun?

— Örän gowy oýun.

— Kim oýnady?

— Aý, tutuş topar diýseňem boljak.

— Tutuş topar, tutuş topar, tutuş topar... — Ol barmaklary bilen awuşap duran gözlerini owkalady. Birdenem bir ýerlerden gelen kerosiniň ysy onuň ýüregini bulap gaýtardy.

Mildred hiňlenjiräp otaga girdi.

— Sen näme işleýäň? — diýip, ol geň galyp sorady.

Monteg aljyrap, aşak seretdi.

— Biz düýn kitaplar bilen birlikde, bir aýaly-da ýakdyk...

— Halyny ýuwup bolýanlygam bir gowy zat.

Ol esgi getirip, halyny süpürip ugrady.

— Men düýn Elenlerde boldum.
— Oýny öýde görüp bolanokmy?
— Elbetde, görüp bolýa. Ýöne wagtal-wagtal myhmançylyga gitseň ýakymly bolýar.
Ol myhman otagyna çykdy. Monteg onuň aýdym aýdýan sesini eşitdi.
— Mildred! — diýip, ol aýalyny çagyrdy.
Hiňlenip, barmaklaryny saza goşup, çalaja şykgyldadyp, Mildred dolanyp geldi.
— Öten agşam işimizde näme bolanyny bilesiň gelenokmy? — diýip, Monteg sorag berdi.
— Näme boldy?
— Biz müň töweregi kitap ýakdyk. Bir aýalam ýakdyk.
— Ýakaňyzda näme?
Myhman otagy gümmürdiden ýaňa sarsyp durdy.
— Biz Dantäni, Swifti, Mark Awrelini ýakdyk...
— Ol ýewropalymydy?
— Şeýle öýdýän.
— Pitneçimi?
— Men ony hiç haçan okap görmändim.
— Düşnükli, pitneçidir. — Mildred göwünli-göwünsiz telefonyň tutaryny eline aldy. — Sen meniň brandmeýster Bittä jaň ederimi isleýäňmi? Näme üçin özüň edäýeňok?
— Men saňa aýtdym-a, jaň et diýip!
— Beýdip üstüme heňkirip durmasana!
— Men heňkiremok. — Ol ýüzüni dym gyzyl edip, gahardan ýaňa sandyrap, düşeginiň üstünde dikeldi. Petiş howada myhman otagy alagohdy.
— Özüm jaň edip bilemok. Oňa syrkawladym diýip aýdyp bilemok.
— Näme üçin?
«Sebäbi gorkýan — diýip, ol oýlandy. — Çaga ýaly syrkawsyran bolýan. Jaň etmeýändigimiň sebäbi, bu gysgajyk jaňlaşmanyň soňunyň nähili gutarjagyny bilýän: «Hawa, brandmeýster, ýagdaýym gowulaşdy. Hawa, sagat onda işde bolaryn».
Mildred:

— Sen asla syrkaw däl-ä — diýdi.

Monteg ýene düşegine gyşardy. Elini ýassygyň aşagyna sokdy. Kitap henizem şol ýerdedi.

— Mildred, men wagtlaýynça işimi taşlaýsam, näme diýersiň?

— O nähili? Sen hemme zady taşlajak bolýaňmy? Şunça ýyl işläniňden soňmy? Haýsydyr bir aýalyň öz kitaplary bilen...

— Eger sen ony gören bolsadyň, Milli?

— Meniň oň bilen işim ýok. Öýünde kitap saklamaly däl eken-dä! Özi günäkär! Öňräk gamyny iýmeli eken! Ýigrenýän şony. Ol seniň halys gözüňi-başyňy aýlapdyr, eýläňe-beýläňe seredip ýetişmänkäň, biz köçede galarys — öýüňem, işiňem, hiç zadyňam bolmaz!

— Sen o ýerde ýokduň, gözüň bilen görmediň — diýip, Monteg seslendi. — Eger-de ol aýalyň ýanyp duran öýden çykasy gelmedik bolsa, onda, diýmek, şol kitaplarda biziň göz öňüne-de getirip bilmeýän zatlarymyz bar bolarly. Hökman bardyr. Hiç bir sebäp ýok ýerden adam ölmäge kaýyl bolmaz.

— Ol akylyndan azaşandyr-da.

— Ýok, ol öz serindäki adamdy. Özümiz ýaly. Belki, bizdenem has paýhaslyrakdyr. Biz bolsa ony ýakdyk.

— Bu zatlaň bary ýatdan çykar gider.

— Ýok, bu zatlar geçibem gitmez, ýatdanam çykmaz. Sen, heý, ýanan öýi görüpmidiň? Ol birnäçe günläp köräp durýar. Bu ýangyny bolsa men ömrümiň ahyryna çenlem söndürip bilmen. Eý, Hudaý! Men ony öz aňymda öçürmekçi boldum. Bütin gije ejir çekdim. Tasdanam akylymdan azaşypdym.

— Bu zatlar barada ýangynçy bolmazdan has öňräk pikirlenmeli ekeniň.

— Pikirlenmeli! — diýip, ol gygyryp goýberdi. — Mende, näme, başga çykalga barmydy? Atamam, kakamam ýangynçydy. Men, hatda düýşümde-de özümi ýangynçy hökmünde görýärdim.

Myhman otagdan tans sazynyň sesi eşidilýärdi.

Mildred:

— Sen şu gün gündiz işlemelidiň — diýdi. — Özem iki sagat mundan öň gitmelidiň. Meň şu wagt ýadyma düşdi.

— Bar gep diňe ol aýalyň ölüminde-de däl — diýip, Monteg

gürrüňini dowam etdi. — Öten agşam şu on ýylyň içinde näçe kerosin sarp edenligim barada oýlandym. Şeýle-de, kitaplar barada pikir etdim. Ilkinji gezegem olaň hersiniň aňyrsynda bir adamyň durandygyna düşündim. Kimdir biri ýoňsuz wagt sarp edip, öz oý-pikirlerini, gelen netijelerini kagyza geçiripdir. Bu zatlar öň kelläme-de gelenokdy.

Ol düşeginden böküp turdy.

— Kimdir biriniň pikir eden, gören zatlarynyň azajyk bölejigini-de ýazmak üçin bütin ömrüni sarp eden bolmagy ahmal. Soňam birden men gelýän-de, bar zady iki minutyň içinde küle öwürýän oturyberýän.

— Meni bir öz günüme goýsana. Bu zatlara men günäkär däl-ä.

— Seni öz günüňe goýmalymy? Bolýar. Ýöne muny nädip başararkam? Ýok, bizi öz günümize goýmaly däl. Seýregem bolsa ynjalykdan gaçmagymyz gerek. Seni haýsydyr bir zadyň alada goýanyna näçe wagt geçdi? Hakyky, ähmiýetli bir zadyň alada goýanyna?

Ol birden dymdy. Geçen hepde bolan zatlaryň baryny ýadyna saldy — ýokaryk, tümlüge garap duran iki sany okara ýaly gözleri, elektron gözli ýylany — sorujyny hem agzyna çilim gysdyran iki sany biperwaý adamy. Hawa, şol wagtky Mildredi bir zatlar howsala salýardy, onda-da nähili howsala diýsene! Ýöne ol şu wagtky Mildrediň bir ýerlerinde gizlenip ýatan başga Mildreddi, olaryň arasynda hiç hili umumylyk ýokdy. Olar hiç haçan duşuşmandylar, biri-birini tanamandylar...

Ol beýlesine öwrüldi.

Birden Mildred:

— Ine, ahyry öz maksadyňa ýetdiň. Hana, seret, bir-ä öýe golaýlady — diýdi.

— Maňa tapawudy ýok.

— «Feniks» kysymly maşyn. Onuň içinde-de gara keltekçesiniň ýeňinde mämişi reňkli ýylan şekili bolan bir adam bar. Ol bärik gelýär.

— Brandmeýster Bittimi?

— Hawa, brandmeýster Bitti.

Monteg ýerinden gozganmady. Ol garşysyndaky sowuk, ap-ak diwara seredip durdy.

Ol:

— Ony öýe goýber-de, ýaramaýandygymy aýt! — diýdi.

— Özüň aýt! — diýip, Mildred otagyň içinde eýläk-beýläk gezmeläp ugrady. Birdenem gözlerini giňden açyp, doňup galdy — daşky gapynyň sesgüýçlendirijisinden: «Hanym Monteg, hanym Monteg, size myhman geldi, size myhman geldi. Hanym Monteg, size myhman geldi» diýen pessaýja ses eşidildi. Soňra sesgüýçlendiriji öçdi.

Monteg kitabyň jaýdar gizlenendigine göz ýetirdi, howlukman düşegine geçdi-de, kellesini ýassyga goýdy, döşüniň üstünde we epilen dyzlarynyň ýanynda ýorganças yny düzedişdirdi.

Özüni dürsän Mildred gapa tarap okduryldy, şo wagtam brandmeýster Bitti ellerini jübüsine sokup, haýal ädimläp, otaga girdi.

— «Garyndaşlary» öçür hany — diýip, ol Montege-de, onuň aýalyna-da garaman gürledi.

Mildred otagdan çykyp gitdi. Myhman otagdaky sesler sem boldy.

Brandmeýster Bitti iň oňaýly oturgyjy saýlap, oňa çökdi. Onuň jozzuk ýüzi parahat görünýärdi. Ol howlukman mis şybygyny otlap, goýy tüssesini üçege tarap üfäp goýberdi.

— Syrkawyň halyndan habar alaýaýyn diýip gelşim.

— Syrkawlanymy nireden eşidip ýörsüňiz?

Bitti kentlewügini we owunjak gant ýaly ak dişlerini syrtardyp, adatdakysy ýaly ýylgyrdy.

— Şeýle boljagyny öňünden bilýädim. Tiz wagtdan bir gijelik rugsat sorajagyňyzam bilýädim.

Monteg göwresini galdyryp, düşeginiň üstünde dik oturdy.

— Bolýa-da onda. Dynç alyberiň — diýip, Bitti sözüniň üstüni ýetirdi.

Ol hiç haçan ýanyndan aýyrmaýan, gapajygynda: «Bir million uçguna güwä geçilýär» diýlip ýazylan çakmagyny elinde oýnap otyrdy. Bitti ony aljyraňňy ýagdaýda ýakyp-söndürip durdy — ýakyp, kiçijik alawa seredip, birnäçe söz diýýärdi-de öçürýärdi, ýene-de ýakyp öçürýärdi-de, inçejik tüssäniň howada ýitip gidişine seredýärdi.

— Haçan gutulýaň? — diýip, ol sorady.

— Ertir. Ýa-da birigün. Geljek hepdäň başynda. Bitti şybygyny

kükedip oturyşyna:

— Ýangynçylaň hemmesi irde-giçde şeýle zatlary başdan geçirýär — diýdi. — Oňa bulardan baş alyp çykmaga ýardam bermeli. Onuň öz hünäriniň taryhyny bilmegi gerek. Öňler işe täze gelenlere bu zatlar düşündirilerdi. Indi bolsa beýle däl. Gynansak-da. — «Püff» edip, agzyndan tüsse çykarýar... — Ýangynçylygyň taryhy şu wagt diňe brandmeýsterleriň ýadyna düşýär. — Ýene-de «püff». — Men häzir size düşündireýin.

Mildred oturan ýerinde howsalaly gorsanjyrady.

Bitti has ykjamrak ornaşyp, birsalym sesini çykarman, oýa batyp oturdy.

— Siz bu zatlar nädip başlandy diýip sorarsyňyz — men öz işimiz barada aýdýan — nirede, haçan we nä sebäpli? Biziň düzgünnamalarymyzda has öňräk diýlip ýazylanam bolsa, bilşime görä, raýatlyk urşy döwründe başlanan bolmaly. Emma hakyky ösüş diňe surata düşürmek işleri ýola goýlansoň başlandy. Soňra ýigriminji asyryň başlarynda — kinonyň, radionyň, telewideniýäniň ornaşmagy bilen. Örän tiz wagtdan hemme zat köpçülikleýin öndürilip başlandy.

Monteg düşeginde gymyldaman otyrdy.

— Hemme zat köpçülikleýin bolanlygy sebäpli-de, olar ýönekeýleşdi — diýip, Bitti dowam etdi. — Birwagtlar kitaby ol-bu ýerde az sanly adamlar okardy. Şonuň üçin kitaplar-da dürli hilidi. Älem giňdi. Emma gözlerden, tirseklerden, agyzlardan ýaňa dünýä daralyp ugranda, ilatyň sany iki, üç, dört esse köpelende, filmleriň, radiogepleşikleriň, žurnallaryň hem kitaplaryň mazmuny-da belli bir çäge çenli pese düşdi. Köp zady öz içine alýan sakgyç ýaly-da. Siz maňa düşünýäňizmi, Monteg?!

— Düşünýämikäm-ä öýdýän — diýip, Monteg jogap berdi.

Bitti howada burum-burum bolup gaýmalap ýören çilim tüssesini synlaýardy.

— On dokuzynjy ýüzýyllygyň ilatyny göz öňüne getirmäge synanyşyň — itler, atlar, paýtunlar, durmuşyň haýal depgini. Soňra ýigriminji asyr. Depgin güýçlenýär. Kitaplaň göwrümi

kiçelýär. Gysgaldylan neşir. Gürrüň bermek. Gysgaça beýan. Artyk çyrşamaly däl. Çaltrak çözgüde ýetmeli!

— Çaltrak çözgüde ýetmeli — diýip, Mildred baş atdy.

— Nusgawy edebiýatçylaryň eserleri on bäş minutlyk radiogepleşige çenli gysgaldylýar. Soň-a hasam beter: iki minutda göz gezdirip boljak ýazgyň bir sütüni. Soňra ýene-de: ensiklopedik sözlük üçin on-on iki sany setir. Men, elbetde, çişirip aýdýan. Sözlükler maglumat almak üçin gerek bolupdyr. «Gamlet» bilen tanyşlygy... — siz, Monteg, elbetde, bu eseri gowy bilýänsiňiz, hanym Monteg, siziň üçin bolsa, munuň özi bary-ýogy çala tanyş ses bolup eşidilse gerek — hawa, «Gamlet» bilen tanyşlygy: «Ahyrsoňy siz nusgawy edebiýatçylaryň eserleriniň hemmesini okap bilersiňiz! Öz goňşularyňyzdan galmaň» diýip, öwünjeňlik bilen habar berýän ýygyndynyň gysgaça beýan etmegindäki bir sahypajyk bilen çäklenýänler az bolmandyr. Düşünýäňizmi? Çagalar otagyndan gös-göni kolleje, soňra bolsa ýene-de çagalar otagyna geçmek. Ine-de saňa, soňky bäş we ondan hem köp ýüzýyllyklaryň aň-düşünje ölçegi.

Mildred ýerinden turup, hiç bir maksatsyz goşlary ondan-oňa geçirişdirip, otagyň içinde gezmeläp başlady.

Bitti oňa ünsem bermän, gürrüňini dowam etdi:

— Indi bolsa plýonkany çalt aýlaň, Monteg! Çaltrak! Klik! Pik! Flik![1] Bärik, o ýere, janlyrak, çaltrak, şeýle, beýle, ýokaryk, aşak! Kim, näme, nirede, nähili, nä sebäpli? Ah! Wah! Gürp, tarp, şarp! Jyňňyrt! Gysgaldyň, gysyň! Beýanyň beýany! Beýanyň beýanynyň beýany! Syýasatmy? Bir sütün, iki jümle, sözbaşy! Bir minutdanam hemmesi ýadyňdan çykýar. Adamlaryň aňyny güýçli tüweleý ýaly aýlaň, çaltrak, çaltrak! — neşirýatçylaryň, telekeçileriň, radiogepleşikçileriň eli bilen, tä merkezden daşlaşýan güýç artykmaç, gerekmejek, peýdasyz pikirleriň hemmesini zyňyp taşlaýança!..

Mildred düşege golaý gelip, ýorgançany düzedişdirmäge durdy. Onuň eli ýassyga degende, Monteginiň ýüregi ýerinden gobsunan

1 Klik! Pik! Flik! — bu sözler suratlary köp, sözleri az bolan amerikan köçe neşirleriniň atlary bilen sazlaşýar.

ýaly boldy. Ine, ol ýassygy kakyşdyryp, arkasynda goýmak üçin Montegi ýerinden gozgajak bolup, onuň egninden tutup silkeleýär. Belki, ol gözlerini giňden açyp, gygyrar ýa-da elini ýassygyň aşagyna sokagada, gizlenip goýlan kitaby çykaryp: «Bu näme?» diýip sorar.

— Mekdeplerde okuwyň möhleti gysgaldylýar, tertip-düzgün pese gaçýar, pelsepe, taryh, dil dersleri ýatyrylýar. Iňlis diline hem-de orfografiýa gitdigiçe az wagt goýberilýär, iň soňunda-da düýpgöter aýrylýar. Ömür gysga. Saňa name gerek? Ilkinji nobatda, iş, işden soň bolsa güýmenje, olar bolsa töwerek-daşyňda, her ädimde näçe diýseň bar, lezzet alyber! Düwmeleri basmak, nurbatlary towlamak, hyrly myhlary gabat getirmek başarnygyndan başga zatlary öwrenmegiň nämä geregi bar?

Mildred:

— Hany, ýassygyňy düzedeýin — diýdi.

— Gerek däl — diýip, Monteg ýuwaşja jogap berdi.

— Iligiň ornuny syrma tutdy, ine-de, gussaly wagtda, ir bilen geýnip durkaň, bir zadyň üstünde pikirlenmek üçin artykmaç ýarym minutyň hem ýok.

— Bolsana! — diýip, Mildred gaýtalady.

— Aýryl! — diýip, Monteg jogap berdi.

— Durmuş tutuşlygyna aýlampaja öwrülýär, Monteg! Hemme zat jygyldaýar, gygyrýar, gürpüldeýär! Şarp, gürp, tarp!

— Tarp! — diýip, Mildred ýassygy çekip durşuna gygyrýar.

— Sen meni günüme goýjakmy ýa ýok? — diýip, Monteg naýynjar seslenýär.

Bitti geň galyp, gaşlaryny gerýär.

Mildrediň eli ýassygyň aşagynda doňup galýar. Onuň barmaklary kitabyň sahabyna degýärdi. Onuň nämedigine düşündigiçe-de ýüzi üýtgäp ugrady — ilki bilen, bilesigelijilik, soňra-da geň galmak... Onuň dodaklary gymyldaýar... Häzir sorar...

— Drama gümüne gitsin, goý, teatrlarda diňe masgarabazlaryň oýny galsyn, otaglarda bolsa aýnadan ýasalan diwarlar bolsun, goý,

olarda dürli reňkler oýnasynlar, konfettileriň[1] toplumy ýa gan, ýa-da heresdir sotern[2] ýaly dürli reňkler öwşün atsyn. Siz, Monteg, beýsboly halaýansyňyz-la?

— Beýsbol — gowy oýun.

Indi Bittiniň sesi goýy ümür perdesiniň aňyrsyndan, alys ýerden çykýan ýalydy.

— Bu näme? — diýip, Mildred ör-gökden gelip gygyrdy. Monteg agramyny onuň eliniň üstüne atdy. — Bu näme?

— Otursana walla! — diýip, ol azmly gürledi.

Mildred yza tesdi. Onuň elleri boşdy. — Näme, biziň gürleşip oturanymyzy göreňokmy?

Bitti hiç zat bolmadyk ýaly gürrüňini dowam etdi:

— Keglini halaýaňyzmy?

— Hawa.

— Golfy?

— Golf — ajaýyp oýun.

— Basketbol nähili?

— Olam ajap.

— Billiard, futbol?

— Gowy oýunlar. Hemmesem gowy.

— Mümkin boldugyndan sport, oýunlar, güýmenjeler köp bolsun — goý, adam elmydama mähelläň içinde bolsun, şonda oňa pikir etmek geregem bolmaz. Gitdigiçe sportuň täze görnüşlerini oýlap tapyň, gurnaň! Komiksler köp bolsun. Filmler köp bolsun. Oýlandyrýan zatlar az bolsun. Netijede, kanagatsyzlyk ýüze çykýar. Haýsydyr bir howsala. Köçeler adamlardan ýaňa hyryndykyn, hemmeler bir ýerlere howlugýar, niräliginiň tapawudy ýok. Şäherler syýahatçylaryň düşelgesine, adamlar bolsa, deňziň daşgynda hem gaýtgynda bolşy ýaly, kä o ýere, kä bu ýere enteşip, göçüp-gonup ýören çarwalara öwrüldiler — ine, ol bu gün gijesini şu otagda geçirýär, ondan öň bu ýerde siz, sizdenem öň men şu otagda gijämizi geçiripdik.

---

1 Konfetti — dürli reňkli tegelejik kagyz gyryndylary.

2 Heres, sotern — üzümden eredilýän ak çakyryň görnüşleri.

Mildred gapyny şarkyldadyp ýapdy-da, çykyp gitdi. Myhman otagda «daýzalar» «daýylaryň» üstünden gülüşýärdiler.

— Indi bolsa biziň siwilizasiýamyzdaky dürli, owunjak toparlar baradaky meseläni alyp göreliň. Ilat näçe köp boldugyça, şular ýaly ownuk toparlaram köp bolýar. Olaryň haýsy-da bolsa biriniň — itleri we pişikleri söýüjileriň, lukmanlaryň, aklawçylaryň, söwdagärleriň, başlyklaryň, mormonlaryň, baptistleriň, unitarileriň, hytaý, şwed, italýan, nemes göçegçileriniň nesilleriniň, tehaslylaryň, bruklinlileriň, irlandlaryň, Oregon ýa-da Mehiko ştatlarynyň ilatynyň göwnüne degmekden ägä boluň. Kitaplaryň, sahna eserleriniň, telegepleşikleriň gahrymanlary hakykatda bar bolan suratkeşlere, kartografara, mehaniklere meňzemeli däldir. Ýatda saklaň, Monteg, bazar näçe giň boldugyça, dawalardan şonça-da gaça durmalydyr. Göbeklerine seredip lezzet alýan bu toparlaryňdyr toparjyklaryň göwnüne degmekden Hudaýyň özi saklasyn. Päliýaman ýazyjylar, ýazuw maşynkalaryňyzy ýapyň! Aý, näme, olar şeýtdilerem. Žurnallar wanil şiresiniň bir görnüşine, kitaplar birneme süýjedilen ýuwunda öwrüldi. Iň bolmanda bir depen ýerini depip duran tankytçylaram şuny tekrarlaýardy. Olar: «Kitaplary hiç kimiň satyn almaýandygy geň zat däl» diýýärdiler. Emma okyjy özüne nämäniň gerekdigini gowy bilýär we şagalaňlara berilmek bilen, özüne komiksleri alyp galdy. Onsoňam, elbetde, erotik žurnallary. Hawa, şeýle, Monteg! Bularyň hemmesi-de ýokardan, hökümetiň hiç hili goşulyşmazlygynda bolup geçdi. Bu zatlar görkezmelerden, buýruklardan ýa-da gadagançylyklardan başlamady. Ýok! Tehnika, sarp edişiň köpçülikleýinligi we şol toparlaryň gysyş görkezmegi — häzirki ýagdaýa, Hudaýa şükür, ine, şu zatlar alyp geldi. Indi şolaryň tagallasy bilen elmydama bagtly bolup bilersiňiz: komiksleri, dürli söýgi hekaýatlaryny, söwda-mahabat neşirlerini isledigiňçe okaber.

— Ýöne muňa ýangynçylaryň näme dahyly bar? — diýip, Monteg sorady.

— Hä-ä — diýip, çilimiň tüssesine boglup outran Bitti öňe egildi. — Bu bir ýönekeýje zat-la. Mekdepler gözlegçileriň, tankytçylaryň,

alymlaryň hem sungat işgärleriniň ýerine ylgaýjylary, böküjileri, çapyksuwarlary, ýüzüjileri, motorlary dörjelemegi gowy görýänleri, uçarmanlary, awtosürüjileri has köp taýýarlap başlanlarynda, «aň-düşünjeli» diýen söz sögünje öwrüldi, ol şeýle bolaýmalam. Adam adatylygyň çäginden çykýan zatlary ýigrenýär. Hany, ýadyňyza salyň, mekdepde, synpdaşlaryňyzyň arasynda has zehinli çaga bolandyr-a? Ol beýlekilerden has gowy labyzly okandyr, sapaklarda ýygy-ýygydan jogap berendir, beýlekilerem doňňaradaş ýaly oturyp, ony çyn ýürekden ýigrenendirler. Sapaklardan soň, siz hut şony ýenjensiňiz, azar ýamanyny berensiňiz. Biziň hemmämiz meňzeş bolmaly. Baş kanunda aýdylyşy ýaly, doglan badymyza erkin hem deň däl-de, eýsem, geljekde barymyz meňzeş bolmaly. Goý, adamlar edil suwuň iki damjasy ýaly biri-birine meňzeş bolsun. Şonda hemmeler bagtly bolar, sebäbi olaryň ýanynda, özleriniň hiç zadyň alnyndan däldigini duýarlary ýaly, beýik adamlar bolmaz. Ine, şeýle! Kitap bolsa — bu goňşyň öýündäki ok sürlüp goýlan ýaragdyr. Ony ýakmaly! Okuny aýyrmaly! Adamyň aňyny jylawlamaly. Ertirki gün okumyş kişiniň nyşana aljak adamynyň kim boljakdygyny nireden biljek? Belki, men bolaryn? Ýek ýigrendigim şolar ýaly adamlar. Ine, onsoň bütin dünýäde jaýlary ýanmaýan zatlardan gurup, ýangynçylaryň öň ýerine ýetiren işlerine (olar öňler ýangyny söndürijiler bolupdyrlar, siz ony, Monteg, düýn dogry aýtdyňyz) mätäçlik aradan aýrylansoň, ýangynçylaryň üstüne täze borçlary ýüklediler — olary biziň asudalygymyzyň goragçylary edip goýdular. Edil gözbagçylykda bolşy ýaly, biziň beýlekilerden pesde bolmak gorkymyz hem tutuşlygyna şolarda jemlenendir. Olar resmi ýagdaýda biziň gözegçilerimiz, kazylarymyz hem hökümi ýerine ýetirijilerimiz boldular. Bu — siz, Monteg, hemem — men.

Myhman otagynyň gapysy açylyp, bosagada Mildred peýda boldy. Ol ilki Bittä, soňra Montege seretdi. Onuň aňyrsynda, myhman otagynyň diwarlarynda depregiň, tam-tamyň tutuksy urgularynyň hem simballaryň jyňňyldysynyň sazandarlyk etmeginde ýaşyl, sary we mämişi feýerwerkler jyzyrdaýardylar hem gümpüldeýärdiler. Mildrediň dodaklary gymyldap durdy, ol bir zatlar diýýärdi, emma

onuň sesini goh-galmagal basýardy.

Bitti şybygyndaky küli eliniň aýasyna kakyp, hamala, içine aralaşmaly syrly many bar ýaly, ony dykgat bilen synlamaga durdy.

— Siz biziň siwilizasiýamyzyň ägirtdigine düşünmeli. Ol şeýle bir uly welin, biz ony düzýän toparlaryň arasynda ýüze çykyp biläýjek tolgunyşyklara ýa-da närazylyklara ýol berip bilmeýäris. Özüňizden sorap görüň: bize hemme zatdan beter näme gerek? Bagtly bolmak, şeýle dälmi? Adamlar: «Biziň bagtly bolasymyz gelýär» diýýär. Eýsem, olar gerek zatlaryny almadylarmy? Eýsem, biz olary müdimilik hereketde saklamaýarysmy, olara wagtlaryny hoş geçirmäge mümkinçilik döretmeýärismi? Adam diňe şonuň üçin ýaşaýar ahyryn. Lezzet almak, ýiti duýgulary başdan geçirmek üçin. Ylalaşaýyň, biziň medeniýetimiz oňa şeýle mümkinçilikleri aňryýany bilen döredýär.

— Hawa.

Monteg gapynyň agzynda duran Mildrediň dodaklarynyň hereketinden onuň näme diýýänini aňşyrýardy. Ýöne ol aýalyna seretmezlige çalyşýardy, sebäbi Bittiniňem yzyna öwrülip, barysyna düşünmeginden howatyrlanýardy.

— Gara tenliler «Kiçijik gara Sambo» diýen kitaby halamaýarlar. Ony ýakmaly. Akýagyzlara «Tom daýynyň külbesi» ýaranok. Onam ýakmaly. Kimdir biri çilimiň öýkende düwnük keseliniň döremegine getirýändigi barada kitap ýazypdyr. Temmäki kärhanalarynyň eýeleri howsala düşýärler. Bu kitaby-da ýakmaly. Dynçlyk, asudalyk gerek, Monteg! Howsala döredýän zatlaryň baryny ýok etmeli. Peje zyňmaly! Adam jaýlamak gam-gussa batyrýar — bu butparazlaryň däbi. Adam jaýlamagy bes etmeli. Ölenden bäş minut geçensoň, ony «uly turba» tarap ýola salmaly. Ýogalanyna on minut bolansoň, adamdan bir çümmük gara kül galýar. Ölenleň agysyny aglamalyň! Olary ýatdan çykaralyň! Hemme zady ýakyň, ýandyryň! Ot alawlap ýanýar, ot arassalaýar.

Mildrediň aňyrsyndaky feýerwerkler öçýär. Şobada-da — nähili begençli ýagdaý — Mildrediň dodaklarynyň gymyldysy galýar. Monteg kynlyk bilen demini dürseýär.

— Şu ýerde, goňşulykda bir gyzjagaz ýaşaýardy — diýip, Monteg haýallyk bilen seslendi. — Ol eýýäm aramyzda ýok. Öläýdi öýdýän. Hatda oň ýüz keşbem gowy ýadyma düşenok. Ýöne ol beýlekilere meňzänokdy. Nädip beýle bolduka?

Bitti ýylgyrdy:

— Kä o ýerde, kä bu ýerde wagtal-wagtal şeýle-de bolaýýar. Seň diýýäniň Klarissa Maklellandyr, şeýle gerek? Biz onuň maşgalasyna belet. Olary gözegçilikde saklaýas. Nesil yzarlamadyr gurşap alan şertleriň örän täsin zatlardygyny aýdaýyn. Geň adamlaň hemmesinden dynaýmak aňsat iş däl, şeýtmek birnäçe ýylda-da başartmaz. Öý şertleri mekdebiň bermek isleýän zatlarynyň köpüsiniň soňuna çykyp biler. Şonuň üçinem biz hemişe çagalaryň çagalar baglaryna gitmeli ýaşyny yzygiderli pese düşürip geldik. Indi çagalary tas sallançakdan diýen ýaly garbap alýarys. Heniz olar Çikagoda ýaşaýarkalar, bize Maklellanlar barada habarlar gelip gowuşýardy, emma olaryň hemmesi toslama bolup çykdy. Biz olardan hiç hili kitap tapmadyk. Daýysynyň häsiýeti ýaramaz, ol garasöýmez bolupdyr. Ýöne, ynha, gyz welin, haýal ýarylýan bombaň bar-da. Maşgala onuň aňyna täsir edýän eken, men muňa onuň mekdep häsiýetnamasyny gözden geçiremde göz ýetirdim. Ony haýsydyr bir zadyň nähili edilýändigi däl-de, näme üçin, nä sebäpden edilýändigi gyzyklandyrypdyr. Munuň ýaly bilesigelijilik örän howpludyr. Näme üçin we nä sebäpden diýip sorap başlanyňdan soň, wagtynda saklanmagy başarmasaň, onda munuň soňy örän gynançly gutarar. Petigaranyň öleni özi üçinem gowy boldumyka diýýän.

— Hawa, ol öldi.

— Begendirýän ýeri, şolar ýalylar seýrek duş gelýär. Biz munuň ýaly meýilleriň wagtynda öňüni almagy başarýas. Heniz örän kiçijikkä. Agaçdyr çüýsüz öý gurup bolmaýar, eger-de öýüň gurulmagyny islemeýän bolsaň, onda agaçdyr çüýleri ýygşyr. Eger-de syýasat zerarly adamyň keýpiniň bozulmagyny islemeýän bolsaň, onda oňa meseläniň iki tarapyny-da seljermäge mümkinçilik berme. Goý, diňe bir tarapyny görsün, hiç tarapynam görmese-hä, hasam gowy. Goý, ýer ýüzünde uruş diýen zadyň bardygyny ýatdan

çykarsyn. Hemme zatdan beter, Monteg, asudalyk gerek. Dürli bäsleşikleri gurnaň, mysal üçin: meşhur aýdymjyklaryň sazyny kim gowy bilýär, ştatlaryň esasy şäherleriniň atlaryny kim aýdyp biljek ýa-da geçen ýyl Aýowa ştatynda näçe bugdaýyň ýygylandygyny kim bilýär? Tä adamlaň ýürekleri bulanýança kellesine sanlary salyşdyryň, ony ýönekeýje mysallardan dolduryň — bu gorkuly zat däl, tersine, olar özlerini has bilimli saýarlar. Olar, hakykatda, bir duran ýerinde duran-da bolsalar, özlerinde, hamala, pikirlenýän, öňe barýan ýaly duýgular dörär. Şunlukda, adamlar bagtly bolar, sebäbi olaryň kellesine salnan «mysallar» — bu üýtgewsiz bir zatdyr. Ýöne welin, olara pelsepe ýa-da jemgyýeti öwreniş ýaly sypjyk ylymlary beräýmäň! Olaryň netije çykaryp, umumylaşdyryp başlamaklaryndan Hudaý saklasyn. Munuň özi göwnüçökgünlige alyp barýandyr. Telewizor diwaryny söküp-düzüp bilýän adam — biziň günlerimizde bolsa muny köp kişi başarýar — älemi ölçäp, hasap çykarjak bolýan adamdan has bagtlydyr, sebäbi hiç zada ýaramaýandygyňy hem tenhadygyňy duýmazdan, ölçäbem, hasap çykarybam bolmaýar. Men ony bilýän, synanyşyp görüpdim. Bu zatlaň bary gümüne gitsin! Bize şatlyk-şagalaňlary, darbazlary hem gözbagçylary, howply hokgalary, reaktiw awtoulaglary, motosiklleri-dikuçarlary beriň. Iň ýönekeýje awtomatik duýgulary oýarýan zatlary köpräk beriň! Eger-de drama manysyz, film boş, komediýa bolsa gyzyksyz bolsa, onda maňa duýgulary oýaryjy zat beriň — gulagyňy gapyp barýan saz bilen beýnini sarsdyryň! Şonda bu diňe ses tolkunlaryna bolan mehaniki sesleniş bolsa-da, göwnüme, sahna eserine seslenýän ýaly bolaryn. Emma meniň üçin-ä tapawudy ýok. Men özümi gowuja siltelänlerini isleýän.

Bitti ýerinden galdy.

— Gidere wagtam boldy. Nutuk tamamlandy. Size hemme zady düşündiräýdim öýdýän. Esasy zat, Monteg, ýatda saklaň, biz — siz, men hem beýlekiler bagt ugrunda göreşijilerdiris. Biz jemgyýeti özleriniň gapma-garşy pikirleri hem nazaryýetleri bilen adamzady betbagt etmek isleýän az sanly bolgusyz kişilerden goraýarys. Biz bendiň sakçylary. Berkräk duruň, Monteg! Biziň

dünýämiziň göwnüçökgünligiň hem garaňky pelsepäniň akymynda gark bolmazlygyna gözegçilik ediň. Bar umydymyz sizde! Şu günki günüň bagtly dünýäsinde siziň, biziň näderejede gerekdigimizi bilýän hem dälsiňiz.

Bitti Montegiň ysgynsyz elini gysdy. Ol düşeginde gymyldaman otyrdy. Göwnüne, şu mahal üçek ýumrulyp, üstüne gaýtsa-da, gozganmajak ýalydy. Mildred häzir gapyda görnenokdy.

— Saňa şunam aýdyp goýaýyn — diýip, Bitti sözüni dowam etdi. — Işlän döwründe, her bir ýangynçyda iň bolmanda bir gezek şeýle pursat bolýar: birdenkä onda bilesigelijilik oýanýar. Kitaplarda nämeleriň ýazylandygyny bilesi gelýär. Şeýlebir bilesi gelýär welin, onuň garşysyna göreşmäge güýç tapmaýar. Bilip goýuň, Monteg, diňe bir nämeleriň ýazylandygyna göz aýlamak üçin, öz döwründe meniňem ençeme kitaplary okandygyma ynanaýyň, şonuň üçinem size aýdyp goýaýyn: kitaplarda hiç zat ýok. Ynanar ýaly, beýlekilere öwreder ýaly hiç zat ýok. Eger ol kyssa bilen ýazylan çeper eser bolsa, onda öň ýaşap geçmedik adamlar barada gürrüň berilýär, barypýatan toslama! Ol ylmy edebiýat bolsa-ha, ondanam beter: bir alym beýlekiniň samsykdygyny aýdýar, bir pelsepeçi beýlekiden has gatyrak gygyrjak bolýar. Hemmeler byzbydyklaşyp, çarp urýar, ýyldyzlary söndürmekçi, Güni öçürmekçi bolýar. Okadygyňça, başyň aýlanyp gidýär.

— Eger-de ýangynçy, ýaman niýeti bolmazdan, ýany bilen bir kitaby alyp gidäýse näme bolar? — Montegiň ýüzünde howsala alamatlary göründi. Açyk duran gapy, hamala, ägirt uly boş göz kimin, oňa garap durdy.

— Muňa düşünmek kyn däl. Ýönekeýje bilesigelijilik, başga hiç zat däl — diýip, Bitti jogap berdi. — Biz munuň üçin howsala düşüp, gazaba münmeýäris. Oňa bir gije-gündizläp kitaby saklamaga ygtyýar berýäris. Eger bir günden soň kitaby ýakmasa, oňa derek ony özümiz edýäris.

— Hawa. Düşnükli. — Montegiň bokurdagy gurap gitdi.

— Ine, bar bolany, Monteg! Belki, bu gün gijräk, gijeki çalşykda işe çykmakçysyňyz? Siziň bilen şu gün duşuşarysmy?

— Bilmedim-dä — diýip, Monteg jogap berdi.

— O nähili bileňzok? — diýen Bittiniň ýüzünde geňirgenme alamatlary göründi.

Monteg gözlerini ýumdy.

— Meň baraýmagymam ahmal. Ýöne biraz gijräk.

— Şu gün barmasaňyz-a gynanardym — diýip, Bitti şybygyny jübüsine salyp, oýa batyp durşuna gürledi.

«Men indi hiç haçan barman» diýip, Monteg içini gepletdi.

— Bolýa-da onda, saglygyňyza seredeweriň — diýen Bitti yzyna öwrülip çykyp gitdi.

* * *

Monteg penjireden Bittiniň kömür ýaly gap-gara tekerli gyzylymtyl sary öwüsýän tomzak-awtoulagyna münüp gidendigini gördi.

Penjireden köçe hem öň tarapy eýwansyz jaýlar görünýärdi. Bir gezek Klarissa olar barada näme diýipd-ä? Hä: «Indi jaýlaryň öň tarapynda eýwan ýok. Daýym aýtmyşlaýyn, öňler jaýlaryň eýwany bolupdyr. Agşamlaryna adamlar eýwanlarda oturyp, isleseler-ä biri-biri bilen gürrüňleşipdirler, islemeselerem, kürsülerinde yraň atyp, dymyp oturypdyrlar. Keýpine oturyp, bir zatlaryň pikirini edipdirler. Binagärler eýwanlaryň ýoguna çykypdyrlar, olar, hamala, jaýyň görküni gaçyrýarmyş. Emma daýym munuň häkibir bahanadygyny aýdýar, hakykatda welin, adamlaryň eýwanlarda oturyp dynç almaklaryna, kürsülerde ýaýkyldap oturyp gürrüňdeş bolmaklaryna ýol bermeli däl eken. Bu wagtyňy peýdasyz geçirmek hasaplanypdyr. Adamlar aşa köp gürleşýän ekenler. Pikirlenmäge-de wagtlary bolupdyr. Şonuň üçinem eýwanlaryň ýoguna ýanmak kararyna gelnipdir. Seýilgählerem şeýle. Indi jaýlaryň golaýynda saýalar ýaly baglar hem ýok. Öý goşlaryna serediň! Yraň atýan kürsüler ýitdi. Ol aşa amatly. Adamlaryň has köpräk hereketde bolmagy gerek. Daýym aýtmyşlaýyn... daýym aýdýar... daýym...». Klarissanyň sesi kesildi.

Monteg penjireden ýüzüni sowup, aýalyna seretdi. Mildred myhman otagda oturyp, alypbaryjy bilen gürleşýärdi, olam öz gezeginde Mildrede ýüzlenýärdi: «Hanym Monteg» diýip, bir

zatlary aýdyşdyrýardy. Soňra: «Hanym Monteg» diýip, ýene-de bir zatlar gürleýärdi. Olara ýüz dollara düşen ýörite enjam awtomatik ýagdaýda onuň aýalynyň adyny tutýardy. Alypbaryjy diňleýjilerine ýüzlenip, sözüne dyngy berýärdi we şol pursatda her öýdäki enjam öý eýeleriniň adyny tutýardy, başga bir ýörite enjam bolsa, telewizoryň ekranynda alypbaryjynyň ýüz hereketini üýtgedýärdi. Alypbaryjy öýüň dostudy, ýakyn hem gowy tanşydy...

«Hanym Monteg, indi bäriňize bakyň».

Diňlemeýänligi äşgär bolsa-da, Mildred kellesini öwürdi.

Monteg gürläp ugrady:

— Eger şu gün işe barmasam, onda ertirem, hiç haçanam gitmesem bolýa.

— Ýöne sen şu gün gidersiň-ä? — diýip, Mildred seslendi.

— Heniz belli bir netijä gelemok. Häzir bolsa mende diňe bir isleg bar — örän elhenç isleg — hemme zady ýykyp-ýumrasym gelýär.

— Awtoulagy alyp, biraz gezelenç et, şemalla!

— Ýok, sag bol.

— Awtoulagyň açary stoluň üstünde. Men şular ýaly ýagdaýlarda awtoulaga münýän-de, islän ugruma başymy alyp gidýän, çalt gitse bolany. Sagatda togsan bäş mile ýetirseň, örän gowy kömek edýär. Käwagtlar bütin gije gezelenç edip, daň atmazynyň öň ýany dolanyp gelýän, sen bolsa hiç zatdan habarsyz ýatansyň. Şäheriň etekleri ajaýyp ýerler. Kähalatlarda tekeriň aşagyna towşan ýa-da item düşýär. Alyp git ulagy.

— Ýok, bu gün oňaýyn. Men bu duýgynyň ýitip gitmegini islämok. Wah, al kakmyş, içimde bir zatlar-a gaýnap-joşýa! Muň nämedigine düşünýän däldirin. Özümem şeýlebir betbagt, şeýlebir gaharly. Şoň näme üçindigine-de düşünemok. Göwnüme bolmasa, pökgerip, çişip barýan ýaly. Hamala, içimi it ýyrtýan ýaly... Emma şolaryň nämedigini özümem bilemok. Meniň, hatda kitap okap başlaýmagymam ahmal.

— Beýtseň seni basarlar ahyryn — diýip, aýaly oňa, hamala, aralarynda aýnadan diwar bar ýaly seretdi.

Monteg otagda aljyraňňy ýagdaýda gezmeläp, geýinmäge durdy.

— Bassalar bassynlar. Belki, kimdir birini maýyp-müjrüp edäýmänkäm, basanlary ýagşydyr. Sen Bittini diňlediňmi? Onuň aýdanlaryny eşitdiňmi? Onda hemme zada jogap bar. Özem dogry aýdýar. Bagtly bolmak — bu örän wajyp. Bar zadyň özeni — şatlyk- şagalaň. Ony diňläp durşuma, şeýle pikir edýärdim: ýok, men betbagt, men betbagt.

— Men bolsa bagtly — diýen Mildred birenaýy ýylgyrdy. — Şoňa-da buýsanýan!

— Men ýöne oturmaly däl, bir zatlar edişdirmeli — diýip, Monteg dillendi. — Nämedigini özümem bilemok. Ýöne welin, şol juda wajyp zat bolmaly.

Mildred:

— Men bu samahyllamany diňlemekden irdim — diýdi-de, ýene-de alypbaryja tarap öwrüldi.

Monteg diwardaky sazlaýjyny elledi welin, alypbaryjynyň sesi sem boldy.

Monteg:

— Milli! — diýip, gürrüňe başlady. — Bu diňe meniňki däl-de, seniňem öýüň. Wyždanymyň öňünde päk bolarym ýaly, saňa aýdaýmaly zatlarym bar. Muny birwagt etmelidim welin, ony hatda özüme boýun almakdanam gorkýardym. Men saňa tutuş bir ýyllap gizläp goýan zadymy görkezeýin. Ýeke-ýekeden, ogrynça, tutuş bir ýyllap çöpledim. Näme üçin edenligimi özümem bilemok, emma şeýtdim, saňa-da hiç zat aýtmadym...

Monteg arkalygy göni oturgyjy alyp, howlukman, daşky otaga eltdi, girelgäniň golaýyndaky diwaryň ýanynda goýup, üstüne mündi. Edil münberiň üstündäki heýkel ýaly, az-owlak gymyldaman durdy, Mildred bolsa onuň ýanynda aşakdan ýokarlygyna seredip, garaşyp durdy. Soňra ol howaçalşaryň gözenegini bir gyra süýşürip, elini turbaň içine sokdy, sermeleşdirip, ýene-de bir gözenegi süýşürdi-de, şol ýerden bir kitap çykardy. Yzyna garaman, ony aşak oklady. Ýene-de elini sokup, iki sany kitap çykardy-da, olaram şeýtdi. Monteg kitap yzyna kitap çykaryp, aşak oklaşdyrýardy: kiçi, uly, sary, gyzyl, ýaşyl sahaply kitaplar. Ol iň soňky kitaby

çykaranda, Mildrediň aýagynyň golaýynda ýatan kitaplaryň sany ýigrimä golaýlapdy.

Ol:

— Meni bagyşla — diýdi. — Muny oýlanmazdan edipdirin. Indi bolsa bu işe ikimizem çolaşaýdyk öýdýän.

Mildred misli tagta düşemesiniň aşagyndan çykan bir süri syçan gören ýaly, entirekläp gitdi. Monteg onuň üzlem-saplam dem alşyny eşidýärdi, ak tam bolan ýüzüni, mölerip, doňup galan gözlerini görüp durdy. Mildred zol-zol onuň adyny gaýtalaýardy, soňra naýynjar iňňildi bilen kitaplara topulyp, olaryň birini alagada, aşhanadaky zir-zibil ýakylýan peje tarap okduryldy.

Monteg ony garbap tutdy. Mildred çirkin gygyryp, dyrnaçaklap, sypjak bolýardy.

— Beýtme, Milli, beýtme! Garaş! Bes et, haýyş edýän. Seň hiç zatdan habaryň ýok... Bes et diýdim men saňa! — diýip, Monteg onuň ýaňagyna şarpyk çaldy-da, eginlerinden tutup, silkeläp ugrady.

Mildred ýene Montegiň adyny tutdy-da, aglamaga başlady.

— Milli! — diýip, Monteg özelendi. — Maňa gulak as. Ýekeje sekunt! Ýalbarýan! Indi etjek alajyň ýok. Olary şu wagt ýakmak bolmaz. Men ilki olara göz gezdirmekçi, düşünýäňmi, ýekeje gezek göz gezdirjek. Eger-de brandmeýster mamla bolsa, onda biz olary bileje ýakarys. Söz berýän, bile ýakarys! Ýagdaýyma düşün. Maňa seň kömegiň gerek, Milli! — Monteg onuň ýüzüne seretdi. Alkymyndan tutup, ýüzüne siňe seredip, indi näme etmeli diýen soraga jogap tapmak isledi.

— Isleseň-islemeseň, biz eýýäm çoçgara çolaşdyk. Men şu geçen ýyllarda senden hiç haçan, hiç zat haýyş etmändim, häzir welin haýyş edýän, ýalbarýan. Biz irde-giçde bu zatlaň näme üçin şeýle bolanlygyndan baş alyp çykmaly — sen hem gerdejikler, hiç bir maksatsyz gijeki ulagly gezelençler, men hem meniň işim. Biz uçuda golaýlaýas, Milli! Ýöne, jyn urmuş, men muny islämok. Bize ýeňil düşmez, hatda nämeden başlajagymyzam bilemzok, emma mundan baş alyp çykmaga, oýlanyşyp, birek-birege kömek etmäge çalşarys. Hut şu wagt men seň kömegiňe mätäç, Milli! Näderejede

mätäçdigimi düşündiribem bilemok! Sen meni sähelçejik söýýän bolsaň, birki gün gaýrat edip çyda. Senden haýyş etjek zatlarymyň bary şu — şoň bilen hemme zat tamamlanar! Söz berýän! Egerde bu kitaplarda degerli bir zat bar bolsa, bulam-bujarlygyň içinde pähim-paýhasdan dynnym ýalyjak düşünje bar bolsa, biz ony başgalara-da ýetirip bilerdik.

Mildred indi garşylyk görkezmänsoň, Monteg onuň ellerini goýberdi. Mildred entirekläp, diwara golaýlady-da, mejalsyz halda oňa ýaplandy, soňra ýuwaş-ýuwaşdan syrylyp, aşak çökdi. Ol çalam-çaş bolup ýatan kitaplara seredip, dymyp otyrdy. Aýagy kitaplaryň birine degende, ol hasyr-husur aýagyny yza çekdi.

— Düýn şol aýal... Sen o taýda ýokduň, Milli, sen onuň ýüzüni görmediň. Klarissa-da... Sen hiç haçan onuň bilen gürleşip görmändiň. Men bolsa gürleşdim. Bitti ýalakylar ondan gorkýar. Men düşünemok! Olar Klarissadan we Klarissa ýalylardan nämüçin gorkýarka? Öten agşam nobatçylyk edemde, Klarissany beketdäki ýangynçylar bilen deňeşdirip başladym, şonda olaram, özümem ýigrenýändigime düşündim. Şonda şeýle pikire geldim: belki, ýangynçylaň özüni ýaksaň has gowy bolardy?

— Gaý!

Gapynyň sesgüýçlendirijisi ýuwaşja madyrdady: «Hanym Monteg, hanym Monteg, size myhman geldi, size myhman geldi».

Ümsümlik.

Olar gorky bilen girelgä, soňra ýerde pytraşyp ýatan kitaplara seretdiler.

— Bitti! — diýip, Mildred seslendi.

— Bolup bilmez. Bu o däldir.

— Ol gaýdyp geldi! — diýip, Mildred pyşyrdap gürledi.

Sesgüýçlendirijiden ýene-de ýuwaşja ses eşidildi: «...Size myhman geldi».

— Gapyny açmaly däl.

Monteg diwara söýendi, soňra ýuwaşlyk bilen çommalyp oturdy-da, näme edýänini özi-de bilmän, ilki birini, soň beýlekisini alyp, aljyraňňylyk bilen kitaplary saýlaşdyryp ugrady. Ol tutuş süňňi bilen saňňyldaýardy, hemme zatdan öňürti kitaplary ýene-de howaçalşarda

gizlemek isleýärdi. Monteg brandmeýster Bitti bilen ýene-de bir gezek ýüzbe-ýüz bolmaga gurbatynyň çatmajagyny bilýärdi. Ol ilki çommaldy, soňra ýerde ymykly jaýlaşyp oturdy. Girelgäniň golaýyndaky sesgüýçlendirijiniň sesi indi has gatyrak çykyp ugrady. Monteg kitaplaryň kiçeňräk bir jildini ýerden galdyrdy.

— Nämeden başlaly? — Ol kitabyň içini açyp gördi. — Başdan başlamalymyka diýýän...

Mildred:

— Häzir ol girip, kitaplar bilen birlikde özümizem ýakar — diýdi.

Gapyň golaýyndaky sesgüýçlendiriji ahyry sem boldy. Ümsümlik. Monteg gapyň aňyrsynda kimdir biriniň durandygyny duýýardy: ol garaşýardy, diň salýardy. Soňra aýak sesleri eşidildi. Olar barha daşlaşýardy. Ýodajykdan barýar. Soňra otluk meýdançadan geçdi...

Monteg:

— Hany, bärde näme ýazylanyny göreli — diýdi.

Ol bu sözleri, göýä, utanç-haýadan ýaňa ýere girip barýan ýaly sakynyp, zordan aýtdy. Monteg onlarça sahypany gözden geçirip, bir ýerinden beýlekä geçip, şu setirlerde saklandy: «Şu döwrüň içinde, ýumurtgany çowly tarapyndan deşmeli diýen buýruga tabyn bolmasak bolýa diýen on bir müňe golaý adama jeza berlendigi takyklandy».

Mildred onuň garşysynda otyrdy.

— Bu näme boldugy? Bütinleý manysyz zat-la! Brandmeýster mamla eken!

— Hany, entek sabyr et — diýip, Monteg jogap berdi. — Täzeden başlaly. Başyndan başlaly.

## II bap
## Elek hem çäge

Är-aýal uzakly gün okadylar, ümsüm öýüň üstüne sowuk noýabr ýagşy guýýardy. Olar daşky otagda okaýardylar. Myhman otagy boş hem içgysgynç görünýärdi. Onuň sem bolan diwarlarynda konfettileriň älemgoşary oýnamaýardy, feýerwerkler ýalpyldamaýardy, zer köýnekli aýallar ýokdy, gara mahmal penjekli erkek kişiler bolsa, kümüş silindrlerden ýüz gadaklyk towşanlary çykarmaýardy. Myhman otagy dym-dyrslykdy. Mildred doňup galan, hiç bir many aňlatmaýan ýüzi bilen häli-şindi dymyp duran diwarlara seredýärdi, Monteg bolsa kä otagyň içinde gezmeläp, käte-de çommalyp oturyp, haýsydyr bir sahypany daşyndan ençeme gezek gaýtalap okaýardy: «Hut haýsy pursatda dostlugyň döreýändigini aýtmak kyn. Bir gaba birsyhly suw damdyranyňda, ol iň soňky damjadan pürepür bolýar, şonda suw gabyň erňeginden agyp ugraýar. Bu ýerde-de şonuň ýaly: oňyn hereketleriň içinde haýsydyr biri ýüregiňi joşa getirýär».

Monteg ýagşyň sesine diň salyp otyrdy.

— Belki, şol goňşulykda ýaşan gyzda-da hut şeýle zat bolandyr? Meniň oňa näler düşünesim gelýärdi.

— Ol öldi ahyryn. Haýyş edýän, diri adamyň gürrüňini edeli-le.

Monteg aýalyna-da garaman, ysytma tutan ýaly saňňyldap, aşhana tarap ugrady. Ol penjiräniň aýnalaryna urulýan ýagyş damjalaryna seredip, şol ýerde kän durdy. Saňňyldysy aýrylansoň, alagaraňky daşky otaga dolanyp, başga bir kitaby eline aldy:

— «Biziň gowy görýän mowzugymyz: özüň barada». — Ol gözlerini süzüp, diwara seretdi. — «Biziň gowy görýän mowzugymyz: özüň barada».

Mildred:

— Ine, şüý-ä maňa düşnükli — diýdi.

— Ýöne Klarissa üçin bu gowy görülýän mowzuk däldi. Ol başgalar barada, men hakda gürlemegi halaýardy. Köp ýyllaň dowamynda maňa duş gelen adamlaň içinde men diňe şony, hakykatdanam, gowy

gördüm. Ýadyma düşýän adamlaň arasynda diňe şol, hamala, ähmiýetli bir zat görýän ýaly, gös-göni gözüme seredýärdi.

Ol edil ýaňy okan kitaplarynyň ikisini-de ýerden galdyrdy.

— Bu adamlar birwagt ölüp gidipdir, emma men bu ýerde ýazylan zatlaryň hemmesiniň azda-kände Klarissa bilen baglanyşygynyň bardygyny bilýän. Daşarda, ýagşyň astynda biri gapyny çalaja tykyrdatdy.

Monteg doňup galdy. Mildred çirkin gygyryp, diwara gysmyljyrady.

— Gapyň aňyrsynda bir-ä bar... Sesgüýçlendiriji näme üçin dymýarka?

— Men ony öçürdim.

Gapynyň aňyrsyndan ýuwaşja pyşgyrma, elektrik bugunyň ýeňiljek hyşşyldysy eşidilýärdi.

Mildred hahahaýlap güldi.

— Bul-a bir it eken-le... Başga zat däl! Kowaýynmy?

— Ýok! Gymyldaman otur!

Ümsümlik. Daşarda çisňäp, sowuk ýagyş ýagýardy. Ýapyk gapynyň aşagyndan bolsa, mawy elektrik uçgunlarynyň ýiti ysy gelýärdi.

— Dowam edeli — diýip, Monteg parahat äheňde gürledi.

Mildred aýagy bilen kitaby pyzyp goýberdi.

— Kitap — adam däl. Sen okaýaň, men bolsa daş-töweregime seredýän — hiç kim ýok!

Monteg myhman otagynyň diwarlaryna seretdi: olar durmuşdan ýaňa gaýnap-joşmaga taýýar ummanyň suwlary ýaly öçügsi hem çalymtyldy.

— «Garyndaşlar» bolsa diri adamlar. Olar sorag berýärler, men gülýän, olaram gülýäler. Reňkleri diýsene...

— Hawa. Bilýän.

— Onsoňam bu kitaplar barada brandmeýster biläýse... — Mildred oýa batdy. Onuň ýüzünde geň galmak, soňra bolsa gorky alamatlary göründi. — Ol bu ýere gelip, öýem, «garyndaşlaram», hemme zadam ýakar! Nähili elhençlik! Pikir edip gör, biz bulara näçe pul harçladyk! Men nä sebäpden bu kitaplary okamaly? Näme üçin?

— Nä sebäpdenmi? Näme üçinmi? — diýip, Monteg gygyrdy. — Geçen gije men ýylan gördüm. Hiç ýerde şondan nejis zat ýokdur! Ol öli ýaly bolsa-da, diridi. Ol seredip bilýärdi, emma görmeýärdi. Ony göresiň gelýärmi? Ol «Tiz kömek» hassahanasynda, ol ýerde

seniň içiňden nähili ýürekbulanjy zatlaryň sorulyp çykarylandygy jikme-jik ýazylgydyr. Belki, gidip, şol ýazgyny okarsyň? Ýöne ony haýsy sözbaşyň astyndan gözlemelidigin-ä bilemok: «Gaý Montegmi», «Gorkumy» ýa-da «Uruş»? Belki-de, düýnki ýanan jaýa baryp görersiň? Külüň içinden jaý bilen bilelikde özüni ýakan aýalyň süňklerini taparsyň? Klarissa Maklellan näme? Ony nireden gözlejek? Meýithanadanmy? Ynha, diňle! Öýüň üstünden, göýä, asmanyň boş deşiginde göze görünmeýän äpet ýelpewaç aýlanýan ýaly ses edip, biri-biriniň yzyndan bombalaýjylar geçip gitdi.

— Eý, Hudaý! — diýip, Monteg gürledi. — Her sagat bular üstümizden şuwlap geçýärler! Durmuşymyzyň her sekundy şulardan doldurylan! Näme üçin bu barada hiç kim gürrüň etmeýär? 1960-njy ýyldan soň, biz iki gezek atom urşuna başlap, ikisinde-de ýeňdik. Biz bu ýerde şeýlebir şatlanýas welin, başgalar barada pikirem edemzok. Beýlekileriň garyp bolup, biziňem olar bilen işimiz bolmanlygy üçin, biz şeýle baý bolan bolaýmaly? Men bütin dünýäde adamlaň açlyk çekýändigini eşitdim. Biz weli, dok! Bütin dünýäň depesinden gum sowrup işleýändigini eşitdim. Biz bolsa şatlanýas. Bizi ýigrenýändikleriniň sebäbi şunda bolaýmasyn? Men öňler bizi hemmeleriň ýigrenýändigini eşidipdim. Nä sebäpden? Näme üçin? Sen bilýäňmi? Men-ä bilemok. Belki, şu kitaplar gözümizi açar? Belki, şol bir elhenç ýalňyşlyklary gaýtalamagymyzyň öňüni alar? Seniň myhman otagyndaky paňkelleleriň bu barada gürrüň edenine men-ä duşmadym. Eý, Hudaý, Milli, näme üçin seň düşünesiň gelenok? Eger her gün az-azdan, aýdaly, günde bir ýa iki sagat okasaň, şonda, belki...

Telefon jyňňyrdady. Mildred ony garbap aldy.

— Bu senmiň, Enn! — diýip, ol şadyýan ýylgyrdy. — Hawa, Ak masgarabaz! Şu gün agşamky ýaýlymda!

Monteg aşhana çykyp, kitaby stoluň üstüne zyňyp goýberdi.

«Monteg! — diýip, ol öz-özüne ýüzlendi. — Sen, hakykatdanam, samsyk. Ýöne näme etmeli? Kitaplar barada bekede habar bermelimi? Olary ýatdan çykarmalymy?». Ol Mildrediň gülküsini eşitmejek bolup, ýene-de kitabyň gatyny açdy. «Wah, petigara Milli — diýip, ol

pikir etdi. — Biçäre Monteg. Señ özüňem olardaky zatlara düşüneňok ahyryn. Munça wagt geçensoň, kimden kömek soramaly, nireden mugallym tapmaly?».

Ýan bermeli däl. Ol gözlerini ýumdy. Hawa-la, elbetde. Ol ýene-de bir ýyl mundan öň tötänden baran şäher seýilgähi barada pikir edýändigini duýdy. Soňky wagtlar ol muny ýygy-ýygydan ýatlaýardy. Häzirem şol gün bolan zatlaryň hemmesi jikme-jik ýadyna düşdi: seýilgähiň baga bürenip oturan bir burçy, oturgyçda gara penjekli bir goja otyr. Ol Montegi görüp, çaltlyk bilen nämedir bir zady paltosynyň jübüsinde gizledi.

...Goja gaçjak bolýan ýaly, laňňa ýerinden galdy. Monteg:

— Aýak çekiň! — diýdi.

— Meniň näme günäm bar? — diýip, goja saňňyldap gürledi.

— Men siziň günäňiz bar diýemok ahyry — diýip, Monteg jogap berdi.

Mymyjak ýaşyl ýapraklaryň kölegesiniň astynda olar birsalym dymyp oturdylar. Soňra Monteg howa barada gürrüň açdy, goja-da ýuwaşja, ysgynsyzja sesi bilen jogap berýärdi. Bu, birhili, geň, örän parahat hem asuda gürrüňdeşlikdi. Goja öň iňlis diliniň professory bolandygyny boýun aldy. Okuwçy sany ýetmänligi hem maddy kömek bolmanlygy sebäpli, iň soňky mekdep ýapylansoň, ol kyrk ýyl mundan ozal işinden mahrum bolupdyr. Gojanyň ady Faber eken. Montegden gorkusy kiparlansoň, ol arkaýyn, ine-gana gürläp ugrady: asmana, agaçlara, seýilgähiň ýaşyl çemenligine garap, ýuwaşja, birsydyrgyn gürleýärdi. Ikisi bir sagat töweregi gürleşdi, birdenem goja ýatdan bir zatlary okady welin, Monteg onuň goşgudygyna düşündi. Soňra goja hasam ekezlenip, ýene-de bir zatlary okaşdyrdy, olaram goşgudy. Eli bilen paltosynyň çep jübüsini gysyp, Faber sözleri mylaýymlyk bilen aýdýardy, Montegem elini uzatdygy, gojanyň jübüsinden goşgular ýygyndysynyň çykjagyny bilýärdi. Ýöne ol beýtmedi. Onuň elleri ysgynsyz ýagdaýda gymyldaman, dyzlarynyň üstünde ýatyrdy.

— Men zatlaryň özi barada aýdamok ahyry, jenap! — diýip, Faber gürrüň berýärdi. — Men olaryň ähmiýeti barada aýdýan.

Ynha, men şu ýerde otyryn hemem özümiň ýaşaýandygymy bilýärin.

Şonda bolup geçen zatlaň bary şu. Bir sagada çeken gürrüňdeşlik, goşgular hem aýdylan şu sözler. Soňra goja bir bölejik kagyzyň ýüzüne sandyrap duran barmaklary bilen öý salgysyny ýazdy. Şu pursada çenli olaryň ikisi-de Montegiň ýangynçydygyny ýatlatmakdan gaça durupdy.

Goja:

— Bu siziň kartotekaňyz üçin — diýdi. — Birden maňa gaharlanmakçy bolsaňyz gerek bolar.

— Men size gaharlanamok — diýip, Monteg geňirgenip jogap berdi.

* * *

Daşky otagda Mildred çirkin sesi bilen hahahaýlaýardy. Ýatylýan otagdaky diwar yşgabyny açyp, Monteg «Geçirilmeli aňtaw işleri» diýen ýazgyly çelekdäki ýazmaçlary elden geçirýärdi. Şol wagt ol gojany şugullamandy, ýöne salgysyny-da ýok etmändi.

Monteg gojanyň telefon belgisine jaň etdi. Simiň o çetinde signal birnäçe gezek Faberiň adyny gaýtalady, ahyrynam, professoryň ysgynsyzja sesi eşidildi. Monteg öz adyny aýtdy. Goja ýoňsuz wagt dymandan soň:

— Diňleýän, jenap Monteg! — diýdi.

— Professor Faber, meniň size adaty bolmadyk soragym bar. Biziň ýurdumyzda Injiliň näçe nusgalygy galdy?

— Men-ä näme hakda gürrüň edýäniňize düşünýän däldirin.

— Bizde Injiliň iň bolmanda ýekeje nusgalygy bir galdymyka, meň şony bilesim gelýär.

— Näme, maňa duzak gurjak bolýaňyzmy? Men her öňýeten bilen telefonda gürleşip ýöremok.

— Şekspiriň, Platonyň eserleriniň näçe nusgalygy bar?

— Ýekeje nusgalygam ýok. Siz ony menden gowy bilýäňiz. Ýekejesem ýok!

Faber telefonyň tutaryny goýdy.

Montegem şeýtdi. Ýekejesem ýok. Ýangyn bekedindäki sanawdan Monteg ony öňem bilýärdi. Emma, nämüçindir, ol muny

hut Faberden eşitmek isläpdi.

Daşky otagda ony şadyýan, ýüzi gülgün reňke boýalan Mildred garşylady.

— Bilýäňmi, näme? Şu gün bize joralam myhmançylyga gelmekçi!

Monteg oňa bir kitap görkezdi.

— Bu — Injil. Näme diýsene, Mildred...

— Haýyş edýän, bar zady täzeden başlamasana!..

— Munuň biziň ýarym şarymyzda abat galan ýekeje nusgalyk bolmagy ahmal.

— Ýöne sen ony şu günüň özünde tabşyrmaly. Brandmeýster bu kitap barada bilýär ahyryn.

— Haýsy kitaby alyp gaýdanymy nireden bilsin. Başga kitaby tabşyrsa-da bolar. Ýöne haýsyny? Jeffersonymy? Ýa-da Toronymy? Olaryň haýsynyň gymmaty pesräkkä? Beýleki tarapdan, eger men bu kitaby çalyşsam, Bitti-de haýsy kitaby ogurlanymy bilýän bolsa, onda ol bizde tutuş kitaphananyň bardygyny aňar. Mildrediň dodaklary titräp gitdi.

— Edip ýören zatlaňňy beri bilýäňmi? Sen biziň ýogumyza ýanarsyň! Seniň üçin haýsymyz wajyp — menmi ýa-da Injil?

Mildred öz gyzgynyna ereýän mumdan ýasalan gurjaga meňzäp, ýene-de kakynlan ýaly heňkirýärdi.

Emma Monteg ony diňlänokdy. Onuň gulagynda Bittiniň sesi ýaňlanýardy.

«Oturyň, Monteg. Serediň. Bir sahypany alýas. Usullylyk bilen. Gülüň ýapragy ýaly. Birinjisini ýakýas. Soňra ikinjini. Ot olary gara kebelejiklere öwürýär. Owadan gerek? Indi ikinjisi bilen üçünjini hem ýakýas, şeýdibem, sahypa yzyna sahypa, bölümme bölüm — sözlere salnan hemme samahyllamalary, ýalan wadalary, köne pikirleri, möwritini ötüren pelsepäni ýakýas».

Onuň öňünde derden ýaňa maňlaýy çygjaryp duran Bitti otyrdy, onuň daş-töweregi bolsa tutuşlygyna oduň alawyna kül bolan gara kebelejikleriň jesetlerinden doludy.

Mildred edil başlaýşy ýaly, birdenem bagyrmasyny goýdy. Monteg oňa ünsem berenokdy.

Ol:

— Diňe bir ýol galýar — diýdi. — Agşam düşüp, kitaby Bittä

bermäge mejbur bolýançak, onuň nusgasyny alyp galmaly.

— Ak masgarabazyň tomaşasy başlanda, myhmanlar gelende sen öýde bolarmyň? — diýip, Mildred onuň yzyndan gygyrdy.

Monteg yzyna öwrülmän, gapynyň öňünde saklandy.

— Milli!

Dymyşlyk.

— Ýeri, näme?

— Milli, Ak masgarabaz seni söýýämi?

Jogap bolmady.

— Milli! — diýip, Monteg gury dodaklaryny ýalady. — Seniň «garyndaşlaryň» seni gowy görýämi? Tüýs ýürekden gowy görýälermi? Aýt-da, Milli?!

Ol Milliniň aljyraňňylyk bilen gözlerini gyrpyldadyp, ýeňsesine seredip durandygyny duýýardy.

— Näme üçin sen beýle samsyk soraglary berýäň?

Monteginiň aglasy geldi, emma onuň dodaklary berk ýumlup, gözlerinde çyg görnenokdy.

Mildred:

— Eger gapyň aňyrsynda it duran bolsa, şony meň ýerime-de depip goýber! — diýdi.

Ol gapyň öňünde ýaýdanjaňlyk bilen diňşirgenip durdy. Soňra ony açdy-da, bosagadan ätledi.

Ýagyş diňdi, dury asmandaky Gün ýaşyp barýardy. Öýüň töwereginde hiç kim ýokdy, köçedir otluk meýdança boşdy. Monteg ýeňillik bilen dem aldy.

Ol gapyny jebis ýapdy.

* * *

Monteg metroda barýardy. «Men tutuş durkum bilen doňup galan ýaly — diýip, ol pikir edýärdi. — Ýogsa-da bu haçan başlady? Ýüzüm, göwräm haçan doňdy? Gizlenip goýlan partlaýjy ýaly, garaňkylykda gerdejikli gutujygy gören gijäm başlan bolaýmasyn?

Bu geçer. Belli bir wagt gerek bolmagy mümkin, ýöne geçer. Onuň geçmegi üçin elimden gelenini ederin, üstesine, Faberem kömekleşer.

Kimdir biri maňa öňki ýüzümi, ellerimi gaýtaryp berer, olar ýene-de öňki kaddyna geler. Şu wagt, hatda ýylgyryşam, ýangynçynyň adaty ýylgyryşam meni terk etdi. Onsuz meň halym perişan».

Penjireden ötügiň diwarlary görünýärdi — sarymtyl syrçaly plitalar hem gözedürtme tümlük — plitalar we tümlük, sanlar, soňra ýene-de tümlük, hemme zat duşuňdan geçip gidýärdi, barysy jemlenip, düşnüksiz netije emele gelýärdi. Birwagtlar, heniz çagaka, tomsuň yssy günleriniň birinde, ol deňziň kenaryndaky gum depeleriniň üstünde oturyp, elegi çägeden doldurmaga synanyşýardy. Çünki onuň doganoglany: «Eger elegi çägeden doldursaň, on sent bereýin» diýip, ony mazaly oýnapdy. Emma hernäçe çalt doldurdygyça, çäge gurak, gyzgyn şowurdy bilen şonça-da çalt elekden geçip gidýärdi. Onuň elleri ýadapdy, çäge ot ýaly gyzgyndy, elegiň bolsa şol öňki boşlugydy. Ol iýulyň dymyk howasynda sesini çykarman oturypdy, ýaňaklaryndanam gözýaş syrygýardy.

Şu wagt pnewmatik otly silteläp hem üwräp, ony boş ýerasty ötükler bilen alyp barýarka, ol elek bilen baglanyşykly şol birehim hakykaty oýuna getirdi we aşak seredip, birdenkä elinde açyk Injili saklap oturandygyny gördi. Wagonda adamlar bardy, ýöne ol elindäki kitaby bukjagam bolanokdy. Birdenem onuň kellesine bolgusyz pikir geldi: «Eger kitaby çaltlyk bilen başdan-aýak okasaň, onda elekde azajygam bolsa çäge saklanyp galar». Ol okap başlady, emma sözler elegiň içinden geçip gidýärdi. Birnäçe sagatdan kitaby Bittä bermeli, şonuň üçinem ýekeje jümlede ýatdan çykmaly däl, her bir setiri ýatda saklamak gerek. «Men, Monteg, muny hökman başaraýmaly, ony başarmaga özümi mejbur etmeli!».

Ol sandyrap duran elleri bilen kitaby gysdy. Wagonda radio gygyrýardy:

— Dengem diş pastasy!..

«Sem bol! — diýip, Monteg pikir edýärdi. — Leýligülleriň ösüşine serediň!..».

— Dengem diş pastasy!

«Olar zähmet çekenoklar...».

— Diş pastasy...

«Leýligüllere serediň... Sem bolsana, sem bol diýýän!..».

— Diş pastasy!..

Monteg ýene kitabyň gatyny açdy, alňasaklyk bilen sahypalaryny agdarmaga başlady, ol edil kör ýaly, olary sermeleşdirýärdi, her bir setire, her bir harpa çiňerilip seredýärdi.

— Dengem. Harpma-harp: D-e-n...

«Zähmet çekenoklar, ýüň egrenoklar...».

Elekde elenýän çäganiň gury şyggyldysy.

— Dengem tämizleýär!..

«Leýligüllere serediň, leýligüllere, leýligüllere...».

— Dengem diş eliksiri!

— Sem boluň, sem boluň, sem boluň!.. — Bu haýyş, bu ejizläp gygyrmak Montegiň gursagyndan şeýlebir güýçli çykdy welin, laňňa ýerinden galanyny özi-de duýman galdy. Goh-galmagally wagonyň ýolagçylary elinde açyk kitap saklap duran, gykylykdan ýaňa däliniňki ýaly ýüzi gyzaryp, çişen dodaklary gyşaryp giden adamdan gorky bilen yza serpikdiler. Edil ýaňy hem sesgüýçlendirijiniň: «Dengem, Dengem, diş pastasy, Dengem, Dengem, diş eliksiri» diýip gygyrýan sesine öz içinden: «Pasta, pasta, diş pastasy, pasta, pasta, diş pastasy... bir-iki, bir-iki, bir-iki-üç, bir-iki, bir-iki, bir-iki-üç» diýip, aýaklaryny sazlaşykly tarpyldadyp oturanlaryň ählisi oňa howatyrly seredişýärdiler.

Içiň ýansyn diýen ýaly, sesgüýçlendiriji demir şyňňyrdylaryndan — galaýynyň, misiň, kümşüň, latunyň şyňňyrdysyndan ybarat bir tonna sazy Montegiň üstünden inderdiler. Adamlar kaýyllyk bilen boýun bolup durdular, gaçanokdylar, sebäbi gaçmaga ýerem ýokdy: pnewmatik otly çuň ýerasty ötükden bar güýjüne myçyp barýardy.

— Meýdan leýligülleri...

— Dengem!

— Leýligüller! Leýligüller!!!

Adamlar oňa geň galyp seredişýärdi:

— Petekçini çagyryň.

— Bu adam akylyndan azaşypdyr...

— Noll Wýu menzili!

Otly pyşşyldy bilen howasyny boşadyp saklandy.

— Noll Wýu! — gaty sesli.

— Dengem — pyşyrdap.

Montegiň dodaklary çala gymyldaýardy.

— Leýligüller...

Haşşyldap, wagonyň gapysy açyldy. Monteg henizem gymyldaman durdy. Sesli pyşşyldap, gapy ýapylyp ugrady. Diňe şondan soň Monteg öňe okduryldy, ýolagçylary itekleşdirdi-de, ýuwaşja gürläp barşyna, ýapylyp ugran gapynyň darajyk yşgalaňyndan menzile böküp düşdi. Ol eskalatorlara-da üns bermän, ötügiň içi bilen ylgap barýardy. Aýaklarynyň hem elleriniň hereketini, her gezek dem alanda öýkeniniň gysylyp-ýazylyşyny hem howanyň bokurdagyndan ötüşini duýasy gelýärdi. Gulagyna bolsa: «Dengem, Dengem, Dengem!!!» diýen ses eşidilýärdi.

Otly ýylan ýaly haşşyldap, ötügiň gara deşiginde ýitip gitdi.

* * *

— Kim bar?

— Bu men, Monteg.

— Size näme gerek?

— Meni içerik goýberiň.

— Meniň hiç hili etmişim ýok.

— Meň ýeke özüm. Düşünýäňizmi? Ýeke özüm diýýän.

— Ant içiň!

— Ant içýän.

Gapy ýuwaşlyk bilen açylyp, Faber boýnuny uzatdy. Günüň ýagtysyna ol garry, lagşan, hemme zatdan gözi gorkan ýaly bolup görünýärdi. Goja köp ýyllap öýünden çykman oturana meňzeýärdi. Ýüzi otagyň diwarlarynyň ak suwagyna meňzeşdi. Dodaklary, ýaňaklarynyň hamy, çal saçlary, öçügsi mawy gözleri aksowult görünýärdi. Birdenkä onuň gözi Montegiň goltugynda saklap duran kitabyna düşdi. Gojanyň tüýsi üýtgäp gitdi: ol indi garram, mejalsyzam görünmeýärdi. Ýuwaş-ýuwaşdan gorkusy hem geçdi.

— Bagyşlaň, ägä bolmaly bolýar. — Faberiň nazary kitaba dikilipdi. — Diýmek, bu dogry eken-dä?

Monteg içeri girdi. Gapy ýapyldy.

— Oturyň! — diýip, Faber, hamala, sähel salymlyk nazaryny sowaýsa, ýitäýmeginden gorkýan ýaly, kitapdan gözüni aýyrman gürledi. Onuň aňry tarapynda gapysy açyk ýatylýan otag, onuň içinde-de üsti haýsydyr bir enjam böleklerinden hem iş gurallaryndan doly stol bardy. Monteg olary çala saýgaryp galdy, sebäbi Faber onuň nirä seredýänligini bilip, çaltlyk bilen yzyna öwrüldi-de, gapyny ýapdy. Ol sandyraýan elleri bilen gapynyň tutawajyndan tutup durdy.

Soňra aljyraňňy nazaryny Montege dikdi.

Monteg kitaby dyzlarynyň üstünde goýup otyrdy.

— Bu kitaby... Nireden?..

— Men ony ogurladym.

Faber Montegiň gözlerine ilkinji gezek gös-göni seretdi.

— Siz zor adam.

— Edil beýle-de däl — diýip, Monteg jogap berdi. — Ýöne aýalymyň haly harap. Dost görüp ýören bir gyzym bardy. Ol-a pahyr boldy. Maňa dost bolup biläýjek aýaly bir gün mundan öň diriligine ýakdylar. Siz maňa kömek edip biljek ýeke-täk adam. Meniň bilesim gelýär! Gözümiň açylaryny isleýän!

Faberiň bilesigelijilikden ýaňa sandyrap duran elleri kitaba tarap uzady:

— Mümkinmi?..

— Wiý, hawa. Bagyşlaň! — diýip, Monteg oňa kitaby uzatdy.

— Şunça wagt!.. Men hiç haçanam takwa kişi bolmandym... Emma ondan bäri, gör, näçe wagt geçdi... — Faber käwagt bir sahypa göz gezdirmek üçin säginip, kitabyň sahypalaryny agdaryşdyrýardy. — Şol kitap... edil özi, hut meniň ýadymda galyşyndaky ýaly! Indi bolsa ony biziň telewizorly myhman otaglarymyzda, gör, näderejede ýoýdular!

Faber kitaby ysgady.

— Bilýäňizmi, näme? Kitaplardan muskat hozunyň ýa-da deňiz aňyrsyndaky daş ýurtlardan getirilen hoşboý ysly zatlaryň ysy gelýär. Çagakam kitaplary ysgamagy gowy görerdim. Eý, Hudaý, olary ýok etmäge mümkinçilik berýänçäk, gör, näçe gowy kitaplar bardy!

Ol sahypalary agdarmagyny dowam etdirýärdi.

— Jenap Monteg, siziň öňüňizde barypýatan züwwetdin otyr. Eýýäm hiç kimiň «günäkärleri» diňläsi gelmedik wagty, men günäsizleriň, baş galdyryp biläýjekleriň biridim. Emma men dymdym, şonuň netijesinde-de bu zatlara şärik boldum. Bu işe ýangynçylary çekip, kitaplary ýakmagy oýlap tapanlarynda bolsa, hüňürdäp, biraz nägilelik bildirdim-de, oňa-da kaýyl geldim, sebäbi hiç kim meni goldamady. Indi bolsa giç.

Faber Injili ýapdy.

— Ýogsa-da bärik näme üçin geldiňiz?

— Birine içimi dökesim gelýä, ýöne meni diňlejek adam ýok. Diwarlar bilen gürleşip bilemok, sebäbi olar üstüme gygyrýar. Aýalym bilenem gürleşip bilemok, ol diňe diwarlary diňleýär. Kimdir biriniň özümi diňlärini isleýän. Eger men uzak wagtlap gürlesem, onda nähilidir bir akylly-başly pikire gelmegim ahmal. Mundan başga-da, okaýan zatlaryma düşünmegi öwretmegiňizi isleýän.

Faber Montegiň syrylan duluklary gögümtil öwsüp duran arryklaç ýüzüne seretdi.

— Sizi näme gozgalaňa saldy? Eliňizden ýangynçynyň alawyny näme kakyp gaçyrdy?

— Bilemok. Bizde bagtly bolmak üçin hemme zat bar, emma biz bagtsyz. Bir zatlar ýetenok. Men ähli ýerden gözledim. Ýeketäk bilýän zadym, ol öň bardy, indi bolsa ýok — bular meniň eýýäm on ýa-da ýigrimi ýyl bäri ýakyp gelýän kitaplam. Onsoň men, belki, hut kitaplaryň maňa kömegi deger diýip piker etdim.

Faber:

— Siz barypýatan arzuwçyl adam — diýdi. — Eger bu zatlar çynlakaý bolmanlygynda, gülse-de bolardy. Size kitaplar däl-de, birwagtlar olarda bolan we şu wagtlaram myhman otaglarymyzyň ýaýlymlarynda bolmagy mümkin bolan zatlar gerek. Jikmejikliklere ünsi, duýgurlygy hem aň-düşünjeliligi biziň radio we telegepleşiklerimizem terbiýeläp bilerdiler, emma, haýp, olar muny etmeýärler. Ýok, ýok, siziň isleýän zatlaryňyzyň ählisini kitaplar berip bilmez.

Mümkin boldugyndan hemme ýerden gözläň — köne grammofon ýazgylaryndan, köne filmlerden, köne dostlaryňyzdan. Kitaplar — bu ýatdan çykarmakdan gorkýan zatlarymyzy saklaýan gaplarymyzyň biri. Olarda hiç hili syr, jadygöýlik ýok. Jadygöýlik diňe olaryň aýdýan zatlarynda, älemiň böleklerini bir bütewülige çatyşynda bar. Elbetde, bu zatlary bilmäge sizde mümkinçilik ýokdy. Şu wagtam meniň nämäniň gürrüňini edýänime düşünmeýän bolmagyňyz ahmal. Ýöne iň esasy zat, siz özüňizem duýmazdan, dogry ýola düşdüňiz. Bilip goýuň, bize üç zat ýetenok. Birinjisi. Şunuň ýaly kitaplaryň näme üçin wajypdygyny bilýäňizmi? Olaryň hili bolanlygy üçin. Hil diýmek näme? Meniň üçin bu kitabyň mazmuny, özeni. Kitapda öýjükler bar, ol dem alýar. Onuň ýüzi bar. Ony mikroskop arkaly öwrenip bolýar. Siz ondan özüniň tükeniksiz köpdürlüligi bilen geçip gidýän durmuşy, janly durmuşy taparsyňyz. Kagyzyň her bir bölejiginde öýjükler, durmuşyň dürli taraplarynyň dogruçyl beýany näçe köp boldugyça, kitap şonça-da «çeperdir». Meniň hili kesgitleýşim şeýle. Jikme-jiklikleri, täze jikme-jiklikleri bermeli. Gowy ýazyjylardurmuş bilen berk baglanyşykda bolýarlar. Ortatap ýazyjylar oňa çala galtaşýarlar. Çöňňeleri bolsa ony zorlap, tike-tike edip, siňeklere şam edýärler.

— Indi siz — diýip, Faber gürrüňini dowam etdirdi — kitabyň name üçin şeýle ýigrenç döredýändigine, ondan name üçin şeýle gorkýandyklaryna düşündiňizmi? Olar bize durmuşyň ýüzündäki öýjüklerigörkezýär. Rahatlykdan başga zat gerek bolmadyk adamlaryň öz öňlerinde öýjükleri hem saçlary bolmadyk, hiç hili duýgyny aňlatmaýan mumdan ýasalanýüzleri göresleri gelerdi. Biz gülleriň ýagşyň nemini hem mes topragyň şiresini içmegiň ýerine, özleri ýaly güller bilen iýmitlenýän döwründe ýaşaýarys. Hatda feýerwerk hem, onuň ajaýyplygy we reňk baýlygy-da topragyň himiýasy arkaly döredilendir. Biz bolsa özümizi hakykata dolap getirýän tebigy tapgyry tamamlamazdan, hamala, güller hem feýerwerkler bilen iýmitlenip ýaşap we ösüp bileris öýdüp pikir etdik. Anteý baradaky rowaýaty bilýäňizmi? Ol heniz ýerde ykjam durýarka, ýeňilmez güýje eýe bolan ägirt adam bolupdyr. Emma,

haçan-da, Gerkules onuň örküni ýerden üzüp, ýokaryk galdyran badyna, ol janyndan jyda düşüpdir. Munuň özi biz barada, şu şäherde ýaşaýanlar barada-da adalatlydyr — ýa-da men halys akylyndan azaşan adam bolýan. Şeýlelik-de, bize ýetmeýän zatlaryň birinjisi, bilimlerimiziň mazmuny, hili.

— Ikinjisi näme?

— Boş wagt.

— Biziň boş wagtymyz ýeterlik ahyry!

— Hawa. Boş wagtymyz ýeterlik. Ýöne pikirlenmäge wagtymyz barmy? Siz boş wagtyňyzy nämä sarp edýäňiz? Ýa-ha sagatda ýüz mil tizlik bilen maşynda myçyp barýansyňyz, şonda başga zatlar baradapikir edibem bolanok, ýa-da wagtyňyzy haýsydyr bir oýna sarp edýäňiz, ýa bolmasa-da, dört diwary telewizorly otagda oturýaňyz, onuň bilen bolsa jedelleşip bilmersiň. Näme üçin? Sebäbi diwarlaryň ýüzündäki şekiller — «hakykat». Ine, olar siziň öňüňizde, olar görünýär, olar göwrümli, şolaram size pikirlenmelidigini aýdýar, bu pikiri siziň kelläňize dykýar. Size-de olaryň aýdýanlary dogry bolup görünýär. Siz olaryň dogrulygyna ynanyp başlaýaňyz. Sizi gerekli netijelere şeýle bir çalt eltýärler welin, aňyňyz garşylyk görkezmäge-de, «Bul-a bir baryp ýatan bidereklik!» diýmäge-de ýetişmeýär.

— Ýöne «garyndaşlar» — janly adamlar.

— Bagyşlaň, näme diýdiňiz?

— Aýalym telewizora garanyňda kitaplar «hakykylykdan» mahrum diýýä.

— Şoňa-da şükür. Kitaby ýapyp, oňa: «Garaş» diýip bilýäňiz. Siz onuň hökümdary. Ýöne myhman otagyndaky telewizory açanyňyzda, özüňizi ýesir alan ýiti dyrnaklardan sizi kim halas eder? Ol sizi palçyk ýaly eýläp, özüniň islän zadyny ýasaýar. Bu-da edil dünýä ýaly hakyky «gurşaw». Ol hakykata öwrülýär, ol hut hakykatyň özi. Kitaby aňyň güýji bilen ýeňmek bolýar. Emma men hernäçe bilimli hem müňkür bolsam-da, biziň elhenç myhman otaglarymyzdaky reňkli we äpet ekranlardan aňňyryp duran, ýüz sany saz guralyndan ybarat simfonik orkestr bilen jedele girmäge hiç haçan özümde

güýç tapyp bilemokdym. Görýäňizmi, meniň myhman otagym — suwalan adaty dört sany diwar. Bular bolsa — Faber iki sany kiçijik rezin dykylary görkezdi — metroda barýarkam, gulagyma dykmak üçin gerek.

Monteg gözlerini ýumup:

— Dengem, Dengem, dişpastasy... «Olar zähmet çekenoklar, ýüň egrenoklar» — diýip pyşyrdady. — Hawa. Ýeri, yzy näme? Kitaplar bize kömek edermi?

— Diňe bizde hökmany zatlaryň üçünjisi bolan ýagdaýynda. Aýdyşym ýaly, olaryň birinjisi — bilimlerimiziň hili. Ikinjisi — bu bilimleri aňymyzda aýlamak, özleşdirmek üçin boş wagt. Üçünjisi bolsa — ilkinji ikisiniň arabaglanyşygyndan alan düşünjelerimiziň esasynda hereket etmek hukugy. Ýöne suw seňrikden agansoň, haýsydyr bir goja bilen lapykeç bolan ýangynçynyň nämedir bir zatlary üýtgedip biljekdigi şübheli görünýär...

— Men kitap tapyp bilýän.

— Bu örän hatarly iş.

— Bilýäňizmi, näme, eňek atyp barýanyň ýagdaýynda-da käbir artykmaçlyklar bar. Ýitirere zadyň galmadyk ýagdaýynda töwekgelçilikden gorkmaýarsyň.

— Siz şu wagt örän täsin pikiri orta atdyňyz — diýip, Faber güldi. — Geň ýerem — ony hiç ýerden okamanlygyňyz!

— Eýsem, kitaplarda bular ýaly zatlar barada-da ýazýarlarmy? Men-ä munuň nähili kelläme gelenini-de bilemok.

— Gowy-da şo. Diýmek, meniň üçin ýa-da başga biri üçin, iň bolmanda özüň üçin ýöriteläp oýlap tapmansyň-da.

Monteg Fabere tarap başyny egdi.

— Şu gün kelläme bir pikir geldi: eger-de kitaplar şeýle gymmatly bolsa, onda çap enjamyny tapyp, birnäçe nusgalygyny çykaryp bolmazmyka?.. Biz...

— «Biz» diýýäňizmi?

— Hawa, biziň ikimiz.

— Ýok, ýok! — diýip, Faber dim-dik boldy.

— Diňläň ahyry, men öz niýetimi bir aýan edeýin...

— Eger siz öz diýeniňizi tutup durjak bolsaňyz, onda men siziň bärden gitmegiňizi haýyş etmeli bolaryn.

— Eýsem, bular size gyzykly dälmi?

— Bular ýaly gürrüňleň maňa gyzygy ýok, oň üçin meni oda ýakyp bilýärler. Eger-de ýangynçylyk ulgamynyň özüni ýok edip bolan bolsa, onda bu başga gürrüň. Eger-de siz birnäçe kitaby çap edägede, olary-da ýangynçylaryň öýünde gizläp, ot berijileriň özüne şübhe dörär ýaly etmegi teklip eden bolsaňyz, men size: «Berekella!» diýerdim.

— Kitaplary gizläp gaýdyp, howsala zaňyny berip, ýangynçylaryň öýlerini ýakyşlaryny görmelimi? Siz şeý diýjek bolýaňyzmy?

Faber gaşlaryny gerip, hamala, ilkinji gezek görýän ýaly, Montege seretdi.

— Men oýun etdim.

— Siz şuny makul iş hasap edýäňizmi? Synanyşyp göreniňe degýärmi? Ýöne men şundan degerli netije çykjagyny anyk bilmeli.

— Muňa hiç kim kepil geçmez. Sebäbi öňler kitaplar näçe diýseň bardy, biz bolsa şonda-da bökmek üçin iň bir kert gaýany gözledik ýördük. Bu ýerde diňe bir zat anyk: hawa, bize gursagymyzy dolduryp, ýeňillik bilen dem almak gerek. Hawa, bize bilim gerek. Şonda, belki-de, aýdaly, ýene-de müň ýyldan dagy bökmek üçin o diýen kert bolmadyk gaýalary saýlap almagy öwrenmegimiz mümkin. Kitaplar bize özümiziň nähili samsykdygymyzy, hötjet eşekdigimizi ýatladyp durmaklary üçin gerek. Olar ýeňiş gazanan wagty Sezara: «Ýatda sakla, Sezar, seniňem başyň ölümlidir» diýip, gulagyna pyşyrdaýan janpenasy ýaly bir zatdyr. Biziň aglabamyzyň hemme ýere ýetişmäge, hemmeler bilen gürrüňdeş bolmaga, dünýäň ähli şäherlerine baryp görmäge mümkinçiligimiz ýok. Bizde wagtam, pulam, ýeterlik derejede dost-ýaram ýok. Siziň gözleýän zatlaryňyzyň ähli ýer ýüzünde bar, Monteg, ýöne adam gözleri bilen diňe ýüzden bir bölegini görüp bilýär, togsan dokuz bölegine bolsa kitaplar arkaly göz ýetirýär. Kepil talap etmäň. Çykalgany haýsy-da bolsa bir zatdan — adamdan ýa-da maşyndan, ýa bolmasa kitaphanadan gözlemäň. Dünýäni halas edip biljek zady

özüňiz dörediň. Ýolda bir ýerlerde gark bolaýsaňyzam, kenara tarap ýüzendigiňizi-hä bilersiňiz.

Faber ýerinden turup, otagyň içinde gezmeläp ugrady.

— Hawa, onsoň? — diýip, Monteg sorag berdi.

— Siz ýangynçylar barada çynyňyz bilen aýtdyňyzmy?

— Hawa.

— Sözüm ýok, örän mekir meýil. — Faber ýatylýan otagyň gapysyna gözüniň gytagyny aýlady. — Tutuş ýurt boýunça ýangynçylaryň öýleriniň alawlap ýanyşyny, dönüklik ojagynyň ýok bolşuny görmek! Öz guýrugyny ýuwudýan semender! Wah! Nähili ajap!

— Mende ýangynçylaryň hemmesiniň öý salgysybar. Eger-de bizde syrly...

— Adamlara ynam edip bolanok, ýaman ýerem şu. Biziň ikimiz, ýene kim bar?

— Eýsem, özüňiz ýaly başga professorlar galmadymy? Öňki ýazyjylar, taryhçylar, dilçiler?..

— Ölenler-ä öldi, galanlaram öte garry.

— Näçe garry boldugyça, şonça-da gowy. Şübhe döretmezler. Siz şolar ýalylary tanaýansyňyz ahyry, belki, olar onlarçadyram. Boýun alaýyň!

— Hawa, mümkin. Mysal üçin, eserleri durmuşy hakyky şekilinde suratlandyrýandygy sebäpli, köp ýyllardan bäri Pirandellonyň, Şowuň hem Şekspiriň sahna eserlerinde oýnamak miýesser etmedik aktýorlar bar. Şolaryň gahar-gazabyny-da ulansa bolardy. Üstesine, soňky kyrk ýylyň dowamynda ýekeje setir ýazmadyk içi ýangynly taryhçylaram bar. Bu zatlar dogry, biz mekdep döredip, adamlara gaýtadan okamagy hem pikirlenmegi öwredip bilerdik.

— Dogry.

— Ýöne bularyň bary deňziň ýekeje damjasy. Biziň medeniýetimiz tutuşlygyna jansyz ýagdaýda. Onuň düýp özenini eredip, täze galyba salmaly. Emma bu ýönekeý iş däl! Iş ýarym asyr mundan öň bir gyra süýşüren kitabyňy ele alanyň bilen tamamlananok. Ýangynçylara mätäçligiň häli-şindi ýüze çykyp

durmaýandygyny ýadyňyza salyň. Adamlar öz islegi bilen kitap okamagy bes etdiler. Aram-aram siz, ýangynçylar, biziň üçin sirk tomaşasyny gurnaýarsyňyz — öýlere ot berip, mähelläni güýmeýärsiňiz. Emma bu diňe goşmaça diýlen ýaly bir zat — bar zadyň muňa direnýändigi gümana. Biziň döwrümizde gozgalaň turuzmaga höwesekler gaty az. Şol azlaryň hem köpüsini gorkuzmak aňsat. Mysal üçin, men ýalakylary. Siz Ak masgarabaz ýaly çalt tans etmegi ýa jenap Baş hokgabazdan we myhman otagyndaky «garyndaşlardan» gaty gygyrmagy başarýaňyzmy? Eger başarýan bolsaňyz, onda, megerem, maksadyňyza ýetersiňiz. Umuman alanyňda-ha, Monteg, siz, elbetde, akmak. Adamlar, hakykatdanam, şatlanýarlar ahyryn.

— Öz janlaryna kast etmek bilenmi? Biri-biriniň ganyna galmak arkalymy?

Olar gürleşip otyrkalar, jaýyň üstünden ýüzlerini gündogara tutup, bombalaýjylar geçip gitdi. Olar muny diňe şu wagt duýup galdylar we reaktiw motoryň güwwüldisine diň salyp, olaryň sesine, hatda iç goşlaryna çenli sandyraşýandygyny duýup, dymyp oturdylar.

— Biraz gaýrat ediň, Monteg! Ine, uruş başlanar weli, biziň myhman otaglarymyzyň bary sem bolar. Biziň siwilizasiýamyz öz ajalyna el bulaýar. Birden onuň tekeri degäýmez ýaly, bir gyra çekiliň.

— Ýöne hemme zat ýykylyp-ýumrulansoň, täzeden gurmak üçin kimdir biri taýýar bolup durmalydyr-a?

— Kim? Miltony ýatdan aýdyp bilýänlermi? «Sofokl henizem meniň ýadymda» diýip bilýänlermi? Olaň başarjak goşy bardyr öýdýäňizmi? Diri galanlara adamyň gowy taraplarynyň bardygyny ýatladarlarmy? Şol diri galanlaryň bar aladasy köpräk daş çöpläp, biri-birlerine zyňmak bolar. Gowusy, öýüňize gaýdyň, Monteg! Ýeriňize geçip, ýatyň. Iň soňky sagatlaryňyzy kapasaň içinde hars urup, öz-özüňizi halkaň içindäki awusiýdik däldigiňize ynandyrmaga sarp etmek nämä gerek?

— Diýmek, indi siziň üçin hiç zadyň parhy ýok-da?

— Ýok, parhy bar. Onda-da nähili parhy bar, şondan ýaňa edil içim ot alyp barýar.

— Maňa kömek edesiňiz gelenok-da onda?
— Gijäňiz rahat bolsun. Gijäňiz rahat bolsun.
Montegiň eli Injile tarap uzady. Öz elleriniň hereketine Montegiň özem geň galdy.
— Size şu kitap gerekmi?
— Onuň üçin sag elimi bermäge taýýar — diýip, Faber jogap berdi.
Monteg elleriniň indi nämeler goparjagyna garaşyp durdy. Olaram öz-özünden, hamala, bir maksada gulluk edýän iki sany janly närse ýaly, kitabyň sahypalaryny goparyp ugradylar. Birinji, ikinji sahypalary gopardylar.
— Tentek! Edip oturan işiňiz näme? — diýip, Faber ýerinden böküp turdy. Ol Montege tarap okduryldy, emma ol Faberi bir gyra iterip goýberdi. Monteg kitaby jyrym-jyrym edýärdi. Ýene-de alty sahypa ýere gaçdy. Monteg olary galdyryp, Faberiň gözüniň öňünde düýrläp, tokgalaşdyrdy.
— Beýtmäň! Haýyş edýän, beýtmäň! — diýip, goja gygyrdy.
— Eýse, şeýtmäge kim maňa päsgel berip biler? Men — ýangynçy. Men sizi ýakybam bilýän.
Goja oňa seretdi:
— Siz beýle iş etmersiňiz!
— Islesem, edibem bilerin.
— Bu kitap... ýyrtmaň ony!
Faber özüni oturgyja goýberdi. Onuň ýüzi ak tam boldy, dodaklary tibirdeýärdi.
— Men ýadadym. Meni horlamaň. Maksadyňyzy aýdyň.
— Siziň maňa öwretmegiňizi isleýän.
— Bolýa, bolýa.
Monteg kitaby goýdy. Onuň elleri düýrlenen sahypalary ýazyp başlady. Goja ýadawlyk bilen oňa syn edip otyrdy.
Faber, göýä, doňan ýaly bolup oturmakdan aýňalmak isleýän ýaly, kellesini silkeläp:
— Siziň puluňyz barmy, Monteg? — diýip sorady.
— Bar. Az-owlak. Dört-bäş ýüz dollar dagy bardyr. Muny näme üçin soradyňyz?

— Maňa getirip beriň. Men ýarym asyr mundane öň kollejimiziň gazetini çap eden adamy tanaýan. Bu täze ýarym ýyllygyň başynda okuw otagyna gelip, Eshilden Ýujin O’Nile çenli dramanyň taryhy boýunça sapaklara diňe ýekeje talybyň ýazylandygyny bilen günüm bolupdy. Düşünýäňizmi? Edil buzdan ýasalan ajaýyp heýkel Günüň gyzgyn şöhlesiniň astynda eräp barýan ýaly duýgy döredi. Oda köýýän perwanalar ýaly, gazetleriň hem yzly-yzyna ýok bolup gidişleri ýadymda. Hiç kim olary dikeltmäge synanyşmady. Hiç kimiň olara nebsi agyrmady. Şondan soň eger-de adamlar hyjuwly posalar, gazaply uruşlar barada okasalar, neneňsi rahatlygyň boljakdygyna düşünip, sizi, ýangynçylary çagyryp, degişli netije çykardylar. Hawa, Monteg, diýmek, bizde işsiz çapçy bar. Biz birnäçe kitap çap edip, häzirki düzgün-tertibi ýumrup, bize gerekli itergini berjek urşuň başlaryna garaşyp bileris. Birnäçe bombanyň netijesinde biziň myhman otaglarymyzyň diwarlarynda ýaşaýan «garyndaşlar», şu masgarabazlaryň sürüsi müdimilik sem bolar! Ara düşen ümsümlikde-de biziň pyşyrdymyzyňam eşidiläýmegi ahmal.

Olaryň ikisiniňem nazary stoluň üstünde ýatan kitapdady.

— Men ýat tutmaga çalyşdym — diýip, Monteg gürläp ugrady. — Ýöne, al kakmyş, gözümi aýyrdygym bes, hemme zat ýadymdan çykýar. Eý, Hudaý, meniň brandmeýster Bitti bilen şeýlebir gürleşesim gelýär! Ol köp okapdyr, hemme zada-da jogap tapýar, iň bolmanda şeýle duýgy döredi. Sesi ýag ýaly. Men oňa yrlyp, öňkim ýaly bolup galmakdan gorkýan. Sebäbi, iň bärkisi, bir hepde mundan öňem, şlangy kerosinden dolduryp durkam: «Hemme zadyň şeýle hezildigini!» diýip pikir edýärdim.

Goja baş atdy:

— Döretmeýän adam ýumurmaly. Dünýäň ýaradylyşy şeýle. Kiçi ýaşly jenaýatçylar şeýle pikirlenýä.

— Gör, men näjüre adam ekenim!

— Bular ýaly duýgy biziň her birimizde bar.

Monteg çykalga tarap birnäçe ädim ätdi.

— Şu gün agşam brandmeýster Bitti bilen gürleşen mahalym, maňa kömek edip bilmersiňizmi? Maňa goltgy gerek. Ýogsa onuň

gürrüňleriniň akymynda gark bolup galaýmasam?

Goja bellibir jogap bermän, ýene-de howsalaly nazaryny ýatylýan otagyň gapysyna gönükdirdi. Monteg ony duýdy.

— Niçik, kömek edip bilersiňizmi?

Goja uludan dem aldy. Gözlerini ýumup, dodaklaryny berk gysdy-da, ýene bir gezek uludan demini aldy. Onuň dodaklaryndan Montegiň ady eşidildi.

Ol ahyrsoňy Montege tarap öwrülip:

— Ýörüň! — diýdi. — Tasdanam size gitmäge rugsat beripdim. Men, hakykatdanam, züwwetdin. Akmak goja.

Faber ýatylýan otagyň gapysyny açdy. Onuň yzy bilen Montegem çaklaňrak otaga girdi. Şol ýerde üsti iş gurallaryndan, kerep ýaly inçejik simleriň sargysyndan, owunjak ýaýjyklardan, tegeklerden, kristaljyklardan doly stol bardy.

— Bu näme? — diýip, Monteg sorady.

— Meniň gorkaklygymyň elin şaýady. Men ençeme ýyllap şu diwarlaryň arasynda öz pikirlerim bilen ikiçäk ýaşadym. Bar bilenim-bitenim elektrik enjamlaryna güýmenmek boldy. Hut gorkaklyk, şonuň bilen birlikde-de, içki dünýämde gizlenip ýatan topalaňçynyň ruhy şu enjamy döretmegime itergi berdi.

Ol stoluň üstünden kiçi kalibrli oky ýada salýan ýaşylymtyl reňkli kiçijik demir enjamjygy aldy.

— Bu zatlara serişdäni nireden aldyňyz diýip soramagyňyz mümkin. Düşnükli zat — birža söwdasyna gatnaşdym. Şo taýy işsiz galan, başgaça pikirlenýän intelligentleriň iň soňky gaçybatalgasy. Biržada oýnadym, şu enjamyň üstünde işledim, garaşdym. Gorkudan ýaňa saňňyldap, ömrümiň ýarysyny ötürdim, irde-giçde kimdir biriniň meniň bilen gürrüňdeş bolaryna garaşdym. Kimdir biri bilen ilki gürrüň açmaga töwekgellik edip bilmedim. Biz bagda gürrüňleşip otyrkak — ýadyňyza düşýämi? — men eýýäm siziň ýanyma geljegiňizi bilýärdim. Ýöne ýangynçynyň ody bilenmi ýa-da dostluk elini uzatmak üçinmi — muny welin, öňünden aýdyp bilmeýärdim. Bu kiçijik enjam eýýäm birnäçe aý bäri taýýardy. Ýogsa-da men, tasdanam sizi öýüňize ugradypdym. Gör, men nähili gorkak adam.

— «Çaňňalaga» meňzeş.

— Ýöne muň ondan artykmaç tarapy kän. Meň enjamym «diňleýär»! Eger siz şu okjagazy gulagyňyza dyksaňyz, Monteg, men öz haýy giden süňklerimi ýyladyp oturan ýerimden, hiç hili töwekgelçilik etmezden, ýangynçylaryň durmuşyny öwrenip, olaryň asgyn taraplaryny ýüze çykaryp bilýän. Men öz öýjüginde oturan ene balarysy ýaly bir zat bolaryn. Siz bolsa işçi balary, meniň syýahat edýän gulagym bolarsyňyz. Şäheriň dürli künjeginde, dürli adamlaryň arasynda meň öz gulagym bolup bilerdi. Men diňläp, netije çykaryp bilerdim. Eger iş arylary öläýse, munuň maňa zeleli degmez, men hiç bir töwekgelçiliksiz, edil öň kim ýaly, öz öýümde oturaryn. Indi bu oýunda meniň üçin töwekgelçiligiň nähili azdygyny, şoň üçinem özümiň ýigrenilmäge mynasypdygymy gördüňizmi?

Monteg ýaşyl okjagazy gulagyna ötürdi. Goja-da gulagyna edil şonuň ýaly kiçijik okjagazy ötürdi-de, dodaklaryny gymyldatdy:

— Monteg!

Ses Monteginiň beýnisinde ýaňlanyp gitdi.

— Men sizi eşidýän!

Goja güldi:

— Menem sizi gowy eşidýän. — Faber pyşyrdap gürlese-de, onuň sesi Montege mese-mälim eşidilip durdy. — Wagty gelende, ýangyn bekedine gidiň. Men siziň bilen bolaryn. Siziň brandmeýsteriňizi bilelikde diňläris. Kim bilýär, onuň biziň birimiz bolaýmagam ahmal. Men size näme gürlemelidigini öwrederin. Biz ony ýagşyja oýnarys. Siz şu wagt bu elektron enjamjyk üçin meni ýigrenýäňiz gerek? Men sizi köçä, tümlüge kowýan, özüm bolsa söweş zolagynyň daşynda galýan. Meniň gulaklam diňlär, siziň bolsa bu zatlar üçin kelläňizi almaklary mümkin.

— Her kim öz başarýan zadyny edýär — diýip, Monteg jogap berdi. Ol Injili gojanyň goltugyna gysdyrdy. — Alyň! Munuň ýerine başga bir kitap bermäge synanyşaryn. Ertir bolsa...

— Hawa, ertir men işsiz çapçy bilen görşerin. Şuny-ha başararyn.

— Gijäňiz rahat bolsun, professor!

— Ýok, bu gije rahad-a bolmaz. Ýöne men elmydama ýanyňyzda

bolaryn. Gerek wagty ýürege düşgünç çybyn ýaly, gulagyňyza jyňňyldar duraryn. Herhal, şu gijäňiziň rahat bolmagyny, üstünlik gazanmagyňyzy arzuw edýän, Monteg!

Gapy açylyp, ýapyldy. Monteg ýene-de garaňky köçede, gurşap alan dünýä bilen ikiçäk galdy.

* * *

Şol gije, hatda asmanam urşa taýýarlyk gördi. Asmany topbak-topbak bulutlar tutdy, olaryň arasyndaky yşlarda bolsa, hamala, duşman gözegçileri ýaly, san-sajaksyz ýyldyzlar şöhle saçýardy. Asman, göýä, şäheriň üstüne gaçyp, ony akja tozan üýşmegine öwräýjek ýalydy. Çym gyzyl şapakda Aý dogup barýardy. Bu, ine, şeýle gijedi.

Monteg metro menzilinden gelýärdi. Puly jübüsindedi (ol eýýäm gije-gündiz işleýän banka barypdy — oňa mehaniki robotlar hyzmat edipdi). Ol «çaňňalagy» gulagyna dakyp, alypbaryjynyň sesini diňläp barýardy:

— Bir million adam goşuna çagyryldy. Uruş başlanaýsa, dessine ýeňiş gazanjagymyz ikuçsuz... — Birdenkä başlanan saz alyp baryjynyň sesini basdy, ol sem boldy.

— Goşuna on million adam çagyryldy — diýip, Faberiň sesi beýleki gulagynda pyşyrdaýardy. — Emma bir diýýärler. Şeýtseň has rahadrak bolýandyr-da.

— Faber!

— Diňleýän.

— Men pikir edemok! Hemişe bolşy ýaly, buýruk berlen zatlary ýerine ýetirýän. Pul tap diýdiňiz, tapdym. Emma bu öz kelläme gelmändi. Men haçan pikirlenip, özbaşdak hereket edip başlarkam?

— Şuny aýdan badyňyza, siz eýýäm pikirlenip başladyňyz. Ýöne ilki-ilkiler siz maňa bil baglamaly bolarsyňyz.

— Men olara-da bil baglapdym.

— Hawa, onuňam sizi nirelere alyp baranyny görýäňiz-ä. Bellibir wagtlap, siz köre-körlük bilen hereket etmeli bolarsyňyz. Ine, size meniň elim.

— Beýleki tarapa geçip, ýene görkezme bilen hereket etmelimi? Ýok, muny islämok. Beýle boljak bolsa, siziň tarapyňyza geçmek nämä gerek?

— Siz eýýäm akyllanyp başladyňyz, Monteg!

Monteg tanyş ýanýodadan barýandygyny duýdy, aýaklary öz-özünden öýüne tarap alyp barýardy.

— Gürrüňiňizi dowam etdiriberiň, professor!

— Kitap okap bereýinmi? Hemme zady ýatda saklap bileriňiz ýaly okajak bolaryn. Men gije-gündizde bary-ýogy bäş sagat ýatýan. Boş wagtym kän. Isleseňiz, ýatmazyňyzdan öň, her agşam okap bereýin. Ýatan adamyň gulagyna ýuwaşjadan pyşyrdap aýtsaň, onuň beýnisi hemme zady ýat tutýar diýen gürrüň bar.

— Okaň!

— Diňläň onda. — Uzaklarda, şäheriň beýle çetinde agdarylýan sahypalaryň şygyrdysy eşidildi. — Iowyň Kitaby.

Aý dogdy. Monteg dodagyny sessizje gymyldadyp, ýanýoda bilen barýardy.

* * *

Agşam sagat dokuzda ol ýeňil-ýelpaý şamlygyny iýip bolup barýarka, girelgäniň ýanyndaky sesgüýçlendiriji myhmanlaryň gelendigini habar berdi. Mildred atylyp duran ýanardagdan gaçýan adamyň tizliginde daşky otaga tarap okduryldy. Öýe hanym Felps bilen hanym Bauels girdi, myhman otagy, göýä, ýanardagyň ot sowrup duran agzy ýaly, olary öz goýnuna aldy. Zenanlaryň elinde martini içgisiniň çüýşeleri bardy.

Monteg nahar iýmesini goýdy. Bu aýallar müňlerçe billur şelpeleri şyňňyrdap duran aýna şahaçyralaryna meňzeýärdi. Ol, hatda diwaryň aňyrsyndanam aýallaryň doňup galan, bimany gülkülerini görýän ýalydy. Olar myhman otagynyň gohuny basmaga çalşyp, çirkin sesleri bilen salamlaşýardylar.

Agzyndaky soňky bölegi çeýneýän Monteg gapynyň agzynda saklandy.

— Siz örän owadan görünýäňiz!

— Owadan!

— Sen kaşaň geýnipsiň, Milli!

— Kaşaň!

— Hemme zat ajaýyp!

— Ajaýyp!

Monteg olary sessiz-üýnsüz synlap durdy.

— Monteg, rahatlan! — diýip, Faber onuň gulagyna duýduryş beriji äheňde pyşyrdady.

— Men bu ýerde nähak eglenipdirin — diýip, Monteg öz-özüne diýýän ýaly gürledi. — Puly alyp, bireýýäm siziň ýanyňyza gitmeli ekenim.

— Ony ertir etseňizem giç bolmaz. Seresap boluň, Monteg!

— Ajap görnüş, şeýle dälmi? — diýip, Mildred seslendi.

— Örän ajap!

Telewizorly üç diwaryň birinde zenan maşgala hem-ä pyrtykal şiresini içýärdi, hemem enaýy ýylgyrýardy. «Şeýtmek oňa nädip başardýarka?» diýip, Monteg ýylgyryp duran aýal barada pikir edýärdi. Beýleki diwarda, rentgen şöhlelerinde apelsin şiresiniň şol aýalyň gyzylödeginden geçip, begençden ýaňa tirpildäp duran aşgazana tarap barýandygy görünýärdi. Birdenkä myhman otagy reaktiw uçaryň ganatlarynda bulutlara tarap uçup gitdi. Soňra bolsa gök balyklaryň gyzyl hem sary balyklary iýýän deňziniň ýaşylymtyl, bulanyk suwuna çümdi. Ýene bir minutdan üç sany gurjak masgarabaz makullaýjy gülküleriň astynda biri-birleriniň ellerini-aýaklaryny çapyşdyrýardy. Ýene-de iki minutdan diwarlar tomaşaçylary şäher ýakasyna geçirdi, ol ýerde reaktiw awtoulaglar itenekleşip, çakyşyp, aýlaw boýunça çalt tizlikde myçyp barýardylar. Monteg adam jesetleriniň zyňlyp gidişini gördi.

— Milli, sen gördüňmi?

— Gördüm, gördüm.

Monteg elini diwaryň içine sokup, ortadaky nurbady towlady. Kimdir biri balyklaryň ýüzüp ýören äpet uly akwariumynyň suwuny goýberen ýaly, diwarlaryň ýüzündäki şekiller öçdi.

Aýallaryň üçüsem yzyna öwrülip, nägilelik hem gahar bilen Montege seretdiler.

— Nähili pikir edýäňiz, uruş haçan başlanarka? — diýip,

Monteg sorag berdi. — Bu gün ýanyňyzda äriňiz-ä ýok.

— Aý, olar gelip-gidip durlar — diýip, hanym Felps gürrüňe başlady. — Kä gelýäler, kä gidýäler, bir ýerde oturanoklar... Piti düýn çagyrdylar. Ol indiki hepde geler. Oňa şeý diýipdirler. Gysgajyk uruş. Kyrk sekiz sagatdan soň hemmesi öýde bolar. Goşunda şeý diýipdirler. Gysgajyk uruş. Piti düýn çagyryp, bir hepdeden öýüňe bararsyň diýipdirler. Gysgajyk...

Üç aýal oturgyçlarynda gorsanjyrap, boş, kirli, çal diwarlara gaharly garaýardy.

— Men gaýgy edemok — diýip, hanym Felps gürrüňini dowam etdi. — Goý, Pitiň özi gaýgy etsin — diýip, ol kikir-kikir etdi. — Goý, özi aladalan syn. Men-ä pikirinem etmen. Mende hiç hili howsala ýok.

— Hawa, hawa — diýip, Milli alyp göterdi. — Goý, Pitiň özi howsala düşsün.

— Hemişe başgalaryň ärini öldürýärler. Şeýle gürrüň bar.

— Hawa, şon-a menem eşitdim. Uruşda wepat bolan ýekeje adamam tanamok. Adatça, başgaça ölýärler. Mysal üçin, beýik jaýlardan özüni oklaýarlar. Bular ýaly zatlar bolýar. Geçen hepde Gloriýaň äriniň edişi ýaly. Bu bolup biläýjek zat. Ýöne uruşda welin? Ýok-la.

— Uruşda bolanok — diýip, hanym Felps ylalaşdy. — Onsoňam Pit ikimiz hemişe şeýle diýerdik: hiç hili gözýaş ýa beýleki duýgular bolmaly däl. Bu meň üçünji gezek äre çykyşym, Pitiňem üçünji gezek öýlenişi. Biziň ikimizem düýpgöter garaşsyz. Garaşsyz bolmaly — biz mydama şeýle pikirdedik. Pit eger özüni öldüräýselerem, aglaman, dessine äre çykmagymy sargady — wessalam — iş tamam.

— Wiý, onsoňam — diýip, Mildred gürrüňe goşuldy. — Siz düýn diwarlarda Klara Douwyň bäş minutlyk romanyny gördüňizmi? Bu neme barada...

Monteg sesini çykarman, aýallara syn edip durdy. Şeýdip, ol çagajykka tötänleýin baran başga dine uýýanlaryň ybadathanajygynda keramatlylaryň şekillerini synlapdy. Ol diňe şu

ýere mahsus bolan tozganyň hem ladanyň ysyny içine sorup, başga dine aralaşmaga çalşyp, ybadathanada ep-esli durup, doga okamaga synanyşanam bolsa, şol geň şekilleriň syrçaly keşpleri onuň üçin ýat hem düşnüksiz bolup galypdy. Ol şeýle pikir edýärdi: eger şu yslar onuň öýkenine dolsa, ganyna siňse, şonda, belki, bu farfor gözli, göwher ýaly ýagty dodakly, bezelen şekiljikleriň oňa düşnükli bolaýmagy-da ahmal. Ýöne hiç hili netije bolmady. Hamala, kese ýurduň puluna haryt satylýan dükana girip, hiç zat satyn alyp bilmän çykan ýaly bir ýagdaýdy. Hatda keramatlylary elläp görende-de sowuk-salalygyna galypdy — bary-ýogy agaç, toýun. Şu wagtam, öz myhman otagynyň oturgyçlarynda gaharly gorsanjyrap outran üç sany aýala seredip durka-da, ol özüni şondaky ýaly duýýardy. Olar çilim kükedýärdiler, açyk reňkli saçlaryny düzedýärdiler, göýä, Montegiň ýiti nazaryndan ot alan ýaly çym gyzyl dyrnaklaryna syn edýärdiler. Dym-dyrslyk olara ezýet berýärdi, tukat görünýärdiler. Monteg ahyrsoňy agzyndakyny ýuwudanda, aýallar özleri-de duýmazdan, öňe tarap omzadylar. Olar Montegiň üzlem-saplam dem alşyna hüşgärlik bilen diň salýardylar. Indi myhman otagynyň üç sany boş diwary düýş görmezden agyr uka gidip ýatan äpet adamyň ak esgi ýaly maňlaýyna meňzeýärdi. Montege, olaryň maňlaýyna degäýseň, barmaklaryňda duzly deriň yzy galaýjak ýaly bolup göründi. Öliň reňki uran ýaly solak maňlaýlar gitdigiçe beter derleýärdi, ümsümlik has dartgynlaşýardy, sabyrsyzlykdan ýaňa içi ýanyp barýan aýallaryň süňňündäki hem howadaky saňňyldy has beterleşýärdi. Göýä, ýene bir minutdan olar güýçli haşşyldap, ýarylaýjak ýalydy.

Monteg:

— Geliň, gümür-ýamyr edeliň — diýip, gep gatdy.

Aýallar tisginip, oňa seredişdiler.

— Çagalaňňyzyň ýagdaýy gowumy, hanym Felps? — diýip, Monteg sorady.

— Çagamyň ýokdugyny siz gowy bilýäňiz! Onsoňam biziň döwrümizde akyly ýerindäki adam çaga beri edinýärmikä? — diýip, hanym Felps bu adamyň näme üçin özüniň jynyny atlandyrýandygyna

düşünmän jogap berdi.

— Ýok, bu meselede men siziň bilen ylalaşamok — diýip, hanym Bauels gürrüňe goşuldy. — Meň iki çagam bar. Iki gezegem kesip aldylar. Haýsydyr bir çaga üçin men ejir çekmäge borçly däl ahyryn? Ýöne, başga tarapdan, adamlar köpelmeli. Biz adam neslini dowam etdirmäge borçly. Onsoňam çagalar käwagt ata-enelerine meňzeş bolýarlar, muň bolsa öz keýpi bar. Aý, näme, iki gezek kesdiler, şoň bilenem bar mesele çözüldi. Hawa, jenap! Meniň lukmanym kesmegiň gerek däldigini, süňňümiň sagatdygyny, şeýle-de dogrup biljekdigimi aýtdy, ýöne men kesmeklerini talap etdim.

— Her näme diýseňem, çagalar — agyr ýük. Siz olary dogrup, samsyklyk edipsiňiz! — diýip, hanym Felps aýtdy.

— Aý, ýok-la, beýle erbedem däl. On günüň dokuzysyny olar mekdepde geçirýäler. Men aýda diňe üç gün, olar öýe gelende ýanlarynda bolýan. Ýöne bu-da kyn däl. Men olary myhman otagyna salyp, diwarlary işledýän — bolany. Eşik ýuwanyňdaky ýaly. Siz kir ýuwujy enjama eşikleri oklap, gapagyny ýapyp goýberýäňiz — diýip, hanym Bauels kikirdäp güldi. — Bizde hiç hili äbe-jüýjelik ýok. Meni öpmek olaryň kellesine-de gelenok. Gaýta şarpyk çalaýmaklary has ýakyn. Hudaýa şükür, şeýdäýselerem, mende heniz jogap bermäge gurbat bar.

Aýallar muňa wakyrdaşyp gülüşdiler.

Mildred biraz dymyp oturansoň, Montegiň gitmän durandygyny görüp, elini çarpyp:

— Geliň, Gaýa-da gyzykly bolar ýaly, syýasat barada gürleşeliň — diýdi.

— Örän gowy — diýip, hanym Bauels alyp göterdi. — Geçen saýlawlarda menem hemmeler ýaly ses berdim. Elbetde, Nobla. Şu wagta çenli prezidentlige saýlananlaryň içinde şol iň ýakymlysymyka diýýän.

— Hawa-la. Beýlekisi — Nobluň garşysyna çykarylan ýadyňyzdamy?

— Oňa näme diýjegiňi biler ýaly däl-ä! Keltejik, gelşiksiz, sakgal-murtunam çalak-çulak syrypdyr, saçam buýr-bulaşyk.

— Garşylykly toparyň ony dalaşgär görkezmek nireden kellesine geldikä? Heýem, uzyn boýly adamyň garşysyna-da bir

garsagy goýmak bolarmy?

Üstesine-de, ol burnuna salyp gürleýär. Onuň aýdan zatlaryny oňly eşitmedim. Eşidenjäme-de, dogrusy, düşünmedim.

— Üstesine, ol çişigem. Çişikligini, hatda eşiginiň astynda gizlejegem bolmady. Bärde geň galasy zat ýok! Elbetde, saýlawçylaryň aglabasy Winston Nobla ses berdi. Olaryň atlarynyňam belli bir derejede täsiri boldy. Özüňiz deňeşdirip görüň — Winston Nobl we Hýubert Haug — jogaby öz-özünden düşnükli bolaýar.

— Al kakmyş! — diýip, Monteg gygyrdy. — Siz olary düýpden tanaňzok, olar barada suwytly zat bileňzok ahyry!

— O nähili bilemzok. Biz olary, ine, şu myhman otagynyň diwarlarynda gördük ahyry! Bary-ýogy ýarym ýyl mundan öň. Olaň biri mydama burnuny gorjar ýörerdi. Nähili ýigrenjilik! Seretseň, ýüregiň bulanýar.

— Siziň pikiriňizçe, jenap Monteg, biz şeýle adama ses bermelimidik? — diýip, hanym Felps heňkirdi.

Mildred ýylgyryp:

— Gaý, haýyş edýän, gaharymyzy getirme-de, gapyň ýanyndan aýrylsana — diýdi.

Emma Monteg eýýäm gidipdi. Az salymdan ol eli kitaply dolanyp geldi.

— Gaý!

— Barysy gümüne gitsin! Gümüne gitsin! Gümüne gitsin!

— Bu näme? Kitapmy? Men welin ýörite okuwlar kinofilmler arkaly geçirilýändir öýdüp ýördüm — diýip, hanym Felps geň galyp, gözlerini gyrp-gyrp edip gürledi. — Siz ýangynçylyk işiniň nazaryýetini öwrenýäňizmi?

— Nazaryýet owarrasyna gitsin-le! — diýip, Monteg jogap berdi. — Bular — goşgy.

— Monteg! — diýip, onuň gulagynda Faberiň duýduryş berýän pyşyrdysy eşidildi.

— Meni öz günüme goý! — Monteg özüni, hamala, okgunly, güwwüldäp duran girdaba düşüp barýan ýaly duýdy.

— Monteg, özüňi ele al! Birden...

— Siz eşitdiňizmi? Bu ýuwhalaryň edil özleri ýaly başga nägehanlar barada lakgyldaýan zatlaryny eşitdiňizmi? Eý, Hudaý! Olar adamlara nämeler diýmeýä! Çagalary, özleri, ärleri, uruş barada!.. Nälet siňmişler! Men olary diňläp durşuma, gulaklaryma ynanmajak boldum.

— Bagyşlaň welin, men uruş barada ýeke sözem aýtmandym — diýip, hanym Felps seslendi.

Hanym Bauels:

— Goşgy! Ýek ýigrendigim goşgy-da — diýdi.

— Siz, heý, goşgy diňläp görüpmidiňiz?

— Monteg! — diýip, Faberiň sesi onuň gulagynda ýaňlandy. — Siz bar zady çepbesine çöwürýäňiz. Akmak diýsäni! Sem boluň!

Aýallar ýerlerinden galdylar.

— Oturyň! — diýip, Monteg azm urdy.

Olar boýun sunujylyk bilen oturdylar.

— Men öýe gaýtjak — diýende, hanym Bauelsiň sesi sandyrap gitdi.

— Monteg, Monteg, Hudaýyň haky üçin, haýyş edýän, nähili hokga çykarjak bolýaňyz? — diýip, Faber ýalbarýardy.

— Kitabyňyzdaky goşgulaň birini okap berseňiz, gyzykl-a bolardy — diýip, hanym Felps dillendi.

— Bu gadagan ahyryn. Beýtmek bolmaz! — diýip, hanym Bauels garşy çykdy.

— Ýöne jenap Montegiň bolup durşuna serediň ahyryn! Onuň okasy gelip, içi byjyklap dur-a. Biz biraz ümsüm oturyp diňlesek, jenap Monteg monça bolardy. Şondan soň biz başga zatlara-da güýmenip bilerdik — diýip, hanym Felps ýalaňaç diwarlara naýynjar nazaryny aýlady.

— Eger şeýdäýseňiz, men aradan aýrylaryn-da, sizi taşlaryn — diýen ses Montegiň gulagyna geldi. — Bu zatlar nämä gerek? Şeýtmek bilen, näme peýda görerin öýdýäňiz?

— Olary öler ýaly gorkuzaryn. Etjek zadym, ine, şü! Dünýäleri daralar ýaly gözleriniň oduny alaryn!

Mildred oňa tarap öwrüldi:

— Gaý, sen kim bilen gürleşip dursuň? Kümüş iňňe onuň

beýnisine çümdi.

— Monteg, diňläň! Ýeke çykalga bar! Hemmesini oýunlyga salyň, gülüň, özüňizi şadyýan görkezjek boluň! Soňundanam kitaby peje oklap ýakyň!

Ýöne Mildred ondan öňürtdi. Howp abanýandygyny duýup, sandyraýan sesi bilen düşündirmäge durdy:

— Eziz joralar, öňki döwürde hemme zadyň akmaklyk hem bolgusyzlyk bolandygyny, kitaplaryňadamlaryň rahatlygyny bozup, dälilik derejesine ýetirendigini maşgalasyna görkezmek üçin, ýylda bir gezek her bir ýangynça öýüne bir kitaby getirmäge rugsat berýärler. Şo sebäpli Gaý hem şu gün size garaşylmadyk sowgat etmegi ýüregine düwdi. O zatlaň barynyň biderekdigini görüp, bu boş patarraka kellämizi agyrdyp oturmazymyz ýaly, Gaý bize bir goşgy okap bermekçi bolýar. Şeýle dälmi, ezizim?

Monteg kitaby elinde berk gysyp durdy.

— «Hawa» diý, Monteg! — diýip, Faber buýruk berdi.

Monteginň dodaklary Faberiň buýrugyny diýenedijilik bilen ýerine ýetirdi:

— Hawa.

Mildred gülüp, kitaby garbap aldy.

— Ynha, şu goşgyny oka. Ýok, şu has gülkünç, gowusy, şuny okaý, muny hälem daşyňdan okap beripdiň. Eziz joralar, siz hiç zada düşünmersiňiz, ýöne alada galyp oturmaň. Bular hiç bir manysyz patarraky. Gaý, ezizim, şu sahypany okasana!

Monteg açyk duran sahypa seretdi. Gulagyna ses eşidildi:

— Oka, Monteg!

— Ezizim, goşgyň ady nämed-ä?

— «Duwruň kenary».

Monteginň dili damagyna ýelmeşdi.

— Okasana. Gaty ses bilen, howlukman oka. Otagda dem alara howa ýokdy. Ony ysytma tutýan ýalydy. Myhman otagy çölüstanlyga meňzeýärdi, ortarada üç sany oturgyç bardy, Montegem hanym Felpsiň köýneginiň epinini düzedip, hanym Bauelsiňem saçyna timar berip bolaryna garaşyp durdy. Ol ilki sakynyp, haýal, soňam

gitdigiçe dogumlanyp, gaty sesi bilen okamaga başlady. Onuň sesi çöllügi böwsüp, ap-ak boşluga urulýardy, oturan aýallaryň üstaşyry gyzgyn howada ýaňlanýardy:

*— Haçandyr birwagtlar ynam ummany,*
*Kemer deý zeminiň daşyny gurşap,*
*Asuda durmuşda ýaşap gelipdir.*
*Emma indi güýçli tupan arkaly,*
*Duman içre gaýalara urulan,*
*Gaýtgynyň gussaly ahy eşdilýär.*

Oturgyçlar jygyldap ugrady. Monteg okamagyny dowam etdi:

*— Sen bize rugsat ber, gudratly söýgi,*
*Wepaly bolmaga birek-birege.*
*Sebäp, hasyl bolan arzuw-isleglеň,*
*Watany dek peýda bolan bu dünýä,*
*Mydam dürli-dürli hem-de ajaýyp.*
*Ol ne ýagtyny bilýär, ne-de hyjuwy,*
*Ýylyny, begenji ýa-da gynanjy,*
*Bizem oň, hamala, gözli körleriň,*
*Çapyşyp, gyrlyşan yzyny saklan,*
*Söweş meýdanynda ygyşyp ýörüs.*[1]

Hanym Felps möňňürip otyrdy. Joralary onuň gözýaşlaryna, gyşaryp giden ýüz-gözüne seredýärdi. Olar hyjuwlaryň şeýle joşup-daşyşyna geň galyp, oňa batyrynmaga-da milt edip bilmän otyrdylar. Hanym Felps yzyny üzmän möňňürýärdi. Monteginiň özem aňk-taňk bolup durdy.

— Ýuwaş, ýuwaş, Klara! — diýip, Mildred ony köşeşdirjek bolýardy. — Rahatlan! Goýsana, Klara, saňa näme boldy?

— Men... men... — Hanym Felps ýene sojady. — Men bilemok, bilemok... Hiç zady bilemok. Wah-h...

Hanym Bauels ýerinden galyp, gazaply nazaryny Montege dikdi:

— Ýeri? Indi gördüňizmi? Men şeýle boljagyny bilýärdim. Hut şuny subut etjek bolýardym! Şygryýetiň gözýaşdygyny, öz-özüňe kast etmedigini, tutgaýdygyny, keseldigini hemişe-de aýdýardym.

1 XIX asyr iňlis şahyry Metýu Arnoldyň goşgusy.

Nejislikden başga hiç zat däl! Men indi muňa gutarnykly göz ýetirdim. Siz birehim adam, Monteg, birehim, birehim!

— Indi bolsa... — diýip, Faber Montegiň gulagyna pyşyrdap ugrady.

Monteg diýenedijilik bilen diwarpejiň ýanyna bardy-da, onuň ýylysyna ellerini uzatdy.

— Biderek sözler, bolgusyz, ýürege ýara salýan sözler — diýip, hanym Bauels dowam edýärdi. — Näme üçin adamlar birek-biregiň ýüregini agyrdýarka? Şonsuzam bu dünýäde jebir-jepa az ýaly, üstesine, adamlara şular ýaly bolgusyz zatlar bilenem ejir çekdirmelimikä?

— Klara, köşeş! — diýip, Mildred agysyny goýman oturan hanym Felpsiň elinden tutup, köşeşdirjek bolýardy. — Haýyş edýän, bes et! Biz häzir «garyndaşlary» açarys, gülşeris, şatlanarys. Aglamaňy goýaýsana! Biz häzir meýlis gurarys.

— Ýok — diýip, hanym Bauels hüňürdedi. — Men gaýtjak. Eger meni we «garyndaşlarymy» göresiňiz gelse, islän wagtyňyz baryp bilersiňiz. Ýöne şu akylyndan azaşan ýangynçyň öýüne welin, dagy-duwara aýagymy sekmen.

— Gidiberiň! — diýip, Monteg hanym Bauelse garap gürledi. — Gidiň-de, aýrylyşan birinji äriňiz barada, reaktiw ulagda heläk bolan ikinji äriňiz barada, bahym beýnisi çogjak üçünji äriňiz barada pikir ediň! Öýüňize baryp, onlarça gezek aýyrdan çagalaryňyz barada, kesdirip alan çagalaryňyz barada, sizi ýigrenýän çagalaryňyz barada pikir ediň! Gidip, bularyň nähili şeýle bolandygy barada, şeýle bolmazlygy üçin nämeleri edendigiňiz hakda pikirleniň! Gidiň! — diýip, Monteg indi gygyryp başlady. — Siziň eýiňizi ýetirip, gapydan aňyrlygyna südürlemänkäm, ugraň şu ýerden!

Gapy gürpüldäp ýapyldy, öý boşap galdy.

Monteg diwarlary ap-ak gar ýaly sowuk myhman otagynda durdy.

Suwa düşülýän otagdan suwuň sesi gelýärdi. Ol Mildrediň uky dermanlaryny goşawujyna guýup durandygyny eşidýärdi.

— Siz akmak, Monteg, akmak, akmak! Eý, Hudaý, siz nähili paňkelle!..

— Sem bol! — diýip, Monteg gulagyndaky nurbatjygy çykaryp, jübüsine saldy. Emma ol:

— Akmak... akmak!.. — diýip, jyňňyldap durdy.

* * *

Monteg öýi elek-soky edip, kitaplary, ahyryn, Mildrediň gizlän ýerinden, sowadyjynyň aňyrsyndan tapdy. Olaryň käbiri ýetenokdy, şonuň üçinem Monteg Mildrediň bu «partlaýjylary» az-azdan öýden çykaryp başlandygyna düşündi. Ýöne onuň ýeli ýatyşypdy. Monteg diňe ýadawlyk duýýardy. Ol näme üçin bu zatlara baş goşduka?

Mildrediň kellesine kitaplary ýakmak pikiri geläýmesin diýip, Monteg olary alyp, bir gijelikçe howludaky haýadyň düýbünde ösüp oturan gyrymsy ösümlikleriň arasynda gizledi.

Öýe dolanyp gelip, boş otaglarda gezmeledi.

— Mildred! — diýip, ol ýatylýan otagyň golaýyna gelip, aýalynyň adyny tutup gygyrdy. Jogap bolmady.

Monteg otluk ýer bilen metro tarap barýarka, Klarissa Maklellanyň boşap galan, ýürekgysdyryjy öýüne seretmezlige çalyşdy...

Işine gidip barşyna, ol goýberen ýalňyşlygynyň agyrlygyny, ýalňyz galanlygyny duýup, ýene-de karar tapman, Faber bilen gürleşip ugrady — onuň gijäniň ümsümliginde mylakatly, mähirden hem ýürekdeşlikden doly şol pessaýja sesi eşidesi geldi. Ol Faber bilen bary-ýogy birnäçe sagat mundan öň tanşypdy, emma, göwnüne, ony bütin ömrüne tanap ýören ýalydy. Monteg indi özünde iki adamyň ruhuny duýýardy, bir-ä hiç zada, hatda özüniň näderejede nadandygyna-da düşünmän, ony çala güman edýän Montegiň özi, beýlekisi bolsa, pnewmatik otly ony şäheriň bir çetinden beýleki çetine eltip barýarka, onuň bilen yzyny üzmän gürleşip barýan gojady. Ömrüniň indiki günlerem, garaňky hem Aýyň şöhlesine ýagtylyp duran gijelerde-de, Montegiň kalbyna söz yzyna söz, damja yzyna damja, daş yzyna daş, uçgun yzyna uçgun gaçyryp, goja professor onuň bilen dyngysyz gürleşer durar. Soňra onuň aňy ahyrsoňy pürepür bolansoň, ol Monteg bolmasyny bes eder. Oňa munuň şeýle boljagyny goja aýdýardy, ynandyrýardy, wada berýärdi. Olar — Montegdir Faber, ot hem suw — bile bolarlar, soňra, günleriň birinde, hemme zat garym-gatym bolup, gaýnap-

joşup gatyşan mahaly bolsa, eýýäm odam galmaz, suwam galmaz, diňe çakyr galar. Bir-birinden düýpgöter tapawutly iki zatdan täze, üçünji bir zat dörär. Şeýlelikde, günleriň birinde, geçen günleri göz öňüne getirip, özüniň nähili akmak bolandygyna düşünjek wagty geler. Ol eýýämden şol uzak ýoluň başlanandygyny, öňki «meniniň» hoşlaşyp, özüni taşlap gidýändigini duýýardy.

Gulagyňda balarysynyň wazzyldysyny, çybynyň jyňňyldysyny, gojanyň nepis, mahmal owazyny eşitmek nähili ýakymly! Ilkibaşda ol Montege käýinýärdi, indi bolsa gijäniň bir wagty, Monteg metronyň demikdiriji ötüginden çykyp, ýene-de ýangynçylaryň dünýäsine aralaşanda, ony köşeşdirýärdi.

— Geçirimliräk boluň, Monteg, geçirimliräk. Olaryň üstünden gülmäň, bahana aramaň. Ýaňy-ýaňylar siziňem şolardan üýtgeşik ýeriňiz ýokdy. Olar elmydama şeýle ýagdaý dowam eder diýip, tüýs ýürekden ynanýarlar. Ýöne elmydama beýle bolup durmaz. Olar durmuşlarynyň giňişlikde myçyp barýan, ýanyp duran ägirt uly meteordygyna düşünmeýärler. Ol heniz uçup barýarka, örän owadan görünýär, emma irde-giçde ol gutulgysyz ýere gaçmaly. Olar bolsa şol owadan, yşnakly şöhleden başga hiç zat görenoklar. Monteg, öz garry süňklerini gorap, öýünde busup oturan gojanyň sizi tankyt etmäge haky ýok. Emma şonda-da aýdyp galaýyn: siz başda, tasdanam, bar zadyň ýoguna ýanypdyňyz. Ägä boluň! Meniň elmydama ýanyňyzdadygymy ýatda saklaň. Siziň beýle ýagdaýa nädip uçrandygyňyza düşünýän. Dogrymy aýtsam, siziň gözsüz batyrlygyňyz meni ruhlandyrdy. Eý, Hudaý, men birdenkä özümi juda juwan duýdum! Ýöne indi men siziň gojalmagyňyzy isleýän, size bir damdygam bolsa, öz züwwetdinligimden damdyrasym gelýär. Bitti bilen geçirjek birnäçe sagadyňyzyň dowamynda hüşgär boluň, onuň töwereginde daraklygyňyza basyp ýöräň, ony diňlemäge, ýagdaýa baha bermäge maňa mümkinçilik dörediň. Biziň baş şygarymyz — aman galmak. O bedibagt nadan aýallary ýadyňyzdan çykaryň...

— Olaň keýpine sogan dogradym, şular ýaly, megerem, hiç haçan göwnüne deglen däl bolsalar gerek — diýip, Monteg gürledi. — Hanym Felpsiň gözýaşlaryny görüp, özüm geň galdym. Olaryňky

dogry bolmagam ahmal. Belki, durmuşyň häzirki ýagdaýyny görmän, hemme zada gözüňi ýumup, şadyhorramlykda ýaşanyň gowudyr. Bilmedim-dä. Men özümi ýazykly hasaplaýan...

— Ýok, beý diýme! Eger uruş bolman, dünýä parahat bolanlygynda, özümem şatlanyberiň diýerdim! Ýok, ýok, Monteg, siziň diňe ýangynçy bolup galmaga hakyňyz ýok. Bu dünýäde hemme zat gülala-güllük däl.

Derden ýaňa Montegiň maňlaýy çygjaryp durdy.

— Monteg, meni eşidýäňizmi?

— Aýaklam... — diýip, Monteg hümürdedi. — Men olary gozgap bilemok. Düşnüksiz duýgy. Olaň ädilesi gelenok!

— Diňläň, Monteg! Rahatlanyň! — diýip, goja ýumşaklyk bilen köşeşdirmäge durdy. — Size näme bolýanyny aňýan. Ýene ýalňyşmakdan gorkýansyňyz. Gorkmaň! Käwagt ýalňyşmagam peýdalydyr. Wah, siz düşünýän bolsadyňyz! Menem ýaşkam hemme ýere burnumy sokar ýörerdim. Oň üçin meni ýenjerdilerem. Ahyrsoňy, kyrka golaýlamda, men bilim ýaragyndan şaýymy tutdum. Eger nadanlygyňyzy gizleseňiz, hiç haçan urulmarsyňyzam, akylyňyzam goýalyşmaz. Indi bolsa haýdaň! Hany, boluň! Ýaýdanmaň! Bilelikde ýangyn bekedine baralyň! Biz indi iki. Siz indi ýeke däl, biziň herimiz myhman otagymyzda ýekelikde oturamzok. Bitti sizi alarladyp ugranda, size kömek gerek bolsa, men ýanyňyzda, gulak perdäňizde bolaryn, hemme zady eşiderin, duýaryn!

Monteg aýaklarynyň — ilki sagynyň, soňam çepiniň — ýene öňki kaddyna gelendigini duýdy.

— Meni ýeke goýmaweriň, goja dost! — diýip, ol pyşyrdady.

Mehaniki köpek keteginde ýokdy. Ketek boşdy, ýangyn bekediniň suwalyp agardylan jaýy ümsümlige bürenipdi. Garnyny nebitden dolduran narynç Semender irkilip ýatyrdy; onuň böwründe haçjalaýyn berkidilen ot pürkgüçler dynç alýardy. Monteg bu ümsümligiň içi bilen geçdi-de, bürünç syryga ýapyşdy, Mehaniki köpegiň boşap galan keteginden gözüni aýyrman, ýokaryk, tümlüge tarap uçup gitdi. Onuň ýüregi kä durýardy, käte-de çalt-çaltdan urup başlaýardy. Faber misli çal gije kebelegi ýaly, häzirlikçe dymýardy.

Ýokarky meýdançada Bitti bardy. Ol hiç kime garaşmaýan ýaly, ötüge arkasyny öwrüp durdy.

— Ine! — diýip, ol kart oýnap oturan ýangynçylara ýüzlenip gürledi. — Dünýä dilleriniň ählisinde «samsyk» diýlip atlandyrylýan örän täsin nusga gelýär.

Ol yzyna öwrülmän, aýasyny açyp durşuna, elini ýokaryk tutup, «salgyt» talap etdi. Monteg oňa kitaby gowşurdy. Bitti sahabyna-da seretmän, kitaby zir-zibil atylýan çelege oklady-da, çilim otlandy.

— «Kimde akyldan sähelçe düşnük bar bolsa, şol kişi samsygyň barypýatanydyr». Hoş geldiň, Monteg! Ysytmaňyz geçip sagalan bolsaňyz, biziň bilen nobatçylyk edersiňiz-ä? Poker oýnalymy?

Olar stoluň başyna geçdiler. Kart paýlandy. Monteg Bittiniň ýanynda elleriniň «günäsini» has ýiti duýýardy. Onuň barmaklary, bezzatlyk edýän alajagözenler ýaly, az wagtlygam bir ýerde duranokdy. Olar käbir zatlary alňasaklyk bilen dörjeleşdirýärdiler, käte-de Bittiniň spirt alawy ýaly ýiti nazaryndan gaçyp, jübüde bukulýardylar. Göwnüne, brandmeýster Montegiň barmaklaryna üfläýse, elleri gurap, çürşüp, soňra olara hiç haçan jan girmejek ýalydy; olar onuň gursakçasynyň ýeňlerinde hemişelik jaýlanyp galjakdy. Sebäbi bu eller Montegden üzňelikde, özbaşdak hereket etmäge milt edipdiler, onuň aňy ilkinji gezek şolarda özüni ýüze çykarypdy, kitaba ýapyşyp, öz ýany bilen Iowy, Rufy ýa-da Şekspiri alyp gitmek baradaky islegi amala aşypdy. Şu ýerde, ýangyn bekedinde olar ganhoryň gana bulanan elleri ýaly bolup görünýärdi.

Ýarym sagadyň dowamynda Monteg iki gezek turup, elini ýuwup geldi. Dolanyp gelensoňam, ol ellerini stoluň aşagynda gizleýärdi. Bitti pyňkyryp goýberdi:

— Hany, elleriňizi görner ýaly ýerde goýuň, Monteg! Bu bir ynanmazçylygam däl welin, ýöne her näme-de bolsa...

Hemmeler gülüşdi.

— Ýeri, bolýa-da — diýip, Bitti dowam etdi. — Howply döwür geçdi, indi hemme zat gowy. Azaşan tokly sürä dolandy. Öz wagtynda biziň hemmämizem azaşyp görüpdik. Biz hakykat hemişe-de hakykatdyr diýip gygyrýardyk. Asylly pikirleri bolan

adamlar ýalňyz däldir diýip, özümizi ynandyrýardyk. Jenap Filip Sidneýiň aýdyşy ýaly: «Eý, janly sazlaşyklarda busup ýatan akyl-paýhas». Ýöne, beýleki tarapdan, Aleksandr Pop şeýle diýipdir: «Sözler ýapraklar kysmydyr, olaryň gür ýerinde miwäniň ýapragyň aşagynda gizlenip ýatandygy gümanadyr». Siz bu barada nähili pikirde, Monteg?

— Bilmedim.

— Ägä bol — diýip, uzak bir ýerlerden Faberiň pyşyrdysy eşidildi.

— Ýa-da, ynha, ýene: «Az bilmek howpludyr; şony ýatdan çykarman, badany pürepür et. Bir owurtdan sen dessine serhoş bolarsyň, ýöne soňuna çenli içseň welin, ýene-de aýdyň aňa eýe bolarsyň». Bu-da Pop, şol bir «Tejribeler». Muny siz barada-da aýtsa bolarmyka diýýän, Monteg, şeýle dälmi? Özüňiz nähili pikirde?

Monteg dodaklaryny dişledi.

— Häzir düşündireýin — diýip, Bitti ýylgyryp durşuna, kartlaryna seredip gürledi. — Siz hut bir owurtdan serhoş bolduňyz ahyryn. Birnäçe setir okanyňyzdan, kelläňiz göçdi. Gümp-tamp! Siz eýýäm älem-jahany partlatmaga, kelleleri kesmäge, aýallardyr çagalary basgylamaga, at-abraýy ýere çalmaga taýýar. Men bilýän, bular öz başymdanam geçipdi.

— Ýok, men hiç zat... — diýip, Monteg aljyrap gürledi.

— Muň üçin ýüzüňizi gyzardyp durmaň, Monteg! Men üstüňizden güljek bolamok. Bilýäňizmi näme, bir sagat mundan öň bir düýş gördüm. Dynç alaýyn diýip gyşaramda, ikimiziň kitaplar barada aldym-berdimli jedele girişimiz düýşüme giripdir. Siz gahar-gazaba münüp, üstüme salgylanma baryny ýagdyrýardyňyz, menem arkaýynlyk bilen olary yzyna serpikdirýärdim. Men: «Agalyk» diýdim. Siz alym Jonsonyň sözlerini getirip: «Bilim agalykdan güýçlüdir» diýdiňiz. Men bolsa: «Gadyrdanym, şol bir Jonson şeýle diýdi: «Kesgitliligi kesgitsizlige çalyşmak isleýän telbedir» diýip jogap berdim. Ýangynçylara gol beriň, Monteg! Beýleki zatlaň bary garaňky bulam-bujarlykdyr!

— Oňa gulak gabartmaň — diýip, Faber pyşyrdady. — Siziň aňyňyzy bulaşdyrjak bolýa. Ol edil ýylan ýaly sypjyk. Ägä boluň!

Bitti göwnühoş halda ýylgyryp, gürrüňini dowam etdi:

— Siz maňa: «Hakykat irde-giçde bir ýerlerden dömüp çykar. Ganhorlygy uzak wagtlap ýaşyryp bolmaz» diýip jogap berdiňiz. Men bolsa perwaýsyzlyk bilen: «Eý, Hudaý, bu ýöne öz eňegine tutup otyr — diýdim-de, sözümiň üstüni ýetirdim. — Şeýtanam käwagt keramatly ýazgylara salgylanyp bilýär». Siz gygyryp, maňa jogap berdiňiz: «Bizde parça geýnen akmagy pukara geýnüwli akyldardan ileri tutýarlar!». Şonda men ýuwaşja pyşyrdadym: «Hakykat özüniň şeýle özelenip goralmagyna mätäçmikä?». Siz ýene-de gygyrdyňyz: «Ganhor şu ýerde — ölenleriň ýaralary açylyp, ýene-de sil ýaly gan akyp başlady!». Menem egniňize kakyp jogap berdim: «Men sizde şular ýaly bilesigelijilik oýaraýdymmykam?». Siz bogazyňyza sygdygyndan gygyrýardyňyz: «Bilim — güýçdür! Girdenegem äpet adamyň eginlerine münüp, ondan has alyslary görýändir!». Men bolsa örän arkaýynlyk bilen jedelimizi şu sözler bilen tamamladym: «Jenap Pol Waleri aýtmyşlaýyn: «Metaforany subutnama, boş sözleri hakykatyň gözbaşy, özüňi bolsa weli saýmak biziň hemmämize mahsus ýalňyşlykdyr».

Montegiň başy aýlanyp durdy. Göwnüne, kellesine, gözlerine, ýüzüne, eginlerine, ellerine rehimsizlik bilen urulýan ýalydy. Onuň: «Ýok! Sem boluň! Siz hemmesini bulaşdyrjak bolýaňyz! Bes ediň!» diýip gygyrasy geldi.

Bitti inçejik, sandyraklap duran barmaklary bilen Montegiň elinden tutdy.

— Eý, Hudaý, ýüreginiň uraýşyny! Men siziň gaty gaharyňyzy getiräýdim öýdýän, Monteg, şeýlemi? Jyn urmuş, siziň ýüregiňiz, hamala, urşa girip-çykanyňky ýaly bökýär. Diňe tüýdükdir jaň sesleri ýetenok. Ýene gürleşelimi? Siziň tolgunyp durşuňyz maňa ýaraýar. Haýsy dilde gürläýin? Suahiliçemi, hindiçemi, edebi iňlisçemi — men hemmesini bilýän. Ýöne bu lal bilen gürleşen ýaly bolýa, şeýle dälmi, jenap Willi Şekspir?

— Bek oturyň, Monteg! — diýip, onuň gulagyna pyşyrdy eşidildi. — Ol aňyňyzy garjaşdyrjak bolýar.

— Gör, siz nähili gorkduňyz — diýip, Bitti gürrüňini dowam etdi.

— Men, hakykatdanam, ýowuz daradym — siziň garşyňyza ýapyşyp ýatan şol kitaplaryňyzy ulandym, onuňam sebäbi her ädimde, her sözde aýdanlaryňyzy ret etmek üçin şeýtdim. Bu kitaplary sen ýöne goýaý — olar şeýlebir ikiýüzli! Olar tekge berer öýdersiňiz welin, gaýtam öz garşyňyza çykýandyr. Diňe siz däl-de, beýlekilerem kitaplardan peýdalanyp biler, sizem eýýäm atlaryň, işlikleriň, sypatlaryň aýylganç bulam-bujarlygyna, batgalygyna çümüp galansyňyz. Meň düýşüm Semendere atlanyp, ýanyňyza baryp: «Biziň ýolumyz aýrymy?» diýip soran mahalym tamamlandy. Siz awtoulaga mündüňiz, onsoň biz hiç zat gürlemän, ýangyn bekedine tarap ugradyk; hyjuwlar ýatyşyp, ýene-de parahatlyk aralaşdy.

Bitti Montegiň elini goýberdi, şonda onuň stola direnen elleri mejalsyzdy.

— Soňy gowulyk bilen gutarýan zatlaň hemmesi gowy.

Ümsümlik. Monteg, göýä, ak daşdan ýasalan heýkel ýaly bolup otyrdy. Iň soňky urlan urgularyň ýaňy ýuwaş-ýuwaşdan onuň beýni öýjüklerine siňip gitdi. Faber olar mazaly ýatyşýança garaşdy. Montegiň aňynda turan tozanly tupan ýatyşansoň, Faber ýuwaşja gürläp ugrady:

— Ýagşy, ol ýüregindäkini egisdi. Indi men gürlejek. Şiz şonam soňuna çenli diňlemeli bolarsyňyz. Soňra bulardan baş alyp çykmaga çalşyp, kimi saýlajakdygyňyz barada netijä gelersiňiz. Ýöne men bu netijäniň meniňki ýa-da brandmeýster Bittiniňki däl-de, hut öz gelen netijäňiz bolmagyny isleýän. Bir zady bek belläň — brandmeýster hakykatyň hem erkinligiň iň howply duşmanlarynyň, biziň jemgyýetimiziň nadan we biperwaý sürüsiniň hataryna degişlidir. Wah, şol köpçüligiň çekdirýän jebir-jepasyny diýsene! Biz Bitti bilen deň däl-de, hersi aýry-aýry, özüçe gygyrýan horazlar. Haýsymyzy diňlemek bolsa özüňize bagly.

Fabere jogap bermek üçin Montegiň agzyny açanam şoldy welin, ýangyn jaňjagazynyň sesi ýaňlanyp, ony bagyşlap bolmajak säwlikden halas etdi. Ýangyn jaňynyň sesi bamyň astynda güwleýärdi. Otagyň beýleki çetinde salgyny ýazyp alýan telefon enjamy tyrkyldaýardy. Elinde kart saklap duran brandmeýster Bitti äwmezlik bilen enjamyň ýanyna bardy-da, kagyz talasy ýyrtyp aldy. Geleňsizlik bilen salga

seretdi-de, jübüsine saldy, soňra ýene-de gelip, stoluň başynda oturdy. Hemmeler oňa seredip durdy.

— Bu iş ýene-de, dogry kyrk sekunt garaşyp biler, sizi utmak üçin maňa hut şonça wagt gerek — diýip, Bitti şadyýan äheňde gürledi. Monteg kartlaryny stoluň üstünde goýdy.

— Näme, Monteg, ýadadyňyzmy? Oýundan çykmak isleýäňizmi?

— Hawa.

— Ýeri, ýeri! Ruhdan düşmäň! Ýogsa-da biz bu oýny soňa-da goýup bileris. Kartlaryňyzy ýapyp stolda goýuň, gelip dowam edäýeris. Indi bolsa gozganyň! Çaltrak! — Bitti ýerinden galdy. — Monteg, maňa siziň bolşuňyz ýaranok. Ýene-de ýarawsyzlyk tapynýan-a dälsiňiz-dä?

— Ýok-la, janym sag, menem siz bilen gidýän.

— Hawa, siz hökman gidäýmeli. Bu adatdan daşary ýagdaý. Hany, ýörüň!..

Olar ötügiň deşigine bökdüler-de, göýä, aşakda möwç urýan tolkunlardan goranmaga ýeke-täk çykalga hökmünde mis syryga berk ýapyşdylar. Emma syryk olary gös-göni benzin aždarhasynyň oýanyp, üsgürip, arlap duran çuňlugyna alyp gitdi.

— E-e-ý!

Olar uly gykylyk we güpürdi bilen burçuň aňyrsyna sowuldylar — togtadyjjylar jygyldap, tekerleriň sesi gulagyňy gapyp gelýärdi, hamala, äpet mahlugyň holtumyndaky iýmit ýaly, Semenderiň ýalpyldap duran mis garnyndan nebit dökülýärdi. Montegiň elleri käte sowuk boşluga tarap typyp, ýalpyldap duran tutawajyň üstünde böküp durdy; ýel saçlaryny ütere getirip, dişlerinde şuwlaýardy. Monteg bolsa myhman otagyndaky kemakyl aýallar hakda, neon şemalynyň olaryň aňynyň iň soňkuja zerrejiklerini-de üfläp alyp gidendigi, özüniň olara kitap okap bermek baradaky samsyklaç pikiri hakda yzyny üzmän oýlanýardy. Munuň özi ýangyny suw pürkýän sapança bilen söndürjek bolmak ýaly bir zatdy. Akmaklyk, tenteklikdi! Tutgaý ýaly bir zat-da. Özüniň jylawlap bilmedik gaharynyň ýene-de bir ýüze çykmasy. Haçan ol özündäki bu telbeligi ýeňip, hakykatdanam, asuda ýagdaýa gelerkä?

— Öňe, öňe!

Monteg nazaryny tutawaçdan aýyrdy. Adatça, Bitti desiň başyna geçmezdi, bu gezek welin, sürüjiniň oturgyjynda oturyşyna, öňe tarap omzap, köçäň burçlaryndan çalasyn öwrümler edip, ulagy özi sürüp barýardy; onuň ýukajyk ýapynjasynyň syýlary şemala galgaşyp, ýele tarap uçup barýan äpet ýarganata meňzeýärdi.

— Dünýäni bagtly etmegiň hatyrasyna, öňe, öňe! Şeýle dälmi, Monteg?

Bittiniň fosfor ýaly ýalpyldaýan ýaňaklary garaňkylykda şöhle saçyp, guduz açanyňky ýaly ýylgyrýardy.

— Ine-de, biz geldik!

Semender sakga durdy. Ondaky adamlar tagaşyksyzlyk bilen böküşip düşdüler. Monteg ýapyşyp duran tutawajyndan pökgerip duran gözlerini aýyrman durdy.

«Men bu işi başarman — diýip, ol pikir edýärdi. — Men bu ýumşy nädip başaraýyn, nädip ýene-de ýakaýyn? Bu öýe aýagym ädilmez».

Bitti onuň ýanynda sömeldi.

— Ýeri, Monteg!

Gödensiz uly ädiklerinde maýyp adamlara çalym edýän ýangynçylar, söwsatanlar ýaly ümsümje dyr-pytrak boldular.

Ahyrsoňy tutawaçdan gözüni aýran Monteg yzyna öwrüldi.

Bitti gözüni aýyrman, oňa seredip durdy.

— Size näme boldy, Monteg?

— Bu näme boldugy? — diýip, Monteg ysgynsyz sorady. — Meniň öýümiň gabadynda durus-a?

# III bap

## Ot alawlap ýanýar

Köçäniň ugrundaky öýleriň çyralary ýanyp, gapylary açylyp ugrady. Adamlar alaw baýramçylygyny görmek üçin ylgaşyp çykýardylar. Bitti bilen Monteg — biri kanagatlanma bilen, beýlekisi öz gözlerine ynanman — tomaşanyň esasy sahnasyna öwrüljek öýe seredip durdular: bu ýerde ot bilen her hili hokgalary görkezerler.

— Ine! — diýip, Bitti gürläp başlady. — Siz öz maksadyňyza ýetdiňiz. Dostumyz Monteginiň Güne tarap uçasy geldi, indem ganatlary gyrlansoň, bu nädip beýle bolduka diýip geň galýar. Eýse, gapyňyza mehaniki köpegi iberemde, men size ymyklyja düşündirmänmidim?

Montegiň doňup galan ýüzünden hiç zat aňlap bolanokdy; ol gunt ýaly agralan kellesiniň haýallyk bilen gapdala, golaýdaky owadan güllere bürenip oturan garaňky hem tukat öýe tarap öwrülendigini duýdy.

Bitti ýigrenç bilen seňrigini ýygyrdy:

— Aý, goýsaňyzlaň! Siz, dogrudanam, şol akylyndan azaşan gyzjagazyň samahyllamalaryna özüňizi oýnadaýdyňyzmy? Şeýlemi, Monteg? Güljagazlar, ýaprajyklar, kebelejikler. Şapak. Bilýäs, bilýäs! Hemmesi onuň ýazmajynda görkezilen. Eý-ho! Men edil üstünden baraýdym öýdýän! Siziň aljyraňňy ýüzüňize seretdigiň ýeterlik. Birnäçe baldajyk hem orak ýaly Aý! Nähili bidereklik! Hawa, şeýdip, şo gyz kime näme ýagşylyk etdi?

Monteg Semenderiň sowuk ganatynyň üstünde oturdy. Ol özüniň gum dykylan ýaly agralan kellesini birnäçe gezek eýläk-beýläk öwürdi: saga — çepe, saga — çepe...

— O gyz hemme zady bilýärdi. Adamlara eden ýamanlygy ýok. Hiç kime zyýan ýetirmedi...

— Ýetirmedimi! Ýalňyşýan bolaýma? Siziň töweregiňizde köwejeklemedimi? Wah, şu keramatlysyrap, hondanbärsi dymyp, hiç bir sebäpsiz adamlary özlerini günäkär saýmaga mejbur edýän ýeke-täk zehini bolan mähremsumaklary diýsene! Jyn urmuşlar!

Düşekde ýatyrkalaram rahatlyk tapmasynlar diýip, göze görünýän salgym ýaly mydama göz öňünde gaýmalaşyp ýörendirler!

Jaýyň gapysy açylyp, basgançaklar bilen eli çemedanly Mildred ylgap düşdi. Bir taksi sakga durup, ýanýodanyň gyrasynda saklandy.

— Mildred!

Mildred taýzarylyp, Montegiň ýanyndan ylgap geçdi — onuň ýüzi pudradan ýaňa ap-akdy, dodaklaryna reňk çalmagy ýadyndan çykaransoň, agzy çala saýgardýardy.

— Mildred, ýangynçylara howsala habaryny sen ýetirdiňmi?

Zenan çemedany taksä ýükläp, düýşdäki ýaly samrap, oturgyja çökdi:

— Wah, meniň «garyndaşlarym», görgülijikler, pahyrjyklar! Bary gutardy, hemme zat puç boldy...

Bitti Montegiň egninden asylyşdy. Ulag sagatda ýetmiş mil tizlik bilen köçäň o başynda ýitip gitdi.

Birden, hamala, gyraňlanan çüýşeden, aýnadan we billur prizmadan döredilen arzuwyň kül bolup dagaýşyna meňzeş bir ses eşidildi. Monteg nirelerdendir bir ýerlerden gelen tüweleý ykdyran ýaly bolup, hyrra yzyna öwrüldi. Ol Stounmen bilen Blegiň howa geçer ýaly giňişlik döretmek üçin palta bilen äpişgeleriň çarçuwalaryny döwýändiklerini gördi. Sowuk, gara päsgelçilige urunýan gijeki kebelejigiň ganatlarynyň şygyrdysy.

— Monteg, bu men — Faber. Meni eşidýäňizmi? Näme boldy?

— Indi o zatlar hut meň öz başymdan indi — diýip, Monteg jogap berdi.

— Görseňizläň, nähili garaşylmadyk ýagdaý! — diýip, Bitti gürläp başlady. — Biziň döwrümizde, nämüçindir, her kim bular ýaly zatlaryň özi bilen bolup geçmejegine berk ynanýar. Beýlekiler ölýär, men weli diri. Meň üçin hiç hili muşakgatam, jogapkärçiligem ýok. Ýöne gynandyrýan ýeri, şolar bar-da. Ýogsa-da bu gürrüňleri goýaly-la! Boljak iş bolansoň, oň gürrüňini edeniň peýdasy ýok, şeýle dälmi, Monteg?

— Monteg, siz gaçyp halas bolup bilýäňizmi? — diýip, Faber sorady.

Monteg haýallyk bilen öýüne tarap ýöräp barýardy, emma aýaklarynyň ilki sement ýodajyk, soňam çygjaryp duran gijeki

otjagazlar bilen ýöräp barýanyny duýmaýardy. Onuň golaýynda duran Bitti çakmagyny şyrkyldatdy, Montegiň gözleri, jadylanan ýaly, ýalnyň mämişi diljagazyna gönükdi.

— Näme üçin ot diýlen zat düşündirip bolmajak şeýle ajaýyplykdan doluka? Onda uly-kiçini özüne çekýän zat näme? — Bitti çakmagyny öçürip, ýene-de ýakdy. — Ot — bu müdimilik hereket. Adamyň hemişe tapmaga çalşyp, tapyp bilmedik zady. Ýa-da tas müdimilik zat. Eger oňa päsgel bermeseň, ol ömrümiziň bütin dowamynda öçmän ýanar durardy. Ýöne şonda-da, ot nämekä? Syr. Tapmaça! Alymlar sürtülme we molekulalar barada bir zatlary samahyllaýarlar, ýöne has içginräk seretseň, olaň bilýän zady ýok. Oduň iň bir ajap oýny jogapkärçiligi we netijeleri ýok edýänligindedir. Eger bir mesele agyr ýüke öwrülse — ony peje okla. Ynha, sizem, Monteg, şu wagt agyr ýüke öwrüldiňiz. Ot sizi meniň gerdenimden çalt hem gepsiz-gürrüňsiz aýrar. Çüýräre-de zat galmaz. Amatly. Arassaçylyga laýyk. Owadan.

Monteg şu wagt özüne ýat hem geň görünýän öýüne seredip durdy: gijäň bir wagty, goňşularyň hyşy-wyşysy, döwlen aýna bölekleri we hol ýerde, tagta düşemäniň üstünde bolsa sahaplary goparylan, sahypalary guwlaryň ýelekleri ýaly galgaşyp duran düşnüksiz kitaplar ýatyr. Olar şu wagt göz gyny ýagdaýdady we tolgunanyňa-da degmeýäne meňzeýärdi — bary-ýogy saralyp giden kagyz, gara harplar hem köneje jiltler.

Belanyň körügi Mildred bolmaly. Ol, belki, kitaplary bagda bukanymy görüp, öýe salandyr. Wah, Mildred, Mildred.

— Men siziň bar işi ýeke özüňiziň ederiňizi isleýän, Monteg! Ýöne nebitdir otluçöp bilen däl-de, ädimme-ädim, ot pürkgüç bilen. Öýüňizi siziň özüňiz arassalamaly.

— Monteg, siz gizlenip ýa gaçyp bileňzokmy?

— Ýok! — diýip, Monteg bialaç gürledi. — Mehaniki köpek dur! Ol sypdyrmaz!

Faber eşitdi, emma muny Bitti hem eşitdi, ol bu sözler özüne aýdylýandyr öýtdi.

— Hawa, şu ýerlerde köpegem bardyr — diýip, ol jogap berdi.

— Şoň üçin haýsydyr bir hokga çykarjak bolaýmaň. Taýýarmy?

— Hawa — diýip, Monteg ot pürkgüjiň ýazdyrgyjyny basdy.

— Ot aç!

Ot pürkgüçden oduň ýalaw ýaly äpet dili çogup çykdy-da, kitaplary diwara tarap pyzyp goýberdi. Monteg ýatylýan otaga baryp, iki gezek giň düşeklere tarap ot açdy; olar şatyrdap ýanyp başlanynda, Monteg, hatda geň galdy: olarda şunça howur hem hyjuw bardyr diýip, kimiň kellesine geler. Ol ýatylýan otagyň diwarlaryny hem aýalynyň odur-budur saklaýan stoljugyny ýakdy, sebäbi öňde-soňda bulardan dynmagyň arzuwyndady. Stollary, oturgyçlary, aşhanada bolsa plastmassadan edilen pyçaklary, çarşaklary we gap-gaçlary — garaz, özüne keseki görnen aýal bilen şu boş jaýdaky ýaşaýşyny ýatladýan zatlaryň baryny ýakdy. Aýaly ony ertiriň özünde ýadyndan çykarar, şu wagt bolsa diňe «Çaňňalagyň» gulagyna pyşyrdaýan zatlaryny diňläp, şäheriň köçeleri bilen uly tizlikde barýandyr.

Öňküler ýaly, ýakmagyň öz lezzeti bardy — gahar-gazabyň jylawyny ýazdyrmak, ýakmak, ýyrtmak, ýumurmak, tike-tike etmek, bimany zatlary ýok etmek ýakymlydy. Çözgüt ýokmy? Onda, ine, mesele-de bolmaz! Ot hemme zadyň ýoguna ýanar!

Kitaplar oda çirkizilen guşlar ýaly böküşip, dumly-duşa pytraýardy, olaryň ganatlarynyň ýeleklerinden gyzyl-sary uçgunlar syçraýardy.

Soňra ol myhman otagyna girdi, onuň diwarlarynda özleriniň boş pikirleri hem sowuk ukulary bilen äpet, beýnisiz mahluklar gizlenip, çuň uka batyp ýatyrdylar. Ol üç sany ýalaňaç diwaryň her birine ot pürkdi we gowuz gutular ýiti ses edip döwüldiler — boşluk Montege gazaply şuwwuldy hem bimany ses bilen jogap berdi. Monteg onuň döredýän edil şunuň ýaly boş hem bimany keşplerini göz öňüne getirjek boldy, ýöne başarmady. Diňe bu boşluk öýkenlerine barmaz ýaly, demini saklady. Ol otagy edil pyçak bilen kesen ýaly bölek-bölek etdi, soňra bolsa biraz yza tesip, otaga sowgat hökmünde, oňa ýalnyň ýene bir äpet ýagty-sary dessesini pürkdi. Diwary örtüp duran oda çydamly gatlak ýarylyp, öý otdan ýaňa sandyrap ugrady.

— Tamamlanyňyzdan soň — diýip, onuň arkasyndan Bittiniň sesi eşidildi — tussag edilendigiňizi ýatdan çykarmaň.

Öý gyzyl köze hem gara ýanyk üýşmege öwrülip, ýumruldy. Ol çalymtyl-al küli örtünip ýerde ýatyrdy, ýykan-ýumranlykdan çykýan tüsse asmana göterilýärdi. Sagat daňdan dördüň ýarydy. Adamlar öýli-öýüne dagadylar: sirk tomaşasyndan diňe tümmek kül galypdy. Tomaşa tamam boldy.

Monteg ysgynsyz elleri bilen ot pürkgüji saklap durdy; goltuklaryndan gara der damjalary syrygýardy, ýüzüne kül urlan ýalydy. Onuň yzynda beýleki ýangynçylar ümsümje durdular; olaryň ýüzüni sönüp barýan oduň çala ýylpyldysy ýagtyldýardy.

Monteg gürlejek bolup iki gezek synanyşdy. Ahyrsoňy, pikirini jemläp, sorag berdi:

— Howsala habaryny aýalymdan aldyňyzmy?

Bitti makullaýjylyk bilen baş atdy.

— Ondanam öň aýalyňyzyň joralary habar etdiler, ýöne men howlukjak bolup durmadym. Irde-giç-de siz, barybir, ele düşerdiňiz, Monteg! Siziň gören ýerde goşgy okap ýörmegiňiz barypýatan akmaklyk. Barypýatan kemakyllyk, ulumsylyk. Adamlara birnäçe goşgy setirlerini okatdygyň bes, olar özlerini ýeriň-gögüň diregi hasaplaýarlar. Siz öz kitaplaryňyz bilen gudrat görkezerin öýtdüňiz. Emma bu dünýä olarsyzam oňup bilýän bolup çykdy. Serediň, olar sizi nämeleň üstünden eltdi, siz boýuňyz bilen batga batdyňyz; külbikämi gymyldatdygym bes, ol sizi demine dartar!

Monteg gymyldamady. Ýertitremedir ýangyn tupany ýap-ýaňy onuň öýüni ýer bilen ýegsan etdi; Mildred ikisiniň bütin durmuşy şu hapyr-hupuryň aşagynda galdy, indi bolsa Monteginiň ýerinden gozganmaga mejaly ýok. Bolup geçen hadysalaryň ýaňy henizem onuň böwrüne sanjy bolup durdy; ýadawlygyň, geň galmagyň, gahar-gazabyň agyr labyryndan ýaňa dyzlary epilip durdy. Ol Bittä hiç bir gaýtawulsyz yzly-yzyna urgy urmaga mümkinçilik berýärdi.

— Monteg, siz barypýatan samsyk! Siz ýaly tentek heniz dogup-dörän däldir! Ýeri, bu zatlary haýsy kelle bilen etdiňiz?

Monteg ony eşitmeýärdi. Aňynda özüniň dem-düýtsüz, küle

bulaşan göwresini bu rehim-şepagatsyz was-wasa goýup, alyslara gaçyp barýardy.

— Monteg, gaçyň! — diýip, Faber janygýardy.

Monteg diňşirgendi.

Kellesine degen güýçli urgy ony yza tesdirdi. Faberiň sesiniň pyşyrdap, gygyryp duran ýaşylja okjagazy ýodanyň üstüne gaçdy. Bitti göwnühoşluk bilen ýylgyryp, ony ýerden galdyryp, gulagyna tutdy.

Monteg uzaklardan gelýän sesi eşitdi:

— Monteg, size näme boldy? Siz dirimi?

Bitti okjagazy gulagyndan aýryp, jübüsine saldy.

— Ä-hä! Diýmek, bu ýerde meň pikir edişimden has ulurak zatlar ýatyr. Men siziň başyňyzy aşak egip, bir zatlara diňşirgenýäniňizi duýdum. Ilkibaşda gulagyňyzda «Çaňňalak» bardyr öýtdüm, ýöne soňra birdenkä siz akyllysyrap başlaňyzda welin, bu mende şübhe döretdi. Zyýany ýok, biz mundanam uç taparys, şepäň bizden sypjak gümany ýok.

— Ýok! — diýip, Monteg gygyrdy.

Ol ot pürkgüjiň ýazdyrgyjyna elini ýetirdi. Bittiniň gözleri tegelenip, howsalaly nazary Montegiň barmaklarynda saklandy. Monteg ol gözlerden geň galma duýgusyny okady. Onuň özi-de biygtyýar öz ellerine seretdi — olar ýene nämeleri gaýrarka? Birneme soňrak, bolup geçen zatlaryň baryny ýadyna salyp, özüni adam öldürmäge nämäniň iterendigine düşünmek isledi: elleriniň özümi ýa-da bu elleriň etmekçi bolýan işine Bittiniň garaýşymy? Gök gümmürdisiniň iň soňky güpürdileri Montegiň aňyna däl-de, diňe gulagyna degip, sem boldy.

Bittiniň ýüzi ýigrençden doly keşbe girdi.

— Aý, hawa-da, özüňi diňlemäge mejbur etmegiň bu-da bir usuly. Sapançany gürrüňdeşiňe çene, olam islese-islemese seni diňlemeli bolar. Ýeri, başlaberiň. Bu gezek näme aýdarkaňyz? Näme üçin maňa Şekspiri hödür edeňzok? «Seň haýbatlaňdan heder edemok, Kassiý! Olar şemal kimin şuwlap, sowa geçýär. Namysymy hemme zatdan belent tutýandyryn». Şeýleräk öýdýän. Siz bir işi şowlamadyk edebiýatçy! Ýeri, boluň-da! Mäşäni gysyň!

Bitti öňe bir ädim ätdi.

Monteg diňe:

— Biz, hemişe, ýakmaly zadymyzy bilmändiris... — diýdi.

— Ot pürkgüji bäri beriň, Gaý! — diýip, Bitti ýüzünde doňup galan ýylgyryş bilen gürledi.

Emma şobada ol bir tokga ýalna, adam şekilinden hiç zat galmadyk bökýän, bagyrýan gurjaga, ýerde togalanýan otly şara öwrüldi. Sebäbi Monteg oňa ot pürkgüjiň alawyny pürküpdi. Ýanyp duran peje tüýkülik gaçan deý pyşşyldy eşidildi, hamala, ägirt uly gara balykgulaga bir gysym duz sepilen ýaly, nämedir bir zat köpükläp, lakyrdap gaýnaýan ýaly ses çykdy. Monteg gözlerini ýumup gygyrdy, bu aýylganç sesleri eşitmejek bolup, elleri bilen gulaklaryny ýapdy. Ýene birnäçe saňňyldyly hereketlerden soň, Bitti bükülip, mumdan ýasalan gurjak deý süllerip galdy, ses-selem ýatdy.

Beýleki iki ýangynçy söre-söm bolup durdy.

Ýürek bulanmasyna zordan döz gelip, Monteg ot pürkgüji olara tarap gönükdirdi.

— Aňryňyza öwrüliň! — diýip, olara azm urdy.

Olar diýenedijilik bilen oňa tarap ýeňselerini öwürdiler; çal, gaýnan et ýaly ýüzlerinden der sil bolup akýardy. Monteg bar güýji bilen olaryň kellesine urup, biri-biriniň üstüne itdi. Ýangynçylar ýykylan ýerlerinde gymyldysyz ýatdylar.

Güýz ýapragy şahasyndan tänip düşen ýaly, ýeňiljek şygyrdy eşidildi. Monteg yzyna öwrülende, mehaniki köpege gözi düşdi.

Ol, göýä, ýeliň kowalap barýan çal-gara tüsseden ybarat bulutjygy ýaly, ýeňil hem sessizje hereket edip, eýýäm otluk meýdançadan geçipdir.

Köpek bir bökende, Montegden üç kelle dagy ýokary galyp, ýeke-täk dişini — prokain iňňesini ýalpyldadyp, möýüňki ýaly penjelerini gerdi. Monteg ony ajaýyp alaw dessesi — oduň akymy bilen garşy aldy, köpege täze ala-mula eşik geýdirilen ýaly bolup, onuň daşyny sary, ýaşyl we mämişi reňkler büredi. Köpek Montegiň üstüne böküp, ony ot pürkgüji bilen bilelikde on fut dagy aňryk, agajyň düýbüne pyzyp goýberdi; bir pursatlyk Monteg köpegiň agyz

urup, aýagyna iňňesini sünçýänini duýdy. Şol pursatda-da ýalyn köpegi ýokarlygyna zyňyp, onuň demir aýaklaryny bognundan burup aýyrdy, garnyny ýardy we onuň içgoşy ýarylan raketa ýaly gyzyl ot bolup, çar ýana pytrady.

Monteg ýatan ýerinden öli, şol bir wagtda-da diri göwräň ýokarda aşyr atyp, ýere patlap düşenini gördi. Göräýmäge, köpek, Montegiň eýýäm aýagynda täsirini duýýan ölüm getiriji sanjymyny tamamlamak üçin, ýene-de topulaýjak ýaly bolup durdy. Montegi ýeňillik hem howpurgama ýaly garjaşyk duýgular gaplap aldy, bular ýaly duýgy ýokary tizlikde gelýän ulagyň öňünden ahyrky pursatda sowlup ýetişen we oňa ulagyň diňe ganaty çala degen adamda bolýar. Ol ýerinden galmaga gorkýardy, prokain zerarly doňup galan aýagyna basyp bilmerin öýdýärdi. Gan gatama onuň tutuş süňňüne ýaýrap ugrady...

Näme etmeli?

Köçe boş, köne teatr bezegine meňzäp, öý ýandy, köçäň ugrundaky beýleki öýler tümlüge bürenip otyr, golaýyňda — mehaniki mahlugyň galyndylary, beýleräkde — Bitti, ondanam aňyrda — iki sany ýangynçy hem Semender... Ol äpet ulaga seretdi. Onam ýok etmeli...

«Hany, göreli — diýip, ol pikir etdi. — Sen gaty zyýan çekdiňmikäň. Ýeriňden galjak bol, hany! Ýuwaşlyk bilen, seresapja... ine, şeýle!».

Ol dik durdy, emma onuň diňe bir aýagy gymyldaýardy. Beýlekiň ýerine gury töňňe, kömre dönen bir bölek agaç bardy, ol muny nähilidir bir düşnüksiz günä iş edeni üçin özüne berlen jeza hökmünde ýany bilen mejbury süýräp äkitmelidi. Monteg şol aýagyna basanda, budundan dyzyna çenli müňlerçe kümüş iňňe sünjülýän ýaly bolýardy. Ol aglady. Ýok-ýok, durma, öňe ýöre! Saňa bärde durmak bolanok!

Ýene-de öýleriň çyralary ýanyp başlady. Ýa-ha bolup geçen zatlardan soň adamlaryň ukusy tutanokdy, ýa-da olary adaty bolmadyk ümsümlik howsala salýardy, Montegiň mundan habary ýokdy. Ol şalkyldap ýatan aýagyny elleri bilen çekip, ýykan-ýumranlygyň içi

bilen towsaklap barýardy. Ol aýagy bilen gürleşýärdi, iňleýärdi, sojaýardy, oňa buýruk berýärdi, nälet okaýardy we ýalbarýardy — ýöre, ýöre, ýöresene, şu wagt meniň ömrüm saňa bagly ahyryn! Ol tümlükden gelýän sesleri hem gykylyklary eşidýärdi. Ahyrsoňy, çola geçelgä çykarýan yzky gapa baryp ýetdi.

«Bitti — diýip, ol pikir etdi. — Indi siz meniň üçin kellagyry däl. Siz hemişe: «Haýsydyr bir meseläni çözjek bolup azara galyp oturman, ony ýakanyň gowy» diýýärdiňiz. Men şolaň ikisinem etdim. Hoş galyň, brandmeýster!».

Aýagyny süýräp alan Monteg büdräp, geçelge bilen tümlüge siňip gitdi.

* * *

Monteg her gezek aýagyna basanda, ýiti agyry duýýardy. Ol öz-özüne käýinýärdi: tentek, tentek, kelesaň, paňkelle, lagnat siňen samsyk... Nämeler goparanyňa bir sered-ä, indi mundan nädip baş alyp çykjak, nädip?

Näletsiňmiş gedemlik hemem gahar — hawa, özüme erk edip bilmän, ilkibaşdan bar zadyň ýoguna ýandym. Dogry, birbada başyma nijeme külpetler indi — Bitti, myhman otagdaky aýallar, Mildred, Klarissa. Şonda-da seni aklara hiç hili delil ýok. Sen samsyk, näletsiňen tentek! Şeýdip syryňy açmak!

Ýöne biz şindem bolsa galanja zatlary halas ederis, bolar ýaly zatlaryň hemmesini ederis. Eger ýanmaly bolsak, ýanymyz bilen käbirlerini-de alyp gideris.

Şeýle! Onuň ýadyna kitaplar düşüp, yzyna dolandy. Olary almaly. Bilip bolmaz, pelek işidir.

Ol kitaplary goýan ýerinden — haýadyň ýanyndan tapdy. Mildred hemmesini almadyk bora çemeli. Dört sany kitap henizem onuň bukan ýerinde ýatyrdy. Tümlükde sesler eşidilip, çyralar ýanyp ugrady. Alys bir ýerlerde eýýäm başga semenderleriň gohy eşidilýärdi, olaryň zogy gijeki köçelerden myçyp barýan polisiýa awtoulaglarynyň güwwüldisi bilen garyşyp gidýärdi.

Monteg kitaplary alyp, ýene-de geçelge bilen towsaklap,

keýtikläp ugrady. Birdenkä-de, göýä, bir zarbada kellesi kesilip, diňe başsyz göwresi galan ýaly, ýere ýykyldy. Tötänleýin aňyna gelen pikir ony saklanmaga mejbur edip, ýere ýazdy. Ol bükülip, ýüzüni çagla berip, möňňürip ýatyrdy.

*Bittiniň ölesi gelipdi.*

Munuň şeýledigine Montegde hiç hili şübhe ýokdy. Bittiniň ölesi gelipdi. Sebäbi ol Montegiň garşysynda durup goranmaga-da synanyşmady ahyry, gaýtam ony ýaňsa alyp öjükdirdi. Şeýle pikirden Montegiň demi tutuldy. Ölümi şeýle arzuw etmek, gör, nähili geň: öz ganhoryňa eli ýaragly töweregiňde aýlanmaga mümkinçilik berýäň, diliňi saklap, halas bolmaň ýerine, garşydaşyň erkini elden berýänçä, oňa gygyrýaň, üstünden gülýäň, öjükdirýäň...

Uzakda ylgap barýanlaryň aýaklarynyň güpürdisi eşidildi.

Monteg ýerinden galyp, oturdy. Gitmeli. Tur, haýal-ýagallyga ýol bermeli däl! Ýöne agyry henizem onuň süňňüni elendirýärdi. Köşeşmeli. Ine, saňňyldysam galyşyp ugrady. Ol hiç kimi, hatda Bittini-de öldürmek islänokdy. Onuň göwresi, hamala, kislota ýanan ýaly saňňyldap iki büküldi. Ol eli bilen agzyny tutdy. Göz öňünde Bitti — otuň içine taşlanan, ýanyp duran alaw janlandy. Monteg: «Men beýtjeg-ä bolmandym! Eý, Hudaý, beýtjek bolmandym, beýtjek bolmandym!» diýip, gygyrmajak bolup, barmaklaryny dişleýärdi.

Ol hemme zady ýadyna salmaga çalyşýardy, özüniň birnäçe gün mundan öňki ýaşaýşyny, durmuşyna elekdir çäge, Dengem diş pastasy, gulaklaryndaky gije kebeleginiň ganatlarynyň şygyrdysy, ýangynyň syçraýan uçgunlary, howsala zaňlary, iň soňky gijeki ýangyna gidişleri kürsäp girmezinden öňki ýaşaýşyny ýadyna salmaga dyrjaşdy — gysgajyk iki-üç gün, hatda tutuş ömür üçinem aşa köp hadysa!

Aýaklaryň güpürdisi eýýäm geçelgäniň aňry çetinde eşidilýärdi.

«Tur! — diýip, ol özüne buýruk berdi. — Tur, al kakmyş» diýip, ýaraly aýagyna hemle atyp, ýerinden galdy. Agyry ýiti dişleri bilen dyzyna agyz saldy, şonda müňlerçe iňňe sünjülen ýaly boldy, ondan soň temençäniň küteksi sünjülmesine geçdi, iň soňunda-da, ellerini sypjyrdyp, tiken çümdürip, agaç haýadyň ugry bilen elli

ädim keýtikländen soň, sünjülme, hamala, aýagyna gaýnan suw guýlandaky ýaly awuşama geçdi. Ýöne indi ol aýagyna erk edip bilýärdi. Her näme-de bolsa, gowşan bognunyň çykaýmagyndan heder edip, ylgabermäge gorkýardy. Agzyny giňden açyp, gijäniň tämiz howasyny nebsewürlik bilen dartyp, tümlügiň agraslyk bilen öz içiniň bir ýerlerine ornaşýandygyny duýup, yraň-daraň edip, agsaklap, emma aýgytly hereketler bilen öňe ýöredi. Kitaplary bolsa elinde berk saklap barýardy.

Ol Faber barada pikir edýärdi.

Faber ol ýerde — indi ady-sory galmadyk, heniz sowap ýetişmedik lagtada galypdy. Ol Faberi-de ýakdy ahyry! Bu pikir ony şeýlebir gozgalaňa saldy, göwnüne, Faber, hakykatdanam, ölen ýaly, kiçijik ýaşyl gapjagaza salnyp, adamyň jübüsinde ölüp, indem ondan diňe gatan damarjyklar bilen örtülen bir üýşmejik süňke öwrülen gowrulan balyjak galanýaly boldy.

Ýatda sakla: olary ýakmaly, bolmasa-da, olar özüňi ýakarlar diýip, ol oýlandy. Häzir bu hut şunuň ýaly.

Ol jübülerini sermeşdirdi — puly ýerinde. Beýleki jübüsinden adaty radiony — «Çaňňalagy» tapdy, häzirki sowuk, ümürli howada şäher öz-özi bilen radio boýunça gürleşýärdi.

— Üns beriň! Üns beriň! Polisiýa gaçgagy gözleýär. Adam öldüren hem-de döwletiň garşysyna birnäçe jenaýatçylyklary eden adam. Ady: Gaý Monteg. Hünäri: ýangynçy. Onuň soňky gezek görlen ýeri...

Ol alty menzili dagy saklanman ylgap geçdi. Soňra geçelge ony adaty köçeden on esse dagy giň awtoulag ýoluna çykardy; çyralaryň ýiti ýagtysy düşüp duran bu ýol doňup galan, boşlaň derýany ýada salýardy. Monteg şu wagt ony kesip geçmegiň näderejede howpludygyna düşünýärdi: ýol çendenaşa giňdi, çolady. Ol bezegsiz-zatsyz ýalaňaç sahna çalym edip, gaçgagy çyralaryň ýiti ýagtysynda ýeňillik bilen görüp, tutup, çenäp atyp boljak boş giňişlige haýynlyk bilen çagyrýardy. Gulagynda «Çaňňalak» jyňňyldaýardy.

— Ylgap barýan adama esewan boluň... ylgap barýan adama

esewan boluň... onuň ýeke özi, pyýada... esewan boluň...

Monteg garaňkylyga tarap yza çekildi. Onuň edil gabat garşysynda ýangyç guýulýan uly beket bardy. Iki sany tomzak-awtoulag ýangyç almak üçin onuň ýanynda saklandy...

Ýok, eger sen bu giň ýoly töwekgelçiliksiz geçmek isleýän bolsaň, onda ylgamaly däl-de, hamala, gezim edýän ýaly, howlukman, arkaýyn geçmeli. Ýöne munuň üçin sypaýy, arassa geýnen bolmaly. Ýoluňy dowam etmezden öň ýuwnup saçyňy darasaň, gaçyp gutulmak mümkinçiligiň has köp bolar... Ýoluňy nirä dowam etmeli? Dogrudanam, diýip, ol özüne sorag berdi: men nirä gaçyp barýan?

Hiç ýere. Onuň gaçyp gidere ýeri, maňlaýyny diräre dostlary ýokdy. Faberden başga. Diňe şondan soň ol özi-de duýmazdan, Faberiň öýüne tarap gaçyp barýandygyna düşünip galdy. Ýöne Faber ony gizläp bilmez ahyry, muňa diňe synanyşmagam öz janyňa kast edeniň bilen deňdi! Emma şonda-da, az salymlygam bolsa, ol Faber bilen görşäýmelidi. Faber onda halas bolmaga, ölmän galmaga ynam döreder. Ol diňe Faberi görse, dünýäde Faber ýaly adamyň bardygyna göz ýetirse, Faberiň diridigini, onuň beýleki, kömre öwrüleniňki ýaly, ýanyp kül bolmandygyny bilse bolanydy. Onsoňam Monteg öz ýoly bilen gidenden soň, ulanyp bileri ýaly, oňa puluň bir bölegini goýmalydy. Belki, oňa şäherden çykmak, şäheriň eteklerinde bir ýerde, derýanyň kenarynda, uly ýoluň golaýynda, ekinzarlyklaryň hem baýyrlyklaryň arasynda gizlenmek başardar...

Şuwlap öwüsýän güýçli ýel ony ýüzüni asmana dikmäge mejbur etdi.

Polisiýanyň dikuçarlary yzly-yzyna ýokary göterilýärdi. Olar köpdi; göýä, kimdir biri tozgagülüň gury, mymyjak tozgasyny üfläp goýberen ýalydy. Dikuçarlar edil güýz sowugyna haýallan kebelejikler ýaly yraň atyşyp, Montegden üç mil daşlykda uçuşyp ýördüler. Soňra olar pessaýlap ugradylar: bu ýerde biri, ol ýerde beýlekisi köçä gonup, tomzak awtoulaglara öwrülip, biraz wagtdan ýene-de asmana galyp, gözlegi dowam etmek üçin uly goh bilen köçelerden myçyşyp barýardylar.

* * *

Onuň garşysynda ýangyç guýulýan beket bardy. Gullukçylar hiç ýerde görnenokdy. Müşderileri bilen başagaýdylar. Monteg bekediň yzyndan aýlanyp, erkeklere niýetlenen hajathana girdi. Alýumin germewiň aňyrsyndan alypbaryjynyň: «Uruş yglan edildi» diýýän sesi gelýärdi. Daşarda, ýangyç bekediniň ýanynda benzin guýýardylar. Awtoulaglarda oturanlar bekediň gullukçylary bilen motorlar, benzin, näçe pul tölemelidigi barada gürrüň edişýärdiler. Monteg edil ýaňy radioda eşiden gysgajyk habarynyň ähmiýetine aň ýetirmäge çalşyp, oňa düşünibilmän durdy. Ýeri, bolýa. Goý, uruş garaşsyn. Monteg üçin ol biraz soňrak, birki sagatdanbaşlanar.

Ol usullyk bilen el-ýüzüni ýuwdy, elsüpürgiç bilen süpürindi. Ýuwnulýan jaýdan çykyp, gapyny seresaplyk bilen ýapdy-da, tümlüge siňip gitdi. Bir minutdan ol eýýäm çola köçäniň burçunda durdy.

Ine, seniň utmaly oýnuň: üstünden säheriň salkyn şemaly öwsüp duran giň meýdança. Köçe edil näbelli pidalaryň hem atsyz-sorsuz ganhorlaryň peýda bolmazynyň öň ýanyndaky gladiatorlaryň sahnasy ýaly çolajady. Montegiň süňňünden çykýan gyzgynlykdan ýaňa giň asfalt ýoluň üstündäki howa titräp, saňňyldap durdy — onuň süňňündäki gyzgynlygyň gurşap alýan dünýäni şeýle yraň atdyryp bilşine haýran galaýmalydy. Ol, Monteg, ýylp-ýylp edip duran nyşanady, muny onuň özem bilýärdi, duýýardy. Indem ol köçe bilen bu gysgajyk ýoly-da geçmelidi.

Ondan üç menzil töweregi daşlykda awtoulag çyralarynyň ýalpyldysy göründi.

Monteg uludan dem aldy. Öýkenlerini gyzgyn sürteç sydyrdan ýaly boldy. Ylgawdan ýaňa bokurdagy gurap, agzynda ýaramaz, ajymtyk tagam duýdy, aýaklaryndan gurşun asylan ýalydy...

Awtoulag çyralary... Eger köçeden häzir geçjek bolsaň, onda awtoulagyň näçe wagtdan bu ýere ýetjegini çaklamaly. Garşydaky ýanýoda daşmyka? Ýüz ýard dagy bolmagy ahmal. Ýok, azrakdyr, ýöne şonda-da, goý, ýüz bolsun. Eger adaty ädim bilen haýaljakdan gitseň, bu aralygy geçmek üçin otuz-kyrk sekunt gerek bolar. Myçyp gelýän awtoulag näme? Tizligini artdyryp, ol bu üç menzili

on bäş sekuntda uçup geçer. Diýmek, eger köçäň ortasyna ýetip, ylgap gidäýeňde-de...

Monteg sag aýagyny ätdi, soňra — çepini, soň ýene sagyny. Ol çola köçäni kesip geçýärdi.

Köçe düýpgöter çola bolaýanda-da, ony aman-sag geçerin diýip, hiç haçan ynam bilen aýdar ýaly däl. Ulag mundan dört menzil uzakda, uly ýoluň ýapgydyndan duýdansyz peýda bolup, eýläňe-beýläňe seredip ýetişmänkäň seni kakyp, öz ýoluny dowam etjekdi...

Monteg ädimleri sanamaly däl diýen netijä geldi. Ol ne saga, ne çepe seredýärdi. Köçäniň çyralarynyň ýagtysy, edil Günüň şöhlesi ýaly, görnäýjek zady görkezip biljek derejede ýagtydy, ýakyp-ýandyryp barýardy.

Ol ýüzin salyp gelýän ulagyň sesine diň saldy: ses ondan iki menzil daşlykdan, sag tarapdan gelýärdi. Ulagyň çyralarynyň ýagtysy kä ýanyp, kä öçüp, ahyrynda-da Montege düşdi.

Ýöre-ýöre, durma!

Monteg birbada kürtdürdi. Soňra ellerindäki kitaplary berk gysyp, özüni öňe ýöremäge mejbur etdi. Aýaklary biygtyýar çalt ädimläp başlady, ylgady, ýöne ol özüne basalyk berip, arkaýyn ädim urup ugrady. Monteg eýýäm köçäň ortasyndady, ýöne ulagyň sesi-de gitdigiçe güýçlenýärdi — ulag tizligini artdyrýardy.

Bu, elbetde, polisiýadyr. Meni gördüler. Şonda-da köşeş, özüňi parahat tut, yzyňa garanjaklama, töweregiňe seretme, bu zatlaryň seni biynjalyk edýänini aňdyrma! Hiç zada üns bermän ýöräber.

Ulag «uçup» gelýärdi, gürrüldeýärdi, badyny artdyrýardy. Ol iňleýärdi, alagoh edýärdi, ýere çala degip, uçup barýardy — hamala, göze görünmeýän, ýaragdan atylan ok ýalydy. Sagatda ýüz ýigrimi mil. Monteg dişini gysdy. Göýä, ulagyň çyralary ýüzüni ýakýan ýaly, gabaklary tirpildeýärdi, tutuş endamyny şepbeşik der örtüpdi.

Monteg aýaklaryny tagaşyksyz süýräp barýardy, ol öz-özi bilen gürleşip ugrady, soňra birden çydam edip bilmän, ylgap başlady. Ol oňardygyndan giňräk ätmäge çytraşýardy, öňe, öňe, hawa, şeýle! Eý, Hudaý! Ol kitaby elinden gaçyrdy, sakga durdy, tasdanam yzyna öwrülipdi, emma gaýtmyşym etdi-de, ýene-de öňe ylgap ugrady,

tomzak-awtoulag bolsa öz pidasynyň söbügine basyp barýardy — aralyk barha ýygrylýardy — iki ýüz fut, soňra ýüz, togsan, segsen, ýetmiş... Monteg daljygýardy, ellerini ebeteýsiz hereketlendirýärdi, ylganda aýaklaryny galdyrybrak alýardy, ulag bolsa gitdigiçe ýakynlaşýardy, onuň güwwüldisi artýardy, babyldadýardy. Monteg birdenkä kellesini öwürdi, çyralaryň ýagtysy onuň gözlerini gapdy — ulag ýokdy, bar güýji bilen Montege gönükdirilen bir topbak ýagtylyk bardy — häzir, häzir ol basyp geçer!..

Monteg büdräp ýykyldy.

Men öldüm! Bary gutardy!

Emma ýykylmagy bähbit boldy. Montegi kakmazynyň bir minut öň ýany dälirän «tomzak» birdenkä ugruny üýtgetdi-de, ondan sowa geçip, gözden ýitip gitdi. Monteg köçede ýazylyp ýatyrdy. Ulagyň turbasyndan çykýan gaz bilen birlikde, oňa üzlem-saplam gülki sesleri-de eşidildi.

Onuň sag eli süýnüp gidipdi. Ol ony ýokary galdyrdy. Orta barmagynyň ujunda insizje çyzyjak garalyp durdy — myçyp geçen maşynyň tekeriniň yzy. Ol gözlerine ynanman, şol çyzyjaga seredip, aýak üstüne galdy. Diýmek, bu polisiýa däl eken-dä?

Ol köçä göz aýlady. Boşluk. Ýok, bu polisiýa däl-de, diňe içi ýetginjeklerden doly ulag — ýogsa-da olar näçe ýaşyndaka? On iki-on alty ýaş aralygyndamyka? Bir süri göze-başa düşüp ýören göçgünli çagalar gezelenje çykyp, pyýada barýan — biziň günlerimizde şeýlebir geň-taň hadysa — ýolagçyny görýärler-de, onuň tutuş şäher boýunça polisiýanyň gözläp ýören Montegidigini gümanam etmän: «Hany, şuny bir kakyp geçeli-le» diýýärler. Hawa, ýüzüňi doňduryp barýan şemalda ulagy bäş-alty ýüz mil tizlikde sürüp, Aýly gijede gezelenje çykan birtopar kelpeň ýetginjek. Daň atanda olar öýüne ýa bararlar, ýa-da — ýok, ýa diri galarlar, ýa-da — ýok — bular ýaly gezelençleriň iň gyzykly ýeri-de şudy.

«Olar meni öldürjek boldy» diýip, Monteg pikir etdi. Ol yraň atyp durdy. Ulagyň badyna bimaza bolan howanyň tozany aşak çöküşýärdi. Monteg ýaňagyndaky sypjyryga elini ýetirdi. «Hawa, olar meni öldürjek boldy, keýpine, gaýa-gopuz ýok ýerden, näme

edýändiklerini-de oýlanmazdan».

Monteg ysgyndan gaçan aýaklaryna zor salyp, henizem ýoňsuz aralykdaky ýanýoda tarap keýtikläp ugrady. Eýdip-beýdip dargap ýatan kitaplary ýerden galdyrdy, emma olary nädip eglip çöpländigini özi-de bilenokdy. Şu wagt ol kitaplary, göýä, çylşyrymly göçüm etmäge taýýarlanýan kartçy ýaly, bir elinden beýlekä geçirip durdy.

Belki, Klarissany şolar öldürendir?

Ol daýandy, ýaňky soragy aňynda ýene bir gezek gaýtalady:

— Belki, Klarissany şolar öldürendir?

Monteg hababaýlap, olaryň yzyndan ylgarly göründi.

Gözleri gözýaşa gark boldy.

Hawa, ony diňe ýykylmagy halas etdi. Uly tizlikde barýan ulagyň ýerde ýatan göwräni basyp, gürrüňsiz, agdaryljakdygyny we hemmeleriň zyňlyp gitjekdigini sürüji wagtynda aňdy, belki, aňanam däldir-de, duýandyr. Ýöne ol ýykylmadyk bolsa niçik bordy?..

Monteg birdenkä demini saklady.

Ondan dört menzil uzakda «tomzak» badyny gowşatdy, yzky tekerlerine galyp, hyrra yzyna öwrüldi-de, ýol düzgünleriniň baryny bozup, şol köçe bilen tersligine gidip ugrady.

Monteg welin howpsuz ýerdedi: ol eýýäm syýahatynyň soňky nokady bolan garaňky geçelgede gizlenipdi. Ol bu ýere ýetmäge bir sagat mundan öň alňasapdy — ýa bir minut öňmüdikä? Monteg gijäniň aýazyndan ýaňa saňňyldap, yzyna öwrüldi. «Tomzak» duşundan okdurylyp geçdi, köçäniň ortasyna çykyp, gözden ýitdi; gülki sesleri ýene gijäniň ümsümligini bozdy.

Garaňky geçelge bilen ýöräp barşyna, Monteg dikuçarlaryň, hamala, golaýlap gelýän uzak gyşyň gary ýaly, asmandan aşak inýändigini görýärdi...

Jaý ümsümlige gaplanypdy.

Monteg nerkesleriň, bägülleriň we çyg otlaryň gijeki goýras ysyny demine dartyp, bag tarapdan jaýa golaýlaşdy. Ol yzky aýna gapyny elledi, gapy gulplanmandyr. Monteg diň saldy-da, sessiz-üýnsüz öýe girdi.

«Hanym Blek, siz, belki, uklap ýatansyňyz — diýip, ol içini

gepletdi. — Edýän işimiň telekdigini bilýän, ýöne siziň adamyňyz hem beýleki adamlar babatda şeýle işleri edýärdi. Ol hiç haçan edýän işim gowumy ýa erbetmi diýip özüne sorag bermändi, onuň pikirinem edenokdy, ejirem çekenokdy. Indi bolsa ýangynçynyň aýaly bolanyňyz üçin, size-de nobat ýetdi, ot siziň öýüňizem ýok eder — adamyňyzyň ýakan öýleri üçin, pikirlenmezden adamlara çekdiren ejiri üçin».

Jaýy ümsümlik gaplap alypdy.

Monteg kitaplary aşhanada gizläp, ýene-de yzyna — geçelgä çykdy. Yzyna öwrüldi: jaý ümsüm garaňkylyga bürenip ýatyrdy.

Monteg ýene-de köçeden ýöräp barýardy. Şäheriň üstünde, göýä, ýele uçup ýören kagyz bölekleri ýaly, dikuçarlar aýlanyşyp ýördi. Ýolugra Monteg ýapyk dükanyň golaýynda ýalňyz duran telefon budkasyna girdi. Soňra ol sowuga ýygrylyp, uzak wagtlap ýangyn zoklarynyň gygyryp, semenderleriň alagoh bolup, jenap Blegiň öýüni ýakmak üçin geçip giderine garaşdy. Jenap Blegiň özi şu wagt işde, ýöne onuň aýaly, säher dumanyndan ýaňa saňňyldap, öýüniň üçeginiň alawlap ýumrulyşyna syn eder. Häzir welin ol agyr ukuda ýatyr.

Gijäň rahat bolsun, hanym Blek!

* * *

— Faber!

Gapyny kakýar. Ýene bir gezek. Ýene. Pyşyrdap adyny tutýar. Garaşýar. Ahyrsoňy, bir minut geçensoň, Faberiň öýünde öçügsije yşyk ýylpyldaýar. Ýene az salym garaşdyryp, gapy açylýar.

Monteg bilen Faber gözlerine ynanmaýan ýaly, gürlemän, alagaraňkylykda bir-birine seredip durdy. Soňra Faber, ukudan oýanan ýaly, çalasynlyk bilen elini uzadyp, Montegi öýe südürläp saldy, oturgyçda oturtdy, ýene gapa ýakyn baryp, diň saldy. Şäheriň ümsümliginde zoklaryň sesi eşidilýärdi. Faber gapyny ýapdy.

— Özümi başdan-aýak samsyk ýaly alyp barypdyryn. Kelesaňlyk baryny etdim. Bu ýerde uzak eglenip bilmen. Men gitmeli, niräliginem Hudaý bilsin — diýip, Monteg hümürdedi.

— Herhal siz degerli iş üçin kelesaňlyk etdiňiz — diýip, Faber jogap berdi. — Men-ä, dogrusy, siz dirisiňizem öýtmeýärdim. Ýogsa-da size beren enjamym...

— Ýandy.

— Brandmeýsteriň siziň bilen edýän gürrüňlerini eşidýärdim, soňra birden bar zat sem boldy. Men sizi gözlemäge gideýin diýip durdum.

— Brandmeýster öldi. Ol kapsulany tapyp, siziň sesiňizi eşitdi, siziňem ugruňyza çykmakçydy. Men ony ot pürkgüç bilen ýakdym.

Faber oturgyja çökdi. Uzak wagtlap ikisi-de dymdy.

— Eý, Hudaý, bu nädip beýle bolduka? — diýip, Monteg ýene-de gürrüňe başlady. — Düýnüň özünde-de bar zat gülala-güllükdi, bu gün bolsa ölümiň golaýlandygyny duýýan. Adam näçe gezek ölüp, näçe gezek diri galyp bilýärkä? Men zordan dem alýan. Bitti öldi, birwagtlar bolsa ol meň dostumdy. Milli gitdi; men ony aýalymdyr öýdýärdim, indi weli bilemok. Indi meniň öýüm ýok, ol ýandy, işim ýok, özümem gizlenmäge mejbur. Şu ýere gelýärkäm, ýangynçyň öýüne kitap okladym. Eý, Hudaý, bir hepdäň içinde nämeler goparmadym!

— Siz diňe edäýmeli zadyňyzy etdiňiz. Bu şeýle bolaýmalydam.

— Hawa, menem munuň şeýledigine ynanýan. Hernä şuňa-ha ynanýan, dogrusy, mende başga ynanara zadam galmady öýdýän. Hawa, şeýle boljagyny öňünden bilýädim. Özüme nämedir bir zatlaň bolýanyny bireýýäm aňýadym. Bir zatlary eden bolup ýörsemem, pikirim bütinleý başga zatdady. Bu zatlar içimde şineläpdi. Daşyndan görünmänligine haýran. Ynha indem, siziňem durmuşyňyzy bulamak üçin ýanyňyza geldim. Olaryň bärigem gelmegi ahmal-a!

— Ençe ýyllardan soň men ýene-de ýaşaýan — diýip, Faber jogap berdi. — Men baryp birwagtlar etmeli zadyma indi baş goşýandygymy duýýan. Heniz-ä mende gorky duýgusy ýok. Megerem, öňde-soňda etmeli işimi edýänligim üçin şeýledir. Belki-de, hatarly işe baş goşup, soňundanam size gorkak bolup görünmejek bolýanlygym üçindir. Görýän welin, yza ýol bolmaz ýaly, ýöwsellemez ýaly, gorka üstümi basdyrmaz ýaly, mundan

beýlägem has töwekgellik edip, has batyrgaýrak bolmalymyka diýýän. Siz indi näme etmekçi?

— Gizlenmekçi. Gaçmakçy.

— Uruş yglan edilenliginden habaryňyz barmy?

— Hawa, eşitdim.

— Eý, Hudaý! Bu nähili geň! — diýip, goja seslendi. — Öz aladalammyz başymyzdan agdyk bolansoň, uruş bize ýat bir zat ýaly görünýär.

— Meň-ä muň pikirini etmäge-de wagtym bolmady. — Monteg jübüsinden ýüz dollarlyk pul çykardy. — Ynha, alyň! Goý, sizde dursun. Men gidemsoň, ony islegiňize görä sowup bilersiňiz.

— Ýöne...

— Günortana çenli meniň diri galmazlygymam ahmal. Olary iş üçin ulanyň.

Faber baş atdy.

— Derýa aşmaga çytraşyň, soňam kenaryň ugruny syryp gidiň, şol ýerde şäherden ýurduň jümmüşine alyp gidýän köne demir ýol bardyr. Şony tapyň-da, şoň ugry bilen gidiberiň. Indi gitmek-gelmek howa ýollary arkaly amala aşyrylýar, demir ýollaryň aglabasy bireýýämden bäri garawsyzdyr, bu ýol bolsa heniz saklanyp galypdyr, ýöne ýuwaş-ýuwaşdan poslap barýar. Men käbir çola ýerlerde sergezdanlaryň düşelgelerini tapyp bolýa diýip eşitdim. Olary «pyýada toparlar» diýip atlandyrýarlar. Şäherden birneme daşrak gitmeli hemem hüşgär bolmaly. Şu ýerden Los-Anjelese tarap barýan demir ýoluň ugrunda Harward uniwersitetiniň öňki uçurymlaryny tapmak bolýa diýýärler. Olaryň aglabasy polisiýadan gizlenip ýören gaçgak. Ýöne, her näme-de bolsa, olara aman galmak başartdy. Olaryň sany az, şonuň üçinem olary onçakly howply hasaplanoklar öýdýän. Wagtlaýynça şolaňkyda gizleniň, soňam Sent-Luisden meni tapjak boluň. Men o ýere şu gün irden, sagat bäşdäki awtobus bilen gitjek, şo taýda goja çaphanaçy bilen görüşmekçi. Görýäňizmi, ahyrsoňy menem gymyldap ugrandyryn. Siziň puluňyz haýyr işe harçlanar. Sag boluň, Monteg! Hudaý sizi öz penasynda aman saklasyn. Belki, az salymlyk gözüňiziň awysyny

almak isleýänsiňiz?

— Ýok, men gowusy eglenmäýin.

— Bolýar onda, bulaň soňunyň nähili gutarjagyny görübereris-dä.

Faber howlukmaçlyk bilen Montegi ýatylýan otaga eltip, diwardan asylgy duran suratlaryň birini bir gyra süýşürdi. Onuň aňyrsynda ölçegi poçta gutlagçasyndan uly bolmadyk kiçijik telewizion ekran bar eken.

— Men hemişe gykylygy bilen ker edip barýan ägirt diwarlary däl-de, islän wagtym elimiň aýasy bilen ýapyp boljak kiçijik ekranjyk edinmek isleýärdim. Ine, serediň!

Ol ekrany açdy.

— Monteg! — diýip, telewizordan ses çykdy, ekran ýagtyldy. — M-O-N-T-E-G — diýip, alypbaryjy harpma-harp okady. — Gaý Monteg. Henizem gözlenilýär. Gözlegi polisiýanyň dikuçarlary alyp barýar. Goňşy etrapdan täze Mehaniki köpek getirildi.

Monteg bilen Faber birek-birege ses-üýnsüz seredişdi.

— Mehaniki köpek bökdençsiz işleýär. Bu oýlanyp tapylan täsin zat, jenaýatçylary gözlemek üçin ilkinji gezek ulanylyp başlanaly bäri, heniz ýeke gezegem hata goýbermedi. Biziň telewizion ýaýlymymyz Mehaniki yzçy köpek jenaýatçyny yzarlap ugrandan, dikuçarda gurnalan telewizion kamera arkaly oňa gözegçilik etmäge mümkinçilik döredilendigine buýsanýar...

Faber bulgurlara wiski guýdy.

— Içeli. Bu bize az-owlak tekge berer.

Olar içdiler.

— ...Mehaniki köpegiň ys alyş duýgusy şeýlebir kämil derejede welin, ol on müň töweregi dürli ysy ýatda saklap, gaýtadan düzüp durmazdan, şol on müň adamyň islendigini tapmaga ukyplydyr.

Faberiň ini tikenekläp gitdi. Ol otaga, diwarlara, gapa, gapynyň tutawajyna, Montegiň oturan oturgyjyna göz aýlady. Monteg onuň synçy nazaryny gördi. Indi olar iki bolup otaga göz gezdirdiler. Monteg birden burnunyň ýelpezeleriniň titräp gidendigini duýdy, göýä, ys alyş duýgusy ýitelip, howada goýan ysyny özi tapmaga ukyply ýaly boldy, hamala, gapynyň tutawajyny tutanda galan deriň

mikroskopik damjajyklary (olar bolsa köpdi we kindiwanja asma çyrajygyň billur şelpejikleri ýaly ýalpyldaýardy) görnüp giden ýaly boldy. Onuň durkunyň zerrejikleri hemme zatda galypdy. Monteg hemme ýerde — öýde-de, daşarda-da bardy, ol şöhle saçýan bulut, howada ýitip giden arwah kimindi. Şu zatlary duýansoň, dem almasy kynlaşdy. Ol Faberiň misli howa bilen birlikde gaçgagyň kölegesini içine soraýmakdan gorkýan ýaly, demini saklanyny gördi.

— Häzir Mehaniki köpegi ýangyn bolan ýerde dikuçardan düşürerler!

Ekranjykda ýanan öý, mähelle, ýerde üsti ýapynja bilen örtülen bir zat we täsinje güle meňzäp, asmandan ýere inip gelýän dikuçar göründi.

Hawa. Diýmek, olar oýny ahyryna çenli dowam etmegi ýüregine düwüpdirler. Bir sagat töweregi wagtdan urşuň başlap biljekdigine garamazdan, tomaşa görkeziler...

Gymyldamaga-da gorkýan Monteg bolup geçýän zatlara jadylanan ýaly bolup syn edýärdi. Bu zatlaryň barynyň oňa hiç bir galtaşygy ýok ýalydy. Ol teatrda oturyp, sahna eserine, keseki biriniň pajygasyna seredýän ýalydy, özi-de aýratyn gyzyklanma, hatda lezzet bilen seredýärdi. Ol: «Ýöne bu zatlaň bary men hakda ahyry — diýip pikir etdi. — Eý, Hudaý, bu zatlaň bary men hakda ahyry!».

Islese, ol şu ýerde galyp, lezzet bilen kowgyny soňuna çenli, ädimme-ädim, geçelgeler hem çola, giň köçeler, otluk ýerler we oýun oýnalýan meýdançalar bilen, möhüm düşündirişleri bermek üçin alypbaryjy bilen ol ýa-da beýleki ýerde saklanyp, ýene-de geçelgeler bilen gös-göni hanym we jenap Blegiň alawlap ýanýan öýüne, iň soňunda-da şu öýe, Faber bilen wiski içip oturan ýerine gelipbilerdi. Elektrik nägehan bolsa eýýäm geçen ýerlerini ysgaşdyryp, edil ajalyň özi ýaly ýetip gelýändir. Ine, ol eýýäm penjiräň astynda. Indi eger Monteg islese, ýerinden galyp, gözüniň gytagy bilen telewizora seredip, penjirä golaýlagada, ony açyp, mehaniki nägehana garşy kellesini çykaryp bilerdi. Şonda ol ýagty, dörtburç ekranjykda, sahnanyň baş gahrymany, hemmeleriň gürrüňini edýän, nazarlary dikilen meşhur kişisi hökmünde gapdaldan özüne syn ederdi. Beýleki myhman otaglarda bolsa hemmeler ony uly ölçegde, öz hakyky ululygynda, dürli reňklerde görerdiler! Şol wagt ol iň soňky

pursatda agzyny öweltmese, bakylyga gitmeziniň öň ýany, sähelçe salym mundan öň seýrek duşýan hadysa — jenaýatçynyň yzyndan kowga, ýeke-täk gahrymanly sahna syn etmek üçin zaňlaryň aýylganç uwwuldysyna oýanyp, myhman otaglaryna howlugan sansajaksyz adamlaryň bagtynyň hem asudalygynyň şanyna prokain iňňesiniň tenine sünjülişini görüp ýetişerdi.

Ol iň soňky sözüni bir aýdyp ýetişermikä? Millionlarça tomaşaçynyň gözüniň alnynda köpek ony tutan mahaly, ol, Monteg bir jümle ýa iň bolmanda bir söz bilen soňky hepdedäki durmuşyna baha bermeli dälmikä? Özi-de köpek prokain iňňesini sünjüp, tümlüge siňip gidenden soňam, ol sözleri köp wagtlap ýatdan çykmaz ýaly edip aýdyp bilermikä? Telekameralar doňan ýaly bolup, daşlaşyp barýan ýyrtyjynyň yzyndan garap galarlar — neneň täsirli sahna! Adamlaň ýüzüne ot basylan ýaly edip, olary ukudan oýarjak sözi, iň soňky sözi ol nireden taparka?

— Serediň! — diýip, Faber pyşyrdady.

Dikuçardan ulaga-da, haýwana-da meňzemeýän, öçügsi ýaşyl şöhle çykaryp duran ne öli, ne diri bir zat pessaýlap aşak düşüp gelýärdi. Az salymdan soň, bu nägehan eýýäm köräp duran ýykan-ýumranlyklaryň ýanynda durdy. Polisiýa işgärleri Monteginiň taşlan ot pürkgüjini alyp, onuň sapyny mehaniki nägehanyň tumşugyna golaýlatdylar. Hyžžyldy, şarkyldy, ýeňiljek güwwüldi eşidildi.

Monteg ukudan oýanan ýaly, kellesini silkeläp, ýerinden galdy. Ol bulgurdaky galanja wiskini sokga sordy:

— Wagt boldy. Bu zatlaň beýle bolanyna gaty gynanýan.

— Gynanýaňyzmy? Nämä? Maňa, öýüme howp abanýanynamy? Men bu zatlara mynasyp. Baryň, Hudaýyň haky üçin gidiň! Belki, maňa olary az-owlak saklamak başardar...

— Duruň! Eger sizem ele düşäýseňiz, ondan ne peýda? Men gidemsoň, düşekdäki ýapynjany ýakyň, men oňa degipdim. Oturan oturgyjymy peje oklaň. Öý goşlaryny, gapylaryň tutawaçlaryny spirt bilen süpüriň. Girelgedäki halyçanam ýakyň. Otaglaryň hemmesinde şemalladyjylary işlediň, eger bar bolsa, hemme ýere naftalin sepiň. Soňra bagyňyzdaky suwaryjylaryň baryny işledip,

ýodajyklary gowuja ýuwuň. Belki, yzymy ýitirmek başardar...

Faber onuň elini gysdy:

— Baryny ederin. Sag boluň! Eger ikimizem aman galaýsak, onda indiki ýa-da ondan soňky hepde maňa habar ýetirjek boluň. Sent-Luise ýazyň, merkezi poçta bölümi, talap edilýänçä. Siziň bilen yzygider gatnaşykda bolup bilmeýänime gynanýan — bu ikimiz üçinem gowy bolardy, ýöne mende ikinji diňleýiş kapsulasy ýok. Görýäňizmi, o gerek bolar öýdüp hiç haçan oýuma getirmändim. Wah, men nähili akmak goja! Gerek boljagyny öňünden bilmändirin, oň pikirinem etmändirin!.. Akmaklyk, bagyşlap bolmajak akmaklyk! Ine indem, şol enjam zerur gerek wagty, o mende ýok. Ýeri, bolýa! Gidiň!

— Ýene bir haýyş. Maňa bir çemedan tapyp beriň, oňa könekuşül eşik — köneje penjek, näçe köne bolsa, şonça-da gowy, köýnek, köne köwüş, jorap salyň...

Faber gidip, az wagtdan dolanyp geldi. Olar karton çemedanyň jaýryklaryny şepbeşik talas bilen ýapdylar.

— Jenap Faberiň ysy çykmaz ýaly — diýip, özüne zor salyp oturan Faber hümürdedi.

Monteg wiskini alyp, çemedanyň üstüne sepişdirdi:

— Ikimize-de köpegiň ysymyzy alany gerek däl. Wiskiniň galanjasyny ýanym bilen alsam bolýamy? Ol maňa gerek bolar. Eý, Hudaý, biziň yhlasymyz ýerine düşäýedi-dä!..

Olar ýene bir gezek biri-biriniň elini gysyp, eýýäm gapa tarap barýarkalar, soňky gezek telewizora seretdiler. Köpek yz çalyp, bukdaklap, gijeki şemala ysyrganyp gelýärdi. Onuň üstünde telekameraly dikuçarlar aýlanyşyp ýördi. Köpek ilkinji geçelgä ýetdi.

— Hoş galyň!

Monteg öýden assyrynlyk bilen çykdy-da, ýarysy boş çemedany elinde gysyp, ylgap gitdi. Ol öz yzynda ilki ýuwaşja, soňra has güýçli hem birsydyrgyn ýagýan ýagşyň şabyrdysyna meňzäp, ir säherki asudalygy bozup, suwaryş enjamlarynyň işläp başlandygyny eşitdi. Suw bagyň ýodajygyna guýlup, çeşme bolup köçä tarap akyp gidýärdi. Birnäçe damja Montegiň ýüzüne syçrady. Hoşlaşmazdan

öň goja bir zatlar diýip gygyran ýaly boldy — ýa bu onuň göwnüne şeýle bolup duýuldy.

Ol öýden gitdigiçe daşlaşyp, derýa tarap haýdaýardy.

* * *

Monteg ylgap barýardy.

Ol otlaram gymyldatmaýan, äpişgeleriň gabsalarynam şarkyldatmaýan, ýanýodanyň akja daş örtgülerinde şahalaryň kölegesini-de yramaýan asudaja şemal kimin, güýzüň sowuk hem ýeňiljek demi ýaly bolup, Mehaniki köpegiň ýakynlap gelýändigini duýýardy. Mehaniki köpegiň ylgawy daş-töweregiň çöp başy gymyldamaz ümsümligini bozmaýardy. Ol özi bilen ümsümligi alyp gelýärdi, Monteg köçe bilen haýdap barşyna, bu ümsümligiň gysyşyny duýýardy. Ahyrsoňy bu ümsümlik çekip-çydar ýaly bolmady. Monteg aldygyna ylgap başlady.

Ol derýa tarap ýüwrüp barýardy. Wagtal-wagtal demini dürsemek üçin saklanyp, ýaňy örüp ugran öýleriň çala ýagtylan penjirelerine garaýardy, myhman otaglaryndaky telewizion diwarlara seredýän adamlaryň suduryny görýärdi, diwarlarda bolsa neon bugunyň bulutjygy ýaly bolup, Mehaniki köpek kä görünýärdi, käte bolsa ýitip gidýärdi, özüniň möýüňki ýaly ýumşajyk aýaklarynda kä ol, kä bu ýerde göze ilip, ýoluny dowam edýärdi. Ine, ol Elm-terrasda, Linkolnda, Öwkstritde, Faberiň öýüne eltýän geçelgede!

«Ylga! — diýip, Monteg öz-özüne buýruk berýärdi. — Saklanma, haýal-ýagallyk etme!».

Ekran eýýäm Faberiň öýüni görkezýärdi; suwaryş enjamlary gijäniň sergin howasynda suw damjalaryny dumly-duşa syçradyp, aýagaldygyna işleýärdi. Köpek ziňkildäp saklandy.

Ýok! Monteg aljyraňňylyk bilen penjiräň erňegine ýapyşdy. O ýere däl! O ýere bir gitme!

Prokain iňňesi daşyna çykyp, ýene gizlendi, ýene çykyp, ýene gizlendi. Iňňäniň ujundan oýanyp bolmaýan uky döredýän zäher çykyp, ýere damdy. Iňňe köpegiň tumşugynda ýitip gitdi.

Montegiň dem almasy kynlaşdy; misli kükregine ýumruk

sokulan ýaly, demligi daraldy.

Mehaniki köpek öwrüm edip, Faberiň öýünden daşlaşyp, geçelge bilen aňyrlygyna ylgap gitdi.

Monteg nazaryny ekrandan aýryp, asmana seretdi. Dikuçarlar eýýäm ýakynjakdady — olaryň hemmesi yşyga uçuşyp gelýän çybyn-çirkeý ýaly, birnokada ýygnanýardy.

Monteg munuň derýa tarap barýarka tötänlikde nazary düşen, oýlanylyp tapylan sahnajyk däl-de, eýsem, özüniň oýnaýan küşt döwündäki göçümleri synlap durandygyny zor bilen ýadyna saldy.

Ol özüni doňan ýaly bolup durmak ýagdaýyndan çykarmak, köçedäki iň soňky öýüň penjiresinden we onda gören zadyndan nazaryny sowmak üçin bar güýjüni jemläp gygyrdy. Gümüne gitsin! Gümüne gitsin! Gygyrmasy oňa kömek etdi. Indi ol ýene ylgap barýardy. Geçelge, köçe, geçelge, köçe, derýanyň ysy barha ýakynlaşýar. Sagyň, çepiň, sagyň, çepiň. Ol ylgap barýar. Eger telewizion kameralar ony öz obýektiwine tutsalar, onda bir minutdan soň tomaşaçylar ekranda ýigrimi million sany Montegi görerdiler — özüniň müňlerçe gezek gören zadyny, polisiýalary hem jenaýatçylary, gaçýanlary we kowýanlary bolan gadymy aýdym-sazly teatr sahnajygyndaky ýaly. Häzir onuň yzyndan kölege ýaly sessiz-üýnsüz ýigrimi million köpek kowup gelýärdi, olar myhman otaglarynyň sag diwaryndan ortaka, ortakydan çepe böküp, soňra ýitirim bolup, soň bolsa ýene-de sagda peýda bolup, ortaka, çepe geçip — şeýdip, tükeniksiz gaýtalanyp gelýärdi!

Monteg «Çaňňalagy» gulagyna dykdy:

— Polisiýa Elm-terrasyň halkyna şeýtmegi maslahat berýär: goý, bu etrabyň köçelerinde ýaşaýan adamlaryň her biri öýüniň gapysyny açsyn ýa penjireden seretsin. Muny hemmeler bir wagtda etmeli. Hemmeler birbada öz öýlerinden çyksa, gaçgaga sypmak başartmaz. Hany, taýýar boluň! Elbetde! Bu näme üçin olaň kellesine öň gelmedikä? Näme üçin muny şu wagta çenli hiç haçan etmedikäler? Hemmeler taýýar bolmaly, hemmelerem birbada daşaryk seretmeli! Gaçgak bukulyp bilmez! Şu wagt köçede ylgap barýan, aýaklarynyň hereket etmäge, ylgamaga mejalyny barlamaga

töwekgellik eden ýeke-täk adam!

— Ona çenli sanalansoň çykmaly. Başladyk. Bir! Iki!

Ol tutuş şäheriň aýak üstüne galandygyny duýdy.

— Üç!

Tutuş şäheriň ilaty özleriniň müňlerçe gapylaryna tarap öwrüldi.

Çaltrak! Çepiň, sagyň!

— Dört!

Hemmeler gijegezerler ýaly, çykalga tarap ýöneldi.

— Bäş!

Olaryň eli gapylaryň tutawajyna ýetdi.

Derýa tarapdan, çabgadan soň bolşy ýaly, sergin howa gelýärdi. Montegiň bokurdagy gurady, ylgamakdan ýaňa gözleri çym gyzyl boldy. Birdenem ol gygyryp goýberdi, hamala, bu gykylyk öňe iterip, iň soňky ýüz ýardy ylgap geçmäge kömek edäýjek ýalydy.

— Alty, ýedi, sekiz!

Müňlerçe gapylaryň tutawaçlary towlandy.

— Dokuz!

Ol hatar jaýlaryň iň soňkusynyň deňinden ylgap geçdi. Soňra ýapaşak düşüp, garalyp görünýän bol suwa tarap tutdurdy.

— On!

Gapylar açyldy.

Köçeleriň, howlularyň hem gijeki asmanyň tümlügine nazary dikilen müňlerçe we müňlerçe adam onuň göz öňüne geldi; howsalaly, ak tam ýüzler tutularyň aňyrsynda gizlenýärdi; çal haýwanjyklar ýaly öz elektrik hinlerinden jyklaşýardylar; reňki öçen gözli, solgun dodakly; gatap galan göwredäki ýaramaz pikirler.

Emma Monteg eýýäm derýaň ýakasyndady.

Ol gözüme görünýän bolaýmasyn diýip, ellerini suwa sokdy. Eşiklerini çykaryp, suwa girdi, endamyny ölledi, ellerini hem kellesini çakyr deý serhoş ediji salkynlyga sokdy, ol ony içýärdi, ondan dem alýardy. Faberiň köne köýnegidir köwşüni geýip, öz eşiklerini suwa oklady we olaryň akyp gidişine syn etdi. Soňra çemedany elinde saklap, suwuň içi bilen ýöräp, kenardan daşlaşdy, aýagy ýerden üzülýänçä ýöredi; akym ony tümlüge sary alyp gitdi.

* * *

Köpek kenara ýetende, ol eýýäm akym bilen üç ýüz ýard dagy ýüzüp geçipdi. Derýanyň üstünde dikuçarlaryň ägirt uly ýelgamagy güwwüldeýärdi. Derýanyň üstüne yşyk akymy guýuldy, Monteg bulutdan duýdansyz çykan Güne meňzeş bu çyra ýalkymyndan gizlenmek üçin suwa çümdi. Ol derýanyň ýuwaşlyk bilen özüni garaňkylyga alyp barýandygyny duýýardy. Birdenkä çyralaryň şöhlesi kenara tarap öwrüldi, hamala, täze yz alan ýaly bolup, dikuçarlar ýüzüni şähere tarap tutdular. Ýene bir pursatdan olar düýpgöter ýitip gitdi. Köpegem ýitdi. Diňe sowuk suwly derýa we duýdansyz aralaşan ümsümlikde şäherden hem onuň çyralaryndan, kowgudan, umuman, hemme zatdan daşlaşyp, ýüzüp barýan Monteg galdy.

Göwnüne, ol ýap-ýaňy aktýorlaryň goh-galmagalyndan doly teatr sahnasyndan düşen ýa-da wüjürdeşýän arwahlaň üýşmeleňiniň ägirt uly spiritik oýnuna gatnaşan ýalydy. Ol adaty bolmadyk gorkunç dünýäden hakyky dünýä düşdi, ýöne henizem onuň hakykylygyny doly duýup bilenokdy, sebäbi bu dünýä onuň üçin täzeçedi.

Gapdalyndan garaňka dulanan kenarlar geçip gidýärdi; derýa ony indi baýyrlyklaryň arasy bilen akdyryp barýardy. Ol asman ýyldyzlaryny, şamçyraglaryň özlerine buýrulan aýlawyny amala aşyrýan tükeneksiz ýörişlerini ilkinji gezek görýän ýalydy. Asmandan ýyldyzlaryň ony mynjyradarly görünýän ägirt uly kerweni geçip barýardy.

Çemedan suwdan dolup aşak çökende, Monteg arkanlygyna öwrüldi. Derýa ertirligine kölege, günortanlygyna tüsse we şamlygyna duman bilen iýmitlenýän adamlardan gitdigiçe daşlaşyp, öz tolkunlaryny haýallyk bilen äkidip barýardy. Derýa çyndanam hakykatdy; ol Montegi gujagynda aýawly saklaýardy, ony howlukdyranokdy, şu aýda, şu ýylda, tutuş ömründe bolup geçen zatlaň hemmesini aňynda aýlamaga puryja berýärdi. Monteg ýürek urgusyna diň saldy: ol asuda hem birsydyrgyn urýardy. Pikirleri indi gazaply girdapda çyrpynyp barmaýardy, olar damarlardan akýan gan kimin, asuda hem birsydyrgyn akýardy.

Aý pessejik ýerde asyl-asyl bolup durdy. Aý we Aý şöhlesi! Ol nireden gelip çykdyka? Düşnükli zat — Günden. Günüň özi şöhlesini nireden alýarka? Hiç ýerden, ol öz ody bilen ýanýar. Şo-ol ýanyp dur, ýanyp dur. Gün we wagt. Gün, wagt, ot. Ýakyp barýan ot. Derýa Montegi öz tolkunlarynda ýuwaşlyk bilen hüwdüleýärdi. Bularyň bary Montegiň aňynda garym-gatym boldy-da, bir bütewülige öwrüldi. Ýer ýüzünde ýaşalan ençe ýyllardan hem şu derýada geçirilen birnäçe minutdan soň, ol ahyrsoňy, indi hiç haçan hiç zady ýakmaly däldigine düşündi.

Gün günüň gününe ýanýar. Ol Wagty ýakýar. Ýer aýlaw edip, öz okunyň daşyndan aýlanýar; Wagt ýyllary hem adamlary ýakýar, Montegiň kömegi degmezden, özi ýakýar. Eger-de ol, Monteg beýleki ýangynçylar bilen birlikde adam eli bilen döredilen zatlary, Gün bolsa Wagty ýaksa, onda hiç zat galmaz. Bar zat ýanar.

Kimem bolsa biri saklanmaly. Gün saklanmaz. Diýmek, Monteg we bary-ýogy birnäçe sagat mundan öňem bile işleşen ýangynçylary saklanmaly bolaýmasa. Nirelerdedir bir ýerlerde ýene-de gymmatlyklary goramak işi başlanmaly, kimdir biri ýene-de adam tarapyndan döredilen zatlary çöpläp, gorap saklamaly, olary kitaplarda, gramplastinkalarda, adamlaryň aňynda saklamaly, her edip-hesip edip güýelerden, heňden, posdan, çüýremekden hem eli otluçöpli adamlardan goramaly. Dünýä ululy-kiçili ýangynlardan doly. Adamlar tiz wagtdan täze hünärleriň — adamzat üçin oda çydamly geýimleri döredýän adamlaryň hünärleriniň döreýşine şaýat bolarlar.

Monteg aýaklarynyň gaty topraga degendigini duýdy, aýakgabynyň dabany çägedir çagla sürtülip, jygyrdap gitdi. Derýa ony kenara çykardy.

Ol daş-töweregine seretdi. Onuň öňünde müňlerçe mile we ondanam aňyrlygyna ýaýlyp giden, diňe dowamlylygy bolan gözsüz-ýüzsüz, şekilsiz-sudursyz ägirt uly närse hökmünde garaňky düzlük bardy; ýaşyl dona bürenen baýyrlar hem tokaýlar Montege garaşýardy.

Onuň derýanyň asuda suwuny taşlap gidesi gelenokdy. Bir

ýerlerde ýene-de Mehaniki köpegiň duşaryndan, dikuçarlaryň ýelgamaklarynyň turzan ýelinden ýaňa baglaryň başlarynyň birden şagyrdaşaryndan, şuwwuldaşaryndan ätiýaç edýärdi.

Düzlükden weli edil golaýyňda akyp ýatan derýa ýaly ümsüm we asuda, adaty güýz şemaly öwüsýärdi. Näme üçin köpek indi ony yzarlanok? Nä sebäpden kowgy yzyna — şähere dolandy? Monteg diň saldy. Dym-dyrslyk. Hiç kim ýok. Hiç zat ýok.

«Milli — diýip, ol pikir etdi. — Daş-töweregiňe seret. Diň sal! Ýeke sesem çykanok. Ümsümlik. Nähili ümsümlik, Milli! Seň muňa nähili garajagyňy-ha bilemok. Seniň: «Sem bol! Sem bol!» diýip gygyrmagyňam ahmal. Milli, Milli!». Ol gam laýyna batdy.

Milli-de, Mehaniki köpek-de ýokdy. Uzakdaky meýdanlardan gelýän gury bedäniň ysy birden Montegiň aňynda birwagt ýatdan çykan şekili oýardy. Bir gezek, ol heniz çagaka, maldarçylyk hojalygynda bolupdy. Bu onuň durmuşynda aýratyn bagtly gündi, şonda ol hakyky dälligiň perdesiniň, myhman otaglaryndaky telewizion diwarlaryň, şäheriň demir seňňeriniň aňyrsynda başga bir dünýäniň hem bardygyny gözleri bilen gördi, ol ýerde, göm-gök çemenliklerde sygyrlar otlaşyp ýörler, doňuzlar süýr günortan howdanyň ýyljajyk gyrmançasynda çapalanýarlar, itlerem üýrüşip, baýyrlyklarda goýunlary kowalaýarlar.

Indi gury bedäniň ysy we suwuň pagşyldysy oňa uly ýoldan sowa, ýalňyz maldarçylyk hojalygynyň yz ýanyndaky boş kümedäki täze bedäniň, perleri, göýä, geçip barýan ýyllaryň hasabyny ýöredýän ýaly, ýuwaşjadan jygyldap aýlanýan köne ýel degirmeniniň saýasynda ýatmagyň nähili ýakymlydygyny ýatladýardy. Häzirem haýwanjyklaryň hem mör-möjekleriň şygyrdysyna, ýapraklaryň şybyrdysyna, gijäniň çala eşidilýän ýakymly seslerine diň salyp, şo wagtky ýaly bütin gijäňi samankümede geçirsediň.

Monteg gijagşam aýak sesleriniň geläýmegi ahmal diýip pikir etdi. Ol ýerinden galyp, dik oturar. Aýak sesleri ýatyşar. Soň ýene gyşaryp, samankümäň äpişgejigine garap ýatar. Maldaryň öýjagazyndaky çyralaryň yzly-yzyna sönşüni, ýaşajyk, owadan gyzyň garaňky äpişgäň öňünde oturyp, saçyny daraýşyny görer.

Ony saýgarmak kyn bolar, ýöne gyzyň ýüz keşbi eýýäm dolanyp gelmejek uzak geçmişde tanan, ýylpyldawuk tomzajyklara şek ýetirmeýän, ýagşa begenmegi başarýan, eger eňegiňe sürtseň, süýtleňňijiň näme diýýänini bilýän gyzy ýadyna salar. Gyz äpişgäň ýanyndan aýrylyp, soňra ýene ýokarda, Aý şöhlesi düşüp duran otagjygynda peýda bolar. Onsoň gözýetime çenli asmany ikä bölýän reaktiw uçarlaryň güwwüldisiniň astynda ajalyň sesine gulak asyp, ol, Monteg samankümedäki ygtybarly gaçybatalgasynda ýatyp, özüne nämälim, täsin ýyldyzlaryň, şapagyň mylaýym ýagtysynyň öňünde yza tesip, haýallyk bilen gözýetimiň aňyrsynda gizlenişine syn eder.

Uzakly gijäni çirim etmän geçirse-de, ol ýadawlyk duýmaz, ýüzi ýylgyrar durar; ýyljajyk samanyň ysy hemem gijäniň ümsümliginde gören we eşiden zatlary onuň üçin iň aňrybaş dynç alyş bolar. Aşakda, basgançakdan düşen ýerinde bolsa, oňa ýene bir adatdan daşary şatlyk garaşar. Ol seresaplyk bilen daň şapagyna gyzaryp duran, zemin ýaşaýşynyň ajaýyplyklaryndan pürepür samankümeden çykar-da, gören kiçijik täsinligine aňkaryp galar. Soňra eglip, ony elläp görer.

Basgançagyň eteginde Monteg täze saglan sowujak süýtli bulgury, almalardyr armytlary görer.

Şu wagt oňa bar gerek zadam şo — giň dünýäniň ony kabul etmäge taýýar bolup, oňa pikirlenmeli zatlaryny aňynda aýlamaga puryja berýänliginiň subutnamasy.

Bir bulgur süýt, alma, armyt.

Ol suwdan çykdy. Kenar, göýä, daşgynyň äpet tolkuny ýaly bolup, oňa tarap okduryldy. Tümlük, nätanyş giňişlik hemem salkynlyk, öl endamyňy doňduryp gelýän şemalyň getirýän millionlarça nätanyş yslary — bularyň bary, birbada Montegiň howuny basdy. Ol bu tümlükden, yslardan hem seslerden ýaňa yza tesdi. Gulaklary şaňlap, başy aýlandy. Ýyldyzlar, hamala, otly meteorlar ýaly, oňa tarap uçuşyp gelýärdi. Onuň ýene özüni derýa oklasy geldi — goý, tolkunlar ony islän ýerine äkitsinler. Kenaryň garaňky äpetligi oňa çagalyk ýyllarynda bolan bir hadysany ýatlatdy, şonda ägirt uly

tolkun (ömründe gören iň uly tolkuny) onuň aýagyndan alyp ýykdy; seňseletdi-de, ýaşyl garaňkylyga tarap zyňdy, agzyny, burnuny, aşgazanyny ýakyp barýan duzly suwdan doldurdy. Aşa köp suw!

Bu ýerde bolsa toprak aşa köpdi.

Birdenem onuň öňünde diwar bolup duran tümlükde şygyrdy eşidildi, kimdir biriniň kölegesi, iki sany göz göründi. Hamala, gijäniň özi oňa sereden ýaly boldy. Göýä, oňa tokaýlyk garap duran ýalydy.

Mehaniki köpek!

Şunça gaçmak, görgi baryny görmek, tasdanam gark bolmak, şeýle uzaga gitmek, ençe muşakgatlary başdan geçirmek, indem özüňi howpsuz ýerde hasaplap, uludan dem alyp, ahyrsoňy kenara çykýaň, birdenem öňüňde...

Mehaniki köpek!

Monteg biygtyýar gygyryp goýberdi. Ýok, bu artykmaç bolýar! Bir adam üçin juda köp bolýar!

Kölege gapdala serpikdi. Gözlerem ýitdi. Güýz ýapraklary şagyrdaşyp ýere döküldi.

Monteg iň tokaýda ýeke özüdi.

Sugun. Bu sugundy. Monteg gan hem haýwanyň demi gatyşykly müşküň, kardamonyň, garaharsaňyň ysyny aldy; çola gijede agaçlar diwar bolup, oňa tarap süýşýärdiler we ýene yza tesýärdiler, çekgeleriňde urup duran ganyň urgusy bilen sazlaşykly ylgaýardylar hem tesýärdiler.

Topragyň üsti tänen ýapraklar bilen düşelendi. Olar, belki, milliardlarçady; Monteg iň aýaklary oňa çümýärdi, göýä, ol myhak bilen ýyljajyk tozanyň ysy gelip duran, derýanyň şygyrdaýan gury hanasyndan geçip barýan ýalydy. Gör, näçe dürli ys bar! Ine, çig ýeralmanyň ysy gelýän ýaly; bütin gije açyk howada, Aý şöhlesiniň astynda ýatan sowuk, uly ýeralmany keseňde şeýle ys gelýär. Ynha, bu bolsa pikullaryň, aşhanadaky stoluň üstünde ýatan seldereýiň ysy, agzy açyk gapjagazdaky sary ajyhurşuň çala bildirýän ysy, goňşy bagdaky köp gülýaprakly myhagyň ysy. Monteg elini aşak sallanda, hamala, çagajyk ýuwaşlyk bilen onuň elinden tutan ýaly bolup, aýasyna otuň ýaprajygy degdi. Monteg ellerini ýüzüne

ýetirdi: olardan buýanyň ysy gelýärdi.

Ol topragyň ysyny demine dartyp saklandy. Monteg ysy näçe aldygyça, çuňňurdan-çuňňur demine dartdygyça, daşky dünýäniň dürli-dürlüligi oňa şonça-da ýakyn görünýärdi. Montegde eýýäm öňki boşluk duýgusy ýokdy — bu ýerde onuň üstüni dolara zat ýeterlikdi. Mundan beýläk hemişe-de şeýle bolar.

Ol gury ýapraklaň üstünden büdenekläp barýardy.

Birdenem bu täze, täsin dünýäde haýsydyr bir tanyş zady duýdy.

Onuň aýagy güňleç ses çykaran bir zada degdi. Ol eli bilen otlugy sermeleşdirdi.

Demir ýol seplemleri.

Jeňňellikleriň hem tokaýlaryň içi bilen şäheriň daşyna alyp gidýän seplemler, birwagt ulanyşdan galan posly seplemler.

Onuň gitmeli ýoly. Bu täzeçillikleriň içindäki ýeke-täk tanyş zatdy, ilkibadalar oňa gerek boljak, elini degrip biljek, gyrymsy agaçlaryň, yslaryň hem duýgular deňziniň, tokaý şygyrdysynyňdyr pyşyrdysynyň içi bilen gidip barýarka, hemişe aýak astynda boljak jadyly tumardy.

Ol seplemleriň üsti bilen öňe ýöredi.

Birdenem geň galyp, özüniň gaty gowy bilýän, emma hiç haçan subut edip bilmejek zadyny duýdy: birwagtlar Klarissa-da bu ýerden geçipdi.

* * *

Ýarym sagatdan soň üşäp, tümlügiň endam-janyna siňýändigini, gözlerine, agzyna girýändigini, gulaklarynda tokaý sesleriniň güwwüldäp durandygyny, gyrymsy agaçlardan hem çitçitilerden ýaňa aýaklarynyň sypjyryk-sypjyryk bolandygyny duýup barýarka, birden öňde bir oda gözi düşdi.

Ot sähel salymlyk ýylpyldap, gözden ýitdi, soňra ýene peýda boldy — ol uzaklarda, hamala, biriniň gözi ýaly ýylpyldaýardy. Monteg duran ýerinde doňup galdy; göwnüne, çala üfledigi, ot öçäýjek ýalydy. Emma ot ýanyp durdy. Monteg bukdaklap, oňa golaýlaşyp ugrady. Ol oňa ýakynlaşýança, on bäş minut dagy geçdi;

Monteg sägindi, agaja bukulyp, oda tiňkesini dikdi. Çala yraň atyp duran agymtyl hem gyrmyzy alaw; bu ot Montege geň bolup göründi, sebäbi ol indi öňküsinden düýpgöter başga zady aňladýardy.

Bu ot hiç zady ýakmaýardy — ol ýylylyk berýärdi.

Montegiň ýylylyga tarap uzap duran ellere gözi düşdi, diňe eller görünýärdi — oduň başynda oturanlaryň göwresi garaňkylyga gaplanypdy. Elleriň ýokarsynda — alawyň şuglasyna ýagtylýan hereketsiz ýüzler. Ol oduň beýle oýnunyň bardygyndan habarsyzdy. Oduň diňe ýalmap-ýuwutman, hözirem berip bilýändigini gümanam etmeýärdi. Hatda bu oduň ysy-da düýpgöter başgaçady.

Oduň yşygyna maýyl bolup, tokaýyň jümmüşinden gelen ýyrtyjy haýwan ýaly, täsin, emma ýakymly duýgulara berlip, onuň näçe wagt duranlygyny bir Hudaý bilýär. Oduň töweregi ümsümlikdi, adamlaň ýüzünde-de rahatlyk bardy, idegsiz seplemleriň golaýyndaky baglaryň astynda oturyp, dünýä keseden syn etmäge, ony nazaryň bilen ölçemäge wagt bardy; tutuş dünýä şu ýerde, oduň daşynda jemlenen ýalydy, hamala, dünýä oduň içinde ýatan bir bölek polat bolup, ony-da şu adamlar eredip, täzeden ýasamaly ýalydy. Diňe bir ot başgaça görnenokdy. Ümsümligem başgaçady. Monteg, misli, dünýäniň ykbaly şoňa bagly bolup duran ýaly, bu ümsümlige tarap ýakyn-ýakyn omzady.

Soňra gulaklaryna ses geldi; adamlar gürleşýärdi, emma olaryň näme hakda gürleşýändiklerini aňşyryp bilenokdy. Gürrüň parahat gidýärdi, kä gaty, käte ýuwaş gürleýärdiler — olaryň öňünde tutuş dünýä ýatyrdy, olaram oňa howlukman syn edýärdiler; olar bu topragy, tokaýy, idegsiz demir ýol sepleminiň gutarýan ýerindäki, derýanyň aňyrsyndaky şäheri gowy bilýärdiler. Olar hemme zadyň gürrüňini edýärdiler, özleriniňem bilmeýän zady ýokdy. Monteg muny olaryň gürleýşinden, seslerindäki geň galyjylyk hem bilesigelijilik äheňlerinden aňýardy. Soňra oturanlaryň biri gabagyny galdyryp, Montege ýüzlendi:

— Ýeri, bolýa-la, bukulyp durmaň.

Monteg garaňkylyga tarap ädimledi.

— Gorkar ýaly zat ýok — diýip, ýene şol ses çykdy. — Aramyzda hoş gördük.

Monteg haýallyk bilen ýakyn geldi. Oduň başynda goýy gök kendir matadan tikilen penjek-balakly, edil şonuň ýaly, goýy gök köýnekli bäş sany goja otyrdy. Monteg olara näme jogap berjegini bilmedi.

— Oturyň! — diýip, göräýmäge, olara baş bolup oturan adam gürledi. — Kofe içermisiňiz?

Monteg bugaryp duran goýy suwuklygyň ýygnalýan demir kürüşgä guýluşyna sesini çykarman seredip durdy; soňra kimdir biri kürüşgäni oňa uzatdy. Ol özüne bilesigelijilik bilen garalýanyny duýup, çekinjeňlik bilen owurtlady. Gyzgyn kofe dodaklaryny ýakyp gelýärdi, ýöne ýakymlydy. Onuň töwereginde oturanlaryň ýüzüni gür sakgal basyp gidipdi, emma olara gowy timar berlendi. Bu adamlaryň elleri-de arassa hem päkizedi. Monteg oda golaý baranda, oturanlaryň bary hormat bilen ör turdular, soňra ýene-de ýerli-ýerinde ornaşdylar. Monteg kofesini owurtlap otyrdy.

Ol:

— Sag boluň! — diýdi. — Size tüýs ýürekden minnetdar.

— Hoş geldiň, Monteg! Meniň adym Grenjer. — Özüni Grenjer diýip tanadan adam içinde reňksiz suwuklyk bolan kiçiräk gutyny uzatdy. — Munam iç, hany! Bu siziň hamyňyzyň himiki düzümini üýtgeder. Ýarym sagatdan sizden özüňiziňki ýaly däl-de, iki sany dürli adamyňky ýaly ys geler. Yzyňyzdan Mehaniki köpek kowup gelýän bolsa, bu çüýşejigi soňuna çenli içeniňiz ýagşy.

Monteg ajymtygrak görnen suwuklygy başyna çekdi.

— Sizden edil geçiňki ýaly ys geler, ýöne bu esasy zat däl — diýip, Grenjer sözüni dowam etdi.

— Siz adymy nireden bilip ýörsüňiz? — diýip, Monteg geň galyp sorady.

Grenjer baş atyp ümläp, oduň golaýynda duran kiçijik telewizory görkezdi:

— Biz kowga syn etdik. Siz derýaň ugry bilen günorta tarap düşersiňizem öýtdük, soňra tokaýyň içi bilen kellesi göçen sugun kimin urduryp barşyňyzy eşidenimizde, öňki edişimiz ýaly, bukulyp durmadyk. Dikuçarlar birdenkä şähere tarap öwrülende, siziň suwa çümendigiňize düşündik. Şäherde-de nähilidir bir geň zatlar bolup

geçýär. Kowgydowam edýär, ýöne başga ugur bilen.

— Başga ugur bilen diýýäňizmi?

— Geliň, barlap göreliň.

Grenjer kiçijik telewizory açdy. Ekranjykda her dürli öwüşginler geçýärdi, sudurlar wazzyldaşyp ikibaka ylgaşlaýardy, göýä, bu kiçijik gutujykda haýsydyr bir garabasmaly uky gulplanyp goýlan ýalydy, bu ýerde, tokaýda ony eliňe alyp, beýlekilere geçirip bolýandygy geňdi. Alypbaryjy gaty sesi bilen gürleýärdi:

— Kowgy şäheriň demirgazyk böleginde dowam edýär! Polisiýanyň dikuçarlary Segsen ýedinji köçe bilen Elm Grouw seýilgähiniň töwereginde jemlenişýärler!

Grenjer baş atdy:

— Hawa-da, indi olar diňe kowgyny dowam edýän kişi bolýarlar. Siz heniz derýanyň boýunda yzyňyzy ýitirmegi başardyňyz. Ýöne muny boýun alaslary gelenok. Olar tomaşaçylary uzak wagtlap dartgynlylykda saklap bolmajagyny bilýär. Çaltrak çözgüde ýetmeli! Derýany barlajak bolsaň, ertire çenlem gutarmarsyň. Şo sebäplem bu gülküli sahnany dabaraly tamamlamak üçin, olar pida gözleýärler. Serediň! Bäş minutam geçmänkä, olar Montegi tutarlar!

— Nädip?..

— Häzir görersiňiz.

Dikuçaryň aşak ýüzünde goýlan telekameranyň gözi indi çola köçä dikilipdi.

— Görýäňizmi? — diýip, Grenjer pyşyrdady. — Häzir siz peýda bolarsyňyz. Hol ýerde, köçäň ahyrynda. Göz öňünde tutulan pida. Serediň, kameranyň surat alşyny! Ilki ussatlyk bilen köçe görkezilýär. Howsalaly garaşma. Çola köçe. Häzir bir işigaýdan gezelenje çykar. Haýsydyr bir özboluşly geň adam. Polisiýa ir säherde hiç bir sebäpsiz ýa ukusy tutmaýanlygy üçin gezelenç etmegi gowy görýän bu geň adamlaryň gylyk-häsiýetine belet däldir öýtmäň. Polisiýa olary aýlap, ýyllap yzarlaýar. Munuň haçan we nä sebäpden gerek boljagyny öňünden bilip bolmaýar. Bu gün bolsa onuň jaý wagty. Hakyt, çykgynsyz ýagdaýdan çykalga. Eý, Hudaý! Serediň!

Oduň başynda oturanlar öňe tarap omzadylar.

Ekranda, köçäniň ahyrynda, burçuň aňyrsyndan bir adam göründi. Duýdansyz ýerden Mehaniki köpek peýda boldy. Dikuçarlar köçä tarap onlarça çyranyň şöhlesini gönükdirip, adamyň suduryny kapasa gaban ýaly etdiler.

— Bu — Monteg! Kowgy tamamlandy! — diýip, alypbaryjy dabara bilen habar berdi.

Bigünä kişi tüsseläp duran çilimini elinde saklap, alasarmyk ýagdaýda durdy. Nämäniň-nämedigine düşünmän, ol Mehaniki köpege mölerilip seredýärdi. Megerem, ahyryna çenli düşünibem ýetişmedikbolsa gerek. Ol asmana garap, zoguň sesine diň saldy. Indi telekameralar ýazgyny aşakdan edýärdi. Köpek bökdi — onuň hereketleriniň takyklygy hem sazlaşygy täsin galarlykdy. Iňňe ýylpyldap gitdi. Tomaşaçylar bar zady — pidanyň geň galyp seredişini, çola köçäni, bökýän polat nägehany — nyşana tarap okdurylan bu ägirt uly oky has gowy görüp ýetişer ýaly, ekrandaky bar zat birsalymlyk doňup galdy.

— Monteg, ýeriňizden butnamaň! — diýip, asmandan bir ses gygyrdy.

Şo pursadam köpek bilen kameranyň obýektiwi ýokardan adamyň üstüne indiler. Kamera-da, köpegem ony bir wagtda tutdular. Adam aýylganç gygyrdy. Ol gygyrýardy, gygyrýardy, gygyrýardy!..

Şekiller akyp geçýär.

Ümsümlik.

Tümlük.

Monteg gygyryp, yzyna öwrüldi.

Ümsümlik.

Oduň başyndaky adamlar garaňky ekranda alypbaryjynyň sesi ýaňlanýança, doňan ýaly bolup, seslerini çykarman otyrdylar:

— Gözleg tamamlandy. Monteg öldi. Jemgyýete garşy edilen jenaýatçylyk jezasyny aldy.

Tümlük.

— Indi sizi Lýuks myhmanhanasynyň «Üçegiň astyndaky zalyna» geçirýäris. «Ir säherden öň» diýen ýarym sagatlyk gepleşik. Biziň meýilnamamyzda...

Grenjer telewizory öçürdi.

— Onuň ýüzüni görkezişlerine syn etdiňizmi? Diňe ýeňse tarapyndan aldylar. Ol sizmi ýa dälmi — muny iň ýakyn dostlaryňyzam ynam bilen aýdyp bilmez. Yşarat edildi — galan zatlaryň üstüni tomaşaçynyň hyýaly oý-pikiri doldurar. Häý, jyn urmuş — diýip, Grenjer pyşyrdady.

Monteg dymýardy, telewizora tarap ýüzüni öwrüp, saňňyldap, boş ekrandan gözüni aýranokdy.

Grenjer onuň egnine çalaja kakyp goýberdi.

— Ölüp-direleni gutlaýas.

Monteg baş atdy.

— Indi biziň bilen tanşaýsaňyzam bolman durmaz — diýip, Grenjer sözüni dowam etdi. — Bu Fred Klement, birwagtlar Kembrij uniwersitetinde Tomas Hardi adyndaky kafedra ýolbaşçylyk edýärdi; bu Kembrij heniz Atom-inženerçilik mekdebine öwrülmänkä bolupdy. Ine, bu bolsa Kaliforniýa uniwersitetinden doktor Simmons, Ortega-i-Gassediň[1] döredijiligi boýunça hünärmen; bu bolsa professor West, köp ýyl mundan öň Kolumbiýa uniwersitetinde indi gadymy hem ýatdan çykarylan etika baradaky ylma uly goşant goşan adam. Hormatly ata Padower otuz ýyl mundan öň, edýän wagyz-nesihatlary sebäpli, bir hepdäň dowamynda özüni diňlemäge gelýän dindarlaryny ýitirdi. Ol birwagtdan bäri biziň bilen sergezdançylyk edýär. Özüm barada aýtsam: «Bir eliň barmaklary. Şahsyýetiň hem jemgyýetiň arasyndaky dogry gatnaşyklar» atly bir kitap ýazdym. Indem, görşüň ýaly, men bärde. Biziň aramyza hoş geldiň, Monteg!

— Ýok, siziň araňyzda maňa orun ýok — diýip, Monteg ahyrsoňy kynlyk bilen gürledi. — Men bütin ömrüme diňe bolgusyz işleri edip geldim.

— Bu biziň üçin täzelik däl. Barymyzam ýalňyşlyk goýberýärdik, ýogsa biz bu ýere düşmezdik. Heniz ýekelikde hereket edýärkäk, biziň ýeke-täk ýaragymyz gahar-gazapdy. Kitaphanamy ýakmaga gelende, men bir ýangynçyny urdum. Bu esli ýyl mundan öň

1 Ortega-i-Gassediň — XX asyryň görnükli ispan ýazyjysy hem pelsepeçisi.

bolupdy. Şondan bärem gizlenip ýörşüm. Niçik, bize goşulasyňyz gelýämi, Monteg?

— Hawa.

— Bize näme teklip edip bilersiňiz?

— Hiç zat. Men özümde Ekkleziastdan bir bölek, hemem, belki-de, Ioann Bogoslowyň Habarlaryndan käbir zatlar bardyr öýdýärdim, ýöne häzir mende bularam ýok.

— Ekkleziast — büý-ä hiç neneň däl. Siz ony nirede saklaýardyňyz?

— Şu ýerde — diýip, Monteg elini maňlaýyna degirdi.

— Hä-ä — diýip, Grenjer ýylgyryp baş atdy.

Monteg:

— Näme? Bu erbet zatmy? — diýdi.

— Ýok, gaýtam örän gowy. Ajaýyp! — Grenjer ruhana tarap öwrüldi. — Aramyzda Ekkleziast barmy?

— Hawa. Ýaňstaunda ýaşaýan Garris atly adam.

Grenjer Monlegiň egninden berk gysdy:

— Monteg! Ägä boluň. Özüňizi goraň. Bardy-geldi Garrise bir zat bolaýsa, siz Ekkleziast bolarsyňyz. Görýäňizmi, siz iň soňky pursatda nähili gerekli adam bolduňyz!

— Ýöne men barysyny unutdym ahyry!

— Ýok, hiç zat düýp-teýkary bilen ýitenok. Bizde siziň aňyňyzy gorjalar ýaly usul bar.

— Men häzir ýadyma salmaga çytraşýan.

— Azara galmaň. Gerek wagty oň özi geler. Adamyň aňy duýgur fotoplýonka meňzeş, biziň bütin ömrümize bar edýän işimiz — oňa düşen zatlary öçürmäge synanyşmak. Simmons öňde-soňda okalan zatlaň baryny aňyňda dikeltmäge mümkinçilik berýän bir usuly işläp düzdi. Ol muň üstünde ýigrimi ýyl işledi. Monteg, siz Platonyň «Respublikasyny» okasyňyz gelýämi?

— Hawa-la, elbetde!

— Ynha, men — Platonyň «Respublikasy». Mark Awrelini okasyňyz gelýämi? Jenap Simmons — Mark Awreliý.

— Salam! — diýip, jenap Simmons seslendi.

— Salam! — diýip, Monteg jogap berdi.

— Sizi «Gulliweriň syýahaty» atly örän ýiti syýasy satiranyň ýazary Jonatan Swift bilen tanyşdyrmaga rugsat ediň! Bu bolsa Çarlz Darwin, ine, bu Şopengauer, bu-da Eýnşteýn, ýanymda duran — pelsepeçi jenap Albert Şweýser. Monteg, biziň barymyz — Aristofan hem Mahatma Gandi, Gautama Budda we Konfusiý, Tomas Law Pikok[1], Tomas Jefferson hem Linkoln — siziň öňüňizde, siziň hyzmatyňyzda. Biz şonuň ýaly-da — Matfeý, Mark, Luka we Ioan.

Olar pessaýja gülüşdiler.

— Beýle zat bolup bilmez — diýip, Monteg ör-gökden geldi.

— Ýöne weli bu hakykat — diýip, Grenjer ýylgyryp jogap berdi. — Bizem kitaplary ýakýas. Kitaby okaýas, soňam ony bizden tapmazlar ýaly, ýakýas. Mikrofilmler özüni ödemedi. Biz hemişe göçüp-gonup ýörüs, plýonkany bir ýerlerde gömüp, soňam ony idäp gelmeli bolardy, munuň özi durşy bilen töwekgelçilik. Hemme zady kelläňde saklanyňdan gowusy ýok, hiç kim görmezem, müňkürem bolmaz. Biziň barymyz — taryhyň, edebiýatyň, halkara hukugynyň bölejikleri. Baýron, Tom Peýn, Makiawelli, Isa pygamber — bularyň bary şu ýerde, kellämizde. Ýöne eýýäm giç. Uruş başlandy. Biz bu ýerde, şäher bolsa özüniň bütin zynaty bilen o ýerde. Siz nämäň pikirini edýäňiz, Monteg?

— Ýeke özüm göreşmäge synanyşamda, nähili akmak bolanlygym barada oýlanýan. Kitaplary ýangynçylaň öýüne oklaýadym, soňam howsala zaňyny basýadym.

— Siz eliňizden geläýjek zady edýädiňiz. Tutuş ýurduň çäginde bu netije-de bererdi. Emma biziň göreş ýolumyz has ýönekeý we biziň pikirimizçe, has netijeli. Biziň wezipämiz — entekler gerek boljak bilimleri gorap saklamak, olary bitewi hem abat saklamak. Häzirlikçe hiç kime azar beresimiz ýa öjükdiresimiz gelenok. Sebäbi biziň ýogumyza ýansalar, onda goraglaýan bilimlerimizem ýok bo lar, belki-de, ömürlik ýitip gider. Biz bir parahat raýatlar: idegsiz seplemlerde ygyşyp ýörüs, gijelerine daglarda gizlenýäs. Şäherlilerem bizi öz günümize goýdular. Käwagtlar saklap

1 Tomas Law Pikok (1785—1866) — iňlis ýazyjysy hem şahyry.

barlaşdyrýarlar, ýöne hiç haçan tussag edere tutaryk tapanoklar. Biziň örän çeýe, göze ilmeýän, ýurduň bütin künjegine ýaýran guramamyz bar. Käbirimiz plastiki operasiýa etdirdi — daş keşbini hem barmak yzyny üýtgetdi. Şu wagt agyr günleri başdan geçirýäs: urşuň çaltrak başlanmagyna we tamamlanmagyna garaşýas. Bu elhenç, ýöne etjek alajymyz ýok. Ýurda biz ýolbaşçylyk edemzok, biz örän az sanly, netijesiz gury söz. Uruş tamamlanansoň, belki, biziň gerek bolmagymyzam ahmal.

— Özüňizi diňlejek tapylar öýdýäňizmi?

— Diňlemeseler, ýene garaşmaly bolar. Biz kitaplary dilden-dile, öz çagalarymyza geçireris, çagalarymyz bolsa öz gezeginde başgalara geçirer. Elbetde, köp zat ýiter. Ýöne adamlara zor bilen gulak asdyryp bolmaz. Olaň özi düşünmeli, näme üçin beýle bolandygy, nä sebäpden olaryň aýagynyň astyndaky dünýäniň ýumrulandygy barada özleri pikirlenmeli. Bu zatlar ömürlik beýle dowam edip bilmez.

— Siz köplükmi?

— Ýollarda, idegsiz demir ýol seplemlerinde biz ýaly müňlerçe adamlar bar. Daşyndan göräýmäge — sergezdanlar, emma aňymyzda kitaplaryň tutuş hazynasy ýatyr. Ilkibaşda hemme zat öz-özünden bolup geçdi. Her kimde özüniň ýatda saklasy gelen kitaby bardy. Ýöne biz bir-birimiz bilen duşuşyp durýardyk, indem şu ýigrimi ýa-da ondanam gowrak ýylyň dowamynda gurama meňzeş bir zat döretdik we etmeli işlerimizi meýilleşdirdik. Biziň aň ýetirmeli bolan esasy zadymyz — özümiziň hiç zatdygymyza, ownuk talapkär bolmaly däldigimize ýa-da beýleki adamlardan özümizi artykmaç saýmaly däldigimize düşünmek. Biz kitaplaryň olary zaýalanmakdan hem tot-tozandan gorap saklaýan sahaplary — başga hiç zat däl. Biziň käbirlerimiz kiçijik şäherlerde ýaşaýas. Toronyň «Wolden» kitabynyň birinji baby Grin Riwerde, ikinji baby bolsa Men ştatyndaky Willow Farmda ýaşaýar. Merilend ştatynda bary-ýogy ýigrimi ýedi müň ilatly bir şäherjik bar, şonuň üçin oňa bomba taşlap oturjak tapylmazmyka diýýän; şol şäherjikde Bertran Rasseliň işleriniň doly ýygyndysy saklanýar. Bu şäherjigi

kitap ýaly eliňe alyp, sahypalaryny agdaryp bolýar — ilatynyň her biriniň aňynda birnäçe sahypa bar. Uruş tamamlanansoň, günleriň ýa ýyllaryň birinde kitaplary täzeden ýazyp bolar; adamlaň baryny ýygnarys, olaram bilýän zatlarynyň baryny ýatdan aýdar, bizem bulaň baryny kagyzda çap ederis. Soňra, belki, tümlügiň täze asyry geler we bulaň baryny başdan başlamaly bolar..Ýöne adamda bir ajaýyp gylyk bar: eger hemme zady täzeden başlamaly bolsa, ol gama batyp oturanok, batyrgaýlygyny ýitirenok, sebäbi munuň örän wajypdygyny, güýç sarp edeniňe degýändigini bilýär.

— Eýse, şu wagt biz näme işlemeli? — diýip, Monteg sorady.

— Garaşmaly — diýip, Grenjer jogap berdi. — Hemem ätiýaçlyk üçin, bu ýerden daşraga, derýaň ugry bilen aşaklygyna gitmeli.

Ol oduň üstüne gum sepeläp ugrady. Beýlekilerem oňa kömekleşýärdiler, Montegem kömekleşdi. Adamlar tokaýyň jümmüşinde ody sessiz-üýnsüz söndürýärdiler.

* * *

Ýyldyzlaryň ýagtysynyň astynda olar derýanyň kenarynda durdular.

Monteg sagadyna seretdi. Daňdan bäş. Bary-ýogy bir sagat geçipdir. Ýöne ol bir ýyldanam uzak görünýärdi. Beýleki kenaryň aňyrsynda daň saz berip ugrady.

— Siz näme üçin maňa ynanýaňyz? — diýip, Monteg sorag berdi.

Garaňkylykdaky adam gozgandy.

— Size gözüň düşdügi bes. Siz, Monteg, iň soňky gezek haçan aýna seretdiňiz? Onsoňam şäher bize hiç haçan şeýle hormat goýmandy, yzymyzdan beýle dabaraly kowgy ibermändi. Kelleleri şygryýetden doly onlarça adam — bu olar üçin howply däl, olar muny bilýäler, bizem bilýäs; hemmelerem bilýä. Heniz tutuş halk — köpçülik — erkinligiň hem konstitusiýanyň kanunlaryny ýatdan sanap durmaýan bolsa, gorkup oturara esas ýok. Ýangynçylar wagtal-wagtal tertip-düzgüne seretse bolany. Ýok, şäherliler bize azar berenok. Sizi welin, Monteg, mazaly horladylar.

Olar ýüzüni Günorta tutup, derýanyň ugry bilen barýardylar. Monteg olaryň garry, gasyn-gasyn, ýadaw ýüzlerini saýgarmaga

çalyşýardy. Şol ýüzlerden şatlyk, aýgytlylyk, gelejege bolan ynam duýgularyny gözleýärdi. Ol, belki, özlerinde bar bolan bilimden ýaňa olaryň ýüzleri edil gijäniň tümlüginde ýakylan çyra ýaly ýagtylyp durar öýdendir. Ýöne ol ýüzlerden bu zatlaryň hijisini görmedi. O taýda, oduň başynda olara ýanýan çybyklaryň ýagtysy düşýärdi, häzir welin ýollarda sergezdançylyk edip ýören, gözleglere ömrüniň birnäçe ýylyny sarp eden, ajaýyplyklaryň heläk bolşuny gören beýleki adamlardan olaryň hiç hili tapawudy ýokdy; ine, indi bolsa, ahyrsoňy, eýýäm garransoňlar, olar perdeleriň goýberilip, çyralaryň öçüşini synlamak üçin bir ýere ýygnandylar. Olaryň öz aňlarynda bar bolan zatlaryň gelejegiň şapagyny hasam ýagtyldyp biljekdigine ynamlary ýokdy; ýeke-täk bir zatdan başga hiç zada ynamlary ýokdy, olam — tekjelerde duran, heniz gaty açylmadyk, wagty gelip, kim arassa, kimem hapa eli bilen aljak okyjylaryna garaşýan kitaplary görendiklerine ynamlary bardy. Monteg ýoldaşlarynyň ýüzüne siňe-siňe syn edýärdi.

— Sahabyna seredip, kitaplara baha berjek bolmaň! — diýip, kimdir biri gürledi.

Hemmeler ýuwaşja gülşüp, derýanyň ugry bilen ýollaryny dowam etdirdiler.

* * *

Gulagyňy deşip gelýän gyjyrdy eşidildi — asmandan reaktiw uçarlar geçip gitdi; ýolagçylar kellelerini galdyryp ýetişmänkä-de gözden ýitdiler. Uçarlar şäher tarapdan gelipdi. Monteg uzakdaky, derýanyň aňyrsyndaky şähere tarap seretdi; şu wagt o ýerde diňe öçügsije şapak görünýärdi.

— O ýerde meň aýalym galdy.

— Duýgudaşlyk edäýmesem, başga alajym ýok. Ýakyn wagtda şäherler erbet güne düşer — diýip, Grenjer jogap berdi.

— Geň galaýmaly, ýöne meň-ä azaryma-da däl. Hamala, ähli duýgularymy ýitiren ýaly — diýip, Monteg hümürdedi. — Bir pursat mundan öň, aýalym öläýende-de men muňa gynanmaryn öýtdüm. Bu gowulygyň alamaty däl. Özümde bir üýtgeşiklikler

bolup geçýäne meňzeýä.

— Maňa gulak goýuň! — diýip, Grenjer onuň goltugyndan tutdy; ol indi Montege gyrymsy agaçlaryň arasy bilen geçmäge kömek edip, ýanaşyk ýöräp barýardy. — Men heniz kiçijik oglankam, atam ýogaldy; ol heýkeltaraşdy. Örän mylakatly kişidi, adamlary gowy görerdi, şäherimizi harabalyklardan arassalamaga hut şol kömek etdi. Bize, çagalara oýnawaç ýasap bererdi; bütin ömrüne millionlarça zat ýasandyr. Mydama bir zatlara gümrady. Ine onsoň, ol ýogalansoň, men onuň ölümine däl-de, ýasaýan zatlaryna gynanyp aglaýandygyma düşündim. Bu zatlaryň indi bolmajagyny, atamyň agaçdan şekiljikler ýasap bilmejegini, ýeňseki howluda biziň bilen kepderi idetmejegini, skripka çalmajagyny ýada gülkünç hekaýatlary gürrüň bermejigini — olary hiç kim şoňky ýaly gürrüň berip bilenokdy — bilýänim üçin aglaýardym. Atam biziň özümiziň bir bölegimizdi, ol ýogalansoň bolsa, bu zatlaň bary biziň durmuşymyzdan ýitip gitdi: olary edil şonuňky ýaly edip biljek adam galmady. Ol hiç kime meňzemeýän üýtgeşik adamdy. Durmuşda gerekli adamdy. Şonuň üçinem onuň ölümine kaýyl bolup bilmedim. Men şu wagtlaram onuň ýogalmagy bilen dünýäniň sungatyň nähili ajaýyp nusgalaryndan mahrum bolandygy, näçe gyzykly hekaýatlaryň gürrüň berilmän galandygy, ketegine dolanyp gelen kepderileriň näçesiniň onuň eliniň ýylysyny duýmajakdygy barada häli-şindi pikirlenýän. Ol dünýäň keşbini özgerdýärdi. Dünýä täzelik peşgeş berýärdi. Onuň ýogalan gijesi dünýä onlarça million ajaýyp zatlardan mahrum boldy.

Monteg sesini çykarman ýöräp barýardy.

— Milli, Milli! — diýip, ol pyşyrdady. — Milli!

— Näme diýdiňiz?

— Aýalym... Milli... Görgüli Milli. Men hiç zady ýadyma salyp bilemok... Onuň elleri hakda oýlanýan, ýöne olaryň nämedir bir zatlary edýändigini göremok. Olar ýa gamçy ýaly sallanyşyp dur, ýa-da dyzlarynyň üstünde, ýa bolmasa çilim tutup dur. Elleriniň bar başaran zady şular.

Monteg gaňrylyp yzyna seretdi.

Seniň özüň şähere näme berdiň, Monteg?
Kül.
Adamlar biri-birine näme berdiler?
Hiç zat.
Grenjer Montegiň gapdalynda şäheri synlap durdy.
— Atam şeý diýerdi: «Her kim özünden soň nämedir bir zatlar galdyrmaly. Ogul ýa kitap, ýa surat, ýa gurlan öý, ýa iň bolmanda kerpiçden örülen diwar, ýa bolmasa öz eliň bilen tikilen paşmak, ýa öz ýetişdiren bagyň. Ýaşap ýörkäň eliň degen, öleňden soň ruhuň rahatlyk tapjak ýeri bolan nämedir bir zat. Adamlar seniň ösdüren bagyňa ýa gülüňe sereder, şol pursadam sen ýaşarsyň». Atam şeý diýerdi: «Seniň näme edýändigiň däl-de, eliň degen zatlaryň hemmesiniň görnüşini üýtgedeni, öňküsi ýaly bolmazlygy, onda seniň durkuň bir bölejiginiň galmagy wajyp. Hakyky bagbanyň we diňe otlary çyrpýan adamyň arasyndaky tapawut hem şundadyr — diýip, atam aýdardy. — Otlary çyrpýan dünýä inmedik ýaly geçer gider, bagban welin nijeme nesil ýaşar».
Grenjer Montegiň tirsegini gysdy.
— Bir gezek, elli ýyl töweregi mundan öň, atam maňa «Fau-2» reaktiw snarýadlar barada filmleri görkezdi — diýip, ol gürrüňini dowam etdi. — Siz haçanam bolsa birwagt iki ýüz mil daşlykdan atom bombasy ýarylanda emele gelýän kömelek şekilli bulut görüpmidiňiz? Bu ýönekeýje bir zat. Daş-töweregi gallap oturan çöl-beýewan üçin, munuň özi iňňe sünjülen ýaly ownuk bir zat. Atam bu filmi on gezek dagy görensoň, şeý diýdi: «Şäherleriň diwarlarynyň has giňeldilip, öz goýnuna tokaýlardan, meýdanlardan we bediýan çöllüklerden bölekleri aljak wagtynyň gelmegini arzuw edýän. Adamlar ýer ýüzünde özlerine örän ujypsyz ýeriň bölünip berlendigini, özleriniň tebigatyň goýnunda ýaşaýandygyny, onuň bolsa adama beren zadyny ýeňillik bilen yzyna alyp biljekdigini unutmaly däldir. Adamyň öz pikir edişi ýaly hökmürowan däldigini ýene-de bir gezek ýatlatmak üçin, öz demi bilen bizi ýer ýüzünden ýok etmek, ummanyň suwlary bilen gark etmek onuň üçin hiç zat». Atam şeý diýerdi: «Eger biz gijelerine hemişe ony öz ýanymyzda

duýmasak, onda onuň näderejede gazaply hem kuwwatly bolup biljekdigini ýatdan çykararys. Şonda, günleriň birinde, ol geler-de, bizi ýuwudar. Düşünýäňizmi?».

Grenjer Montege tarap öwrüldi.

— Atamyň ýogalanyna köp ýyl boldy, ýöne kelleçanagymy açyp, beýnimiň egrem-bugram gasynlaryna seretseňiz, o ýerden atamyň el yzlaryny taparsyňyz. Ol maňa elini degirdi. Ozal aýdyşym ýaly, ol heýkeltaraşdy. «Status Kwo atly rimlini1 ýigrenýän — diýip, ol bir gün maňa ýüzlendi. — Gözleriňi giňden aç, hamala, on sekuntdan soň öläýjek ýaly bolup, nebsewürlik bilen ýaşa. Dünýäni görmäge çalyş. Ol kärhanada öndürilip, pul töläp, arzuwlap alan zatlaryňdan ajaýypdyr. Kepilnama sorama, dynçlyk gözleme — jahanda bular ýaly haýwan ýok. Bolaýanda-da günüň-gününe agaçda başaşak sallanyp, bütin ömrüni irkilip geçirýän ýaltaja haýwana meňzeşdir. Gümüne gitsin! Agajy gatyrak silkele, goý, bu ýalta mahluk patlap ýere gaçsyn!».

Monteg birden:

— Serediň! — diýip gygyrdy.

Şu pursat uruş başlandam, tamamlandam.

Soňra Montegiň ýanynda duranlaryň hiç biri näme görendigini, aslynda, bir zatlary görüp-görmändiginem aýdyp bilmedi. Gara asmandaky sähel salymlyk ýagtylyk, çala göze ilen hereket... Şu gysgajyk pursatda o ýerde, ýokarda, on, bäş, bir mil beýiklikde, göýä, daýhanyň ägirt eli bilen oklanan bir gysym däne ýaly bolup, reaktiw uçarlar geçen bolmaly, şobada-da ýyldyrym çaltlygynda, şol bir wagtda-da haýallyk bilen, bombalar ukudan oýanyp ugran şäheriň üstüne gaçyp başlady. Umuman-a, uçarlar sagatda bäş müň mil tizlik bilen uçup, nyşana golaýlanda we enjamlar bu barada uçarmanlara habar beren badyna, bomba taşlamak tamamlandy. Orak çalnyşynyň çaltlygynda-da uruş gutardy. Ol uçarmanlar bombalaýjy düwmäni basan batlaryna tamam boldy. Soňky üç sekuntda, bombalar nyşana degýänçä geçen bary-ýogy üç sekuntda bolsa, duşmanyň uçarlary eýýäm asman giňişligini kesip geçip, ýyldyrym çaltlygyndaky göze ilmeýän ok ýaly, gözýetimden aňyrda ýitip gitdiler; onsoň ok atýan

ýaragdan habarsyz nadan oňa ynanmaýar, sebäbi ony görmeýär, emma onuň ýüreginden eýýäm ok geçýär, göwresi badak atylan ýaly agyp gaýdýar, damarlaryndan gan pürkülýär, beýnisi özüne ýakyn ýatlamalaryň iň soňkuja pursatlaryny ýatda saklajak bolýar we name bolandygyna-da düşünip ýetişmän ölýär.

Hawa, muňa ynanmak kyn. Ol ýeke-täk, göz açyp-ýumasy salymda bolup geçen hereketdi. Emma Monteg uzakdaky şäheriň üstünden inderilen demir ýumrugyň aýlawyny görüpdi; häzir, hemme zat gutaransoň, uçarlaryň güwwüldisiniň: ýumur, ýer bilen ýegsan et diýip aýtjakdygyny bilýärdi.

Monteg bombalary bir pursatlyk howada saklady, mejalsyz ellerini ýokaryk galdyryp, aňynyň garşylyk görkezmegi bilen saklady. «Gaçyň! — diýip, Fabere gygyrýardy. — Gaçyň! — diýip, Klarissa gygyrýardy. — Gaç, gaç!» diýip, Mildredden haýyş edýärdi. Şu ýerde-de ýadyna düşdi: Klarissa ölüpdi, Faber bolsa şäherden çykyp gidipdi; häzir nirededir bir ýerde, daglaryň arasyndaky jülge bilen sagat bäşdäki awtobus ýykan-ýumranlygyň birinden beýlekisine tarap barýandyr. Ýykan-ýumranlyk heniz bolanok, ol howada asyl-asyl bolup dur, ýöne boljagy ikuçsuz. Awtobus häzir ýol bilen elli ýard geçip-geçmänkä, onuň barmaly ýeri ýaşamasyny bes eder, gaýdan ýeri bolsa ägirt uly paýtagt bolanlygyndan äpet hapyr-hupur üýşmegine öwrüler.

Mildred näme?..

Gaç, gaç!

Haýsydyr bir pursatda, bombalar heniz myhmanhananyň üçeginiň birýard, bir fut, bir dýuým ýokarsynda howada asyl-asyl bolup durka, ol otaglaryň birinde Mildredi gördi. Mildrediň öňe omzap, ýylp-ýylp edýän diwarlara seredýändigini gördi, olarda bolsa yzyny üzmän «garyndaşlary» gürleşýärdi. Olar sakyrdaşýardylar, Mildrediň adyny tutýardylar, oňa ýylgyryp bakýardylar, emma üstlerinde asyl-asyl bolup duran bomba barada hiç zat aýtmaýardylar; myhmanhananyň üçeginden bolsa ölüm howply bombany bary-ýogy ýarym dýuým, çärýek dýuým aýyrýardy. Mildred, hamala, ol ýerde özüniň howsalaly geçirýän ukusyz gijeleriniň çözgüdi

bar ýaly, nazaryny diwarlara dikip otyrdy. Ol misli öwüşginleriň hem hereketleriň girdabyna özüni oklap, oňa çümüp, onuň hyýaly şüweleňinde gark bolmak isleýän ýaly, öňe-öňe omzaýardy.

Birinji bomba gaçdy.

— Mildred!

Belki — ýöne ony bilen bolarmyka? — belki, özleriniň ummasyz öwüşginleri, yşyklary hem boş samramalary bilen radio we telewizion beketler ýer ýüzünden ilki ýitirim bolandyr?

Özüni ýüzinleýin ýere oklan Monteg Mildrediň otagyndaky diwarlaryň birden öçendigini, olaryň jadyly prizmadan ýönekeýje aýna öwrülendigini gördi, duýdy — ýa-da gören, duýan ýaly boldy; Mildrediň çirkin ses bilen gygyrandygyny eşitdi, sebäbi ölmeziniň bir sekuntdanam az wagtynyň içinde ol diwarlarda, boş otagda ýeke galan, özüniň hiç zat aňlatmaýanlygy bilen eýmendirýän gözleri bilen öz-özüni iýip barýan ýüzüni görüpdi. Mildred ahyrsoňy munuň öz ýüzüdigine, hut özüdigine düşündi-de, çaltlyk bilen üçege seretdi, şol wagtam myhmanhananyň jaýy ýumrulyp, onuň üstüne gaýtdy we ýüzlerçe tonna kerpiç, demir, suwag, agaç bilen birlikde ony aşaklygyna, beýleki adamlaryň üstüne, ondanam jaýyň gatlary bilen gitdigiçe aşaklygyna, ýerzemine çenli alyp gitdi, şol ýerde-de güýçli partlama olaryň barynyň soňuna çykdy.

— Ýadyma düşdi! — diýip, Monteg ýüzüni ýere berdi. — Ýadyma düşdi! Çikago! Bu Çikagoda bolupdy, ençeme ýyl mundan öň bolupdy. Milli bilen men. Biz şo ýerde duşuşypdyk! Indi ýadyma düşýä. Çikagoda. Köp ýyl mundan öň.

Güýçli partlama howany sarsdyryp gitdi. Deryanyň üstünde howa tolkuny peýda bolup, adamlary edil dominonyň çöpleri ýaly edip ýere ýazdy, derýanyň üsti bilen suw tüweleýi bolup geçdi, uly goýy tozany ýokary göterip, agaçlaryň arasy bilen şuwlap, aňyrlygyna, Günorta tarap geçip gitdi. Monteg, hamala, ýeriň teýine giräýjek bolýan ýaly, oňa hasam berk gysmyljyrady, gözlerini mäkäm ýumdy. Olary ýeke gezek açdy, şol pursadam tutuş şäheriň asmana göterilenini gördi. Göräýmäge, bombalar bilen şäher ornuny çalşan ýalydy. Ýene-de bir adatdan daşary pursat — täze

we tanap bolmaýan, hiç bir binagäriň arzuwam edip bilmedik örän beýik jaýlary, owradylan sement, demir bölejikleri bilen bezelen, penjiredir gapylary, binýatlarydyr üçekleri ornundan üýtgän binalary bolan şäher, ýokarlygyna, tersleýin akýan şarlawuk ýaly, dürli reňklerde öwşün atyp, hyýaly nagyş ýaly aşak gaýtmanyň ýerine, howanyň ýüzünde asyl-asyl bolup durdy, soňam dyr-pytrak bolup ýitip gitdi.

Birnäçe sekuntdan soň uzakdaky partlamanyň gümmürdisi Montege şäheriň ýok bolandygy baradaky habary ýetirdi.

* * *

Monteg ýere bagryny berip ýatyrdy. Semendiň owunjak tozany gözlerine, berk gysylan dodaklaryndan geçip, agzyna dolupdy. Ol demigýärdi, aglaýardy. Birdenkä-de ýadyna düşdi... Hawa, hawa, birzad-a ýadyna düşdi! Ýöne bu näme? Ekkleziast! Hawa, bu Ekkleziastdan hem Açyşlardan baplar. Ýene ýadymdan çykmanka, heniz sarsgyn sowulmanka, ýel ýatyşmanka, çaltrak, çaltrak. Ekkleziast, ine, ol! Ýer bagyrtlap ýatyşyna, ol aňynda sözleri gaýtalaýardy, yzly-yzyna gaýtalaýardy, olar ajaýyp hem kämildi, indi Dengem diş pastasynyň mahabaty oňa päsgel bermeýärdi. Öwüt-nesihatçynyň özi onuň öňünde durdy, oňa seredýärdi...

— Ine,bolany — diýip,kimdir biri gürledi.

Adamlar, göýä, kenara oklanan balyk ýaly, nebsewürlik bilen howadan dem alyp ýatyrdylar. Olar edil çagajygyň jansyz hem sowuk bolsa-da, tanyş zatlara ýapyşyşy ýaly, ýerden ýapyşýardylar. Barmaklaryny topraga çümdürip, agyzlaryny giňden açyp, gulak perdelerini partlamalaryň gümmürdisinden gorajak bolup, akylyndan azaşmajak bolup gygyryşýardylar. Montegem bar güýji bilen ýüzüni kesip gelýän, dodaklaryny ýaryp, ganyny burnundan akmaga mejbur edýän ýele garşylyk görkezip gygyrýardy.

Monteg ýatan ýerinden tozanyň goýy buludynyň ýuwaşlyk bilen ýere siňşini görýärdi; şonuň bilen birlikde-de, ýere aýdyp-diýip bolmajak ümsümlik aralaşýardy. Montegiň göwnüne, ol tozanyň her bir zerrejigini, otuň her bir baldajygyny görýän,täze dünýäde

emele gelýän her bir şygyrdyny, gykylygy hem pyşyrdyny eşidýän ýaly boldy. Tozan bilen birlikde ýere ümsümlük, onuň bilen bolsa daş-töweregiňe göz aýlamak, diň salmak hem pikirlenmek, aňyň we duýgularyň bilen täze günüň hakykatyna göz ýetirmek üçin gerekli bolan asudalyk siňýär.

Monteg derýa seretdi. Belki, biz derýanyň ugry bilen gideris? Ol köne demir ýol seplemine seretdi. Belki, şu ýol bilen gideris? Belki, uly ýollar bilen gitmelidir? Indi biziň hemme zady syn etmäge, ýat tutmaga wagtymyz bolar. Gören zatlarymyzyň bary süňňümiziň bir ýerlerinde ornaşansoň, olar biziň sözlerimizde hem işlerimizde ýene-de daşyna çykar. Köp zat nädogry bolar, ýöne edil bolaýmalysy ýaly bolan zatlaram az bolmaz. Indi biz öz ýolumyza başlarys; gidip barşymyza dünýä syn ederis, onuň ýaşaýşyny, gürleýşini, hereket edişini, hakyky durkuny göreris. Indi hemme zady göresim gelýä! Görýän zatlarym heniz meniň özümiňki bolmasa-da, wagty gelende, ol meniň bilen bir bütewülige öwrülip, özümiň «menim» bolar. Daş-töweregiňe seret, öňüňde ýatan dünýä syn et! Ol saňa, seniň ganyňa siňňin aralaşyp, onuň bilen birlikde damarlaryňda millionlarça gezek aýlanansoň, diňe şondan soň sen oňa, hakykatdanam, galtaşyp bilersiň. Men oňa şeýle bir berk ýapyşaryn welin,ol soňra hiç haçan menden sypyp bilmez. Günleriň birinde ol tutuşlygyna elimde bolar; eýýäm şuwagtam men oňa elimi çala degirdim. Bulam heniz diňe başlangyjy.

Ýel ýatyşdy.

Monteg we beýlekiler esli wagt ýerinden galmaga we täze güni ot ýakmak, tamşanara bir zat gözlemek, hereket etmek, gitmek, ýaşamak ýaly müňlerçe aladalar hem borçlar bilen garşylamaga güýç tapman, uky bilen oýalygyň aralygynda, alasarmyk ýagdaýda ýatdylar. Kirpiklerindäki tozany aýyrjak bolup, gözlerini aldygyna gyrpyldadýardylar. Olaryň ilki üzlem-saplam hem çalt-çaltdan, soňra has rahat we asuda dem alşy eşidilýärdi.

Monteg dik oturdy. Emma aýak üstüne galaýyn diýmedi. Ýoldaşlary hem gymyldaşyp ugradylar. Garaňky gözýetimde şapagyň insizje zolagy gyzaryp görünýärdi. Howada ýagşyň ysy bardy.

Grenjer sesini-üýnüni çykarman, ýerinden turdy. Gargynjyrap, ellerini, aýaklaryny çümmükläp gördi. Duluklaryndan ýaş syrygýardy. Patdyk-putduk edip derýa indi-de, akymyň garşysyna, ýokarlygyna seretdi.

— Şäher ýok — diýip, esli wagt dymyp durandan soň gürledi. — Hiç zat görnenok. Diňe kül üýşmegi. Şäher ýitirim boldy. — Ol dymdy-da, ýene sözüniň üstüni ýetirdi. — Munuň şeýle boljagyna köp adam düşünýädimikä? Gapyl galan köpmükä?

Monteg pikir öwürýärdi: dünýäniň beýleki böleklerinde näçe şäher weýran bolduka? Biziň ýurdumyzda näçekä? Ýüzmi, müňmi?

Kimdir biri jübüsinden bir bölek kagyz çykaryp, otluçöp çakdy, otjagazyň üstüne bir desse ot bilen bir gysym gury ýaprak atdylar. Soňra agaç şahalaryny oklap başladylar. Çyg şahalar şatyrdaşyp ugrady, ahyrsoňam ot tutaşyp, barha güýçli ýanyp ugrady. Gün dogdy. Adamlarýuwaş-ýuwaşdan ýüzüni derýadan sowup, sessiz-üýnsüz oda ýakyn süýşdüler we oňa tarap eglişdiler. Günüň şöhlesi olaryň ýeňsesine düşdi.

Grenjer ýagjaryp giden kagyzy açyp, bir bölek duzlanan doňuz etini çykardy.

— Häzir ertirlik edineris, soňam yzymyza öwrülip, derýanyň boýy bilen ýokarlygyna gideris. Biz şo ýerde gerekleneris.

Kimdir biri kiçijik taba uzatdy, ony oduň üstünde goýdular. Bir minutdan soň onuň içinde, säher howasyny işdä açyjy ysdan dolduryp, dogramçalar jyzyrdaşyp ugrady.

Adamlarsesini-üýnüni çykarman, taba seredişip otyrdy.

Grenjer oda seredýärdi. Birdenem:

— Kaknus! — diýdi.

— Näme?

— Gadym döwürlerde Kaknus atly bir samsyk guş bar eken. Her birnäçe ýüz ýyldan ol özüni oda ýakypdyr. Onuň adamyň ýakyn garyndaşy bolan bolmagy ahmal. Ýöne ýanandan soň, ol her gezek gaýtadan janlanypdyr. Biz, adamlar, şol guşa meňzeýäs. Emma biziň ondan bir artykmaç tarapymyz bar. Olam nähili akmaklyk edendigimizi bilýäris. Biz müň, ondanam köp ýyllaryň dowamynda

eden akmaklygymyzyň baryndan habarly. Şonuň üçinem günleriň birinde ölüm getirýän otlary ýakyp, özümizi oňa oklamagymyzy bes ederis diýen tama bar. Her bir täze nesil bize adamzadyň ýalňyşlyklaryny bilýän adamlary goýup gidýär.

Ol tabany otdan düşürip, ony az-owlak sowatmak üçin goýdy. Soňra hemmeler dymşyp, her kim öz aladalaryna berlip, naharyň başyna geçdi.

— Indi biz derýanyň ugry bilen ýokarlygyna gideris — diýip, Grenjer gürrüňe başlady. — Bir zady ýatda saklaň: biziň özümiz hiç zat. Özümiz däl-de, ýadymyzda saklaýan zatlarymyz wajyp. Wagt geler, bir gün olaryň adamlara nepi deger. Ýöne bilip goýuň — hatda gadym döwürlerde, erkinlik bilen ellerimizde kitap saklap bilen döwürlerimizde-de, biz olaryň berýän zatlarynyň hemmesini ulanyp bilmedik. Biz merhumlaryň hatyrasyny depelemegimizi dowam edýärdik, özümizden öň ýaşap geçenleriň mazaryna tüýkürýärdik. Ýakyn hepdede, aýda, ýylda biz bar ýerde ýalňyz gezip ýören adamlara duş geleris. Birtopar ýalňyz adam. Olar bizden näme işleýändigimizi soranlarynda: «Ýatlaýarys» diýip jogap bereris. Hawa, biz adamzadyň huşy, şonuň üçinem öňde-soňda hökman ýeňiş gazanarys. Gelejekde biz şeýlebir köp zatlary ýadymyza salarys weli, şonda taryhda iň uly ekskawatory ýasarys, öňde-soňda bolmadyk iň çuň gubur gazarys-da, uruş-dawany şoň içinde ömürlik jaýlarys. Indi bolsa ýola düşeliň. Biz, ilkinji nobatda, aýna kärhanasyny gurmaly. Adamzat özüne gowuja syn eder ýaly, bütin bir ýyllap biz başga hiç zady däl-de, diňe aýna öndürmeli.

Olar ertirlik edinip, ody söndürdiler. Kimdir biri ägirt uly çyrany ýakan ýaly, töwerek barha ýagtylýardy. Uçup giden guşlar dolanyp gelip, baglaryň şahalarynda jürküldeşýärdi.

Monteg ýola düşdi. Ol demirgazyga barýardy. Ýeňsesine garap, hemmeleriň yzyna düşüp gelýändigini gördi. Geň galyp, Grenjeri öňe geçirmek üçin bir gyra sowuldy, emma Grenjer diňe oňa seretdide, dymyp, yşarat etdi. Monteg öňden ýöredi. Ol derýa, asmana we gijelerine şäherleri taşlap gidýän adamlaryň barýan ýerleri — maldarçylyk hojalyklarynyň hem samandan doly

samankümeleriň bolan ýerlerine tarap uzap gidýän posly seplemlere seretdi. Soň birwagtlar, bir aýdan ýa ýarym ýyldan soň, ýöne bir ýyldan giç däl, onuň ýeke özi bu ýerlerden ýene geçer, tä özünden öň geçip gidenleriň yzyndan ýetýänçä, gider barar.

Häzir bolsa uzak ýol garaşýar: olar günortana çenli ýörärler. Şu wagt dymyp barýanam bolsalar, bu diňe olaryň her birinde oýlanara hem ýatlara zadyň barlygy üçindi. Biraz gijräk, Gün süýr depä galyp, ýylysy bilen olary çoýanda, gürrüňdeşlige başlarlar ýa-da ýatlarynda galandygyna berk göz ýetirmek üçin, hersi öz ýat tutan zadyny gürrüň berer. Monteg özünde-de sözleriň oýanyp, olara ýuwaşlyk bilen jan girýändigini duýdy. Özüne gezek gelende, ol näme diýerkä? Ol bular ýaly günde ýollaryny ýeňilleşdirer ýaly näme aýdyp biler? Hemme zadyň öz wagty bar — ýumurmagyňam, gurmagyňam. Dymmagyň hem geplemegiň wagty. Hawa, bu şeýle. Emma ýene näme? Ýene bir zad-a bar, ýene bir zat, aýtmaly ýene bir zat...

«...Derýanyň iki kenarynda-da on iki gezek miweleýän, her aý miwe berýän ömür daragty bar; daragtyň ýapraklary bolsa — halklara melhem».

«Hawa» diýip, Monteg pikir edýärdi, ine, meniň günortan olara aýtjak zadym. Günortan... Şähere ýakynlanymyzda...

# Mazmuny

I bap. Ojak hem semender.............................................4
II bap. Elek hem çäge.................................................71
III bap. Ot alawlap ýanýar.........................................113